Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANYŇ TARYHY

**(XIX asyryň ikinji ýarymyndan – XX asyryň ahyryna çenli)**

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
10-njy synp okuwçylary üçin derslik

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi
tarapyndan neşire hödürlenildi

DAŞKENT
2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**UOʻK: 502.1(075.2)**
**KBK: 20.18ya71**
**S 96**

Tilabaýew, S., D. Kenjaýew
**Özbegistanyň taryhy :** umumy orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik / S. Tilabaýew we başgalar. — Täze neşir. — Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2022. — 192 s.

UOʻK: 502.1(075.2)
KBK 20.18ya72

ISBN 978-9943-5950-7-1

**AWTORLAR:**

**S. Tilabaýew, D. Kenjaýew, N. Mustafoýewa, A. Zamonow, D. Rahimjanow, N. Ismatowa, S. Pulatowa, J. Abdullaýew, B. Irzaýew, K. Sagdullaýew, N. Kudratowa**

***Jogapkär redaktor***
**Dilşod Mutalibowiç Kenjaýew**

**SYN ÝAZANLAR:**

**A.A. Ýermetow** – taryh ylymlarynyň doktory, professor
**N.A. Muhamedow** – taryh ylymlarynyň doktory, dosent
**I.M. Şamsiýewa** – taryh ylymlarynyň doktory, dosent
**N. Z. Hakimow** – Respublikan tälim merkeziniň metodisti
**S. N. Kuşbekow** – Nyzamy adyndaky DDPU-niň akademik liseýiniň mugallymy

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-5950-7-1

© S. Tilabaýew, D. Kenjaýew we başg, 2022.
© Respublikan tälim merkezi, 2022.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

## PIKIR EDIŇ

1. Aşaky synplarda taryhdan alan bilimleriňizi sistema salmaga hereket ediň.
2. Haýsy taryhy wakalar, hadysalar, şahslar nämesi ýa-da haýsy taraplary bilen ýadyňyzda galdy? Pikiriňizi mysallar bilen esaslandyryň.
3. Haýsy wakalary buýsanç bilen, haýsylaryny bolsa tersine ýatlaýarsyňyz?

## BU GÜN DERSDE

Kolonial we sowet döwrüniň taryhynyň çylşyrymlylygy we ony öwrenmegiň özboluşly aýratynlyklary. Watan – janajan ýurt we gadyrdan toprak – iň mukaddes bahasyna ýetip bolmaýan baýlykdyr.

Eliňizdäki Özbegistanyň taryhy dersligi XIX asyryň ikinji ýarymy we XX asyryň 90-njy ýyllarynda bolup geçen wakalary öz içine alýar. Bu döwür Watanymyzyň taryhynyň iň çylşyrymly we garşylykly ýyllarydyr.

Bu derslik Watanymyzyň taryhynda ýitgilere we gurbanlara doly bolan, şeýle hem, ata-babalarymyzyň ýurduň azatlygy we özbaşdaklygy üçin alyp baran gahrymançylykly göreşlerini hem-de özbek halkynyň döredijilik işini we janypkeş zähmetlerini öz içine alan taryhyndan gürrüň berýär.

Taryh sapaklary bu günki günde hem bizi hüşgärlige çagyrýar. Bilimsizlik, täzelige ymtylmazlyk, dünýä bileleşiginden üzülip galmagyň netijeleri taryhy mysallar arkaly açyp görkezilen. Şu manyda bu günki günde ýurdumyzda döwletiň ileri tutulýan ugurlaryndan biri bilim ulgamyny ösdürmekdir.

Dersligi okanyňyzda hökman depder tutuň. Täze adalgalary we taryhy seneleri bellik ediň.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Abdurauf Fitratyň taryh ylmy hakynda bildiren «Ösüş we pese gaçma» diýen düşünjelerine mysal getiriň.
2. Taryh ylmynyň terbiýeçilik ähmiýeti diýende nämäni düşünýärsiňiz?

«Taryh milletleriň geçmişini, ösüşini hem-de pese gaçmagynyň sebäplerini öwrenýän ylymdyr».

Abdurauf Fitrat



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ



1712-nji ýylda Tomas Nýukomen Bug maşynyny oýlap tapypdyr.



1860-njy ýyllarda fransuz alymy Lui Paster tarapyndan pasterizleşdirme usuly açyş edildi.

1869-njy ýylda rus himigi Dmitriý Mendeleýew himiki elementleriň periodik jedwelini düzdi.





1879-njy ýylda Tomas Edison (1847–1931) häzirki günde biziň ulanýan, hojalyk enjamyna ýakynrak bolan lampoçkany açyş etdi. Onuň açyşyna Swanyň tejribeleri esas bolup, Tomas ony has-da kämilleşdirdi.



Karl fon Lindeniň 1900-nji ýylda oýlap tapan Linde sowadyjysy

1. XVIII-XIX asyrda Ýewropada beýik açyşlar amala aşyryldy. Bu açyşlaryň ýüze çykmagy üçin Ýewropa näçe wagt garaşdy? Ylmyň haýsy pudaklary ösdi?
2. Dünýä ylmynyň ösmegine täsir eden açyşlaryň awtorlary kim? Olar haýsy döwletlere degişli? Bu döwletleriň şol döwürdäki ösüşleri nähili derejededi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Suratlary deňeşdiriň.

   1-nji suratda XIX asyrdaky Pariž suratlandyrylan. Ol X asyrda döredilen.

   2-nji suratda XIX asyrdaky Daşkent şäherIniň Şaýhantahur kwartaly suratlandyrylan. Daşkendiň döränine 2000 ýyldan geçdi.

   Suratlar esasynda her ili şäheriň ösüşine degişli pikir bildiriň.

   Munda haýsy bilimleriň esas bolandygyny belläň.

2. Aşakda berlen çeşmäni üns bilen okaň we ýokardaky soraglara beren jogaplaryňyz bilen baglanyşdyryň.

«...Ýaşlykdan ylmy yhlas bilen öwrenmek gerekligini aýdyp, «Ýaşlykda alnan bilim daşa oýulan nagyşdyr», «Aň ýok ýerde mertlik bolmaýar», «Bu dünýäde hiç zat jan-saglyga deň gelmez» ýaly şygarlary köp eşiderdik. Milli taryh derslerinden birinde şeýle diýilýär: «Ynsanlar öz durmuşlaryna dogry düşünmekleri üçin dünýä ylymlarynyň içinde beýlekilerinden görä taryh ylmyna hajatlygy has hem köpdür. Şonuň üçin her döwrüň dana alymlary tarapyndan bu barada bek (köp) kitaplar ýazylandyr. Taryh diýmek, okuwçylaryň göz öňlerinde goýlan bir aýna ýaly bolup, oňa garan adamlar bolsa ýüz-gözlerine degen ýaman zatlary görýärler, elbetde ondan özlerini arassalaýarlar.

Şoňa meňzeş, geçmişdäki ata-babalarynyň eden işlerini çagalary eline alyp seretseler, özleriniň kim ekenliklerini, indi kim bolanlygyny şu aýnada açyk görýärler. Mähriban ene Watanlarynyň basybalyjylaryň aýaklary astynda depgilenip, yňrap ýatanlygyny görenden soň, onuň sebäplerini gözlemäge başlaýarlar. Aňsyzlyk ölüm ukusynda ýatan bir milleti oýarmak üçin geçmişdäki ata-babalaryň şanly taryhyny bilmekden artyk zat ýokdur. Bu ylymdan garaşylan esasy maksatlar bir döwlet gurlandan soňra, onuň haýsy işler bilen berkäp ösmegidir ýa-da krizise duş gelmeginiň näme sebäpden bolmagydyr. Çünki, dünýäde bolan ýa-da boljak bolýan ýagşy-ýaman işleriň peýda bolmagynyň, elbetde, sebäpleri bardyr. Bu ýaşaýyşda hiç bir zadyň sebäpsiz emele gelmegi mümkin däldir...»

Alihantöre Saguniý «Türküstan gaýgysy».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# RUS IMPERIÝASYNYŇ BASYBALYŞYNYŇ ÖŇÜSYRASYNDA BUHARA EMIRLIGINDÄKI, KOKANT WE HYWA HANLYKLARYNDAKY SOSIAL-SYÝASY WE YKDYSADY ÝAGDAÝ

## BU GÜN DERSDE

- XIX asyryň ortalarynda Orta Aziýa halklarynyň syýasy, ykdysady ýagdaýy.
- Hanlyklarda döwlet dolandyryşy.
- Orta Aziýada Rus-iňlis bäsdeşligi

## PIKIR EDIŇ

1. XIX asyra gelip Orta Aziýanyň çäkleri Rus imperiýasy üçin nähili ähmiýete eýe bplupdyr?
2. XIX asyryň ortalarynda dünýädäki öňdebaryjy döwletleriň ykdysady-syýasy, harby-syýasy ýagdaýy nähili derejede bolupdyr?
3. Orta Aziýada Rus-iňlis bäşdeşliginde Rus imperiýasynyň mümkinçilikleriniň ýokary bolmagy nämelerde ýüze çykdy?
4. XIX asyrda Orta Aziýadaky medreselerde nähili ylymlar okadylypdyr?
5. Döwletiň ösüşinde ylmyň orny nähili ähmiýete eýe? Pikiriňizi esaslandyryň.

## MAGLUMAT ÜÇIN

**Buhara emirliginiň** serhetleri günortada Amyderýanyň çep kenaryndan başlanyp demirgazykda Syrderýa çenli, gündogarda Pamir daglaryndan günbatarda Hywa hanlygynyň ýerlerine çenli uzap gidipdir. Döwletiň çäkleri XIX asyryň ortalarynda Eýran, Owganystan, Kokant we Hywa hanlyklary, gazak juzlarynyň ýerleri bilen serhetdeş bolupdyr.

Emirligiň merkezi bölegi Buhara we Samarkant şäherleri ýerleşen Zerewşan jülgesi hasaplanypdyr. Şonuň bilen birlikde çäk taýdan welaýatlara we etraplara bölünip, olary emir tarapyndan bellenen bekler dolandyrypdyr. Emirligiň düzüminde 40 sany welaýat bolupdyr.

Buhara emirliginiň ilat sany 2 million töwereginde bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Buhara emirliginiň çäklerini häzirki kartadan anyklaň.
2. Buharanyň ady bilen bagly 5 sany taryhy delil tapyň.

## MAGLUMAT ÜÇIN

**Hywa hanlygy** XIX asyryň ikinji ýarymynda günortada Eýran, gündogarda Buhara emirligi, günbatarda Kaspi deňzi, demirgazykda gazak juzlarynyň ýerleri bilen serhetdeş bolupdyr.

Hanlygyň dolandyryş merkezi Hywa şäheri hasaplanypdyr. Hywa hanlygynda Hywa, Kat, Täze Ürgenç, Hazarasp, Goňrat, Hojeýli ýaly beklikleriň merkezleri bardy. Hywa hanlygy 18 sany beklige we 2 sany naýyplyga bölünipdir we olary han tarapyndan bellenen bekler we töreler dolandyrypdyr.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Berlen maglumatdan peýdalanyp Hywa we Kokant hanlyklarynyň takmyny kartasyny çyzyň.
2. Hywa we Kokant hanlyklarynyň çäklerini häzirki kartadan anyklaň.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Hywa hanlygynda ilat sany 800 müň adamdan artyk bolup, esasan özbeklerden ybaratdy.

## MAGLUMAT ÜÇIN

**Kokant hanlygy.** XVIII asyryň başlarynda, esasan, Fergana jülgesi we Syrderýanyň aşaky bölegine çenli bolan çäkler Buhara emirliginden bölünip, özbaşdak döwlet – Kokant hanlygy düzülýär. Hanlyk gündogarda Gündogar Türküstan, günbatarda Buhara emirligi we Hywa hanlygy, demirgazykda Gazak juzlarynyň ýerleri bilen serhetleşipdir. Hanlygyň günorta serhetleri Garategin, Kölab, Darwoz, Şognan ýaly dagly ülkeleri öz içine alyp, bu çäkler üçin Buhara emirligi bilen tiz-tiz çaknyşyklar bolup durupdyr. Hanlygyň çäkleri Buhara emirliginiň we Hywa hanlyklaryndan tapawutlylykda, suwly derýalara, ajaýyp jülgelere, hasyldar ýerlere baý bolupdyr.

Kokant hanlygynyň ilatynyň sany 3 milliona golaý bolupdyr.

Kokant hanlygy 15 beglige bölünip, olary, esasan, hanyň garyndaşlaryndan we ýakynlaryndan bellenen adamlar dolandyrypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

XIX asyryň ortalaryna gelip Buhara emirliginiň, Hywa we Kokant hanlyklarynyň ilatynyň etnik düzümi biri-birine ýakyn bolup, olarda, esasan, özbekler ýaşapdyr. Şonuň bilen birlikde üç hanlygyň çäklerinde hem täjikler, gazaklar, garagalpaklar, türkmenler, gyrgyzlar hem ýaşapdyrlar. Şeýle hem uýgurlar, musaýylar, hindiler we başga halkyýet wekilleri hem ýaşapdyr.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Nokatlaryň ýerini dolduryň.

1. Üç hanlygyň çäkleri bu günki gündäki Özbegistandan daşary, ..., ..., ... we .... ýerleriniň bir bölegini hem öz içine alypdyr.

*Buhara emirligi:* ... sany beklik – ... mln. ilat.

*Hywa hanlygy:* ... sany beklik, ... sany naýyplyk – ... müň ilat.

*Kokant hanlygy:* ... sany beklik – ... mln. ilat

Kartadan XIX asyryň ortalaryndaky Buhara emirliginiň, Hywa we Kokant hanlyklarynyň çäklerini serhetläp beriň.

2. Dogry jogaby tapyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 | Buhara emirligi | a | Gündogarda gündogar Türküstan, günbatarda Buhara emirligi we Hywa hanlygy, demirgazykda Gazak hanlyklarynyň ýerleri bilen, günorta serhetleri Karategin, Kolob, Darwoz, Şognan ýaly dagly ülkeleri öz içine alypdyr. |
| 2 | Hywa hanlygy | b | Serhetleri günortada Amyderýanyň çep kenaryndan başlanyp demirgazykda Syrderýa çenli, gündogarda Pamir daglaryndan günbatarda Hywa hanlygynyň ýerlerine çenli uzalypdyr. |
| 3 | Kokant hanlygy | ç | Eýran, gündogarda Buhara emirligi, günbatarda Kaspi deňzi, demirgazykda gazak juzlarynyň ýerleri Orta Aziýa döwletleriniň ýerleri bilen serhetdeş bolupdyr. |





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Buhara emiriniň tagty

## MAGLUMAT ÜÇIN

*Buhara emirliginde* ýokary hökümdar ***emir*** hasaplanyp, onuň häkimiýeti nesilden-nesle miras bolup geçipdir. Emirligi maňňytlar dinastiýasyna degişli çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolan hökümdarlar dolandyrypdyr.

Buhara şäheri emirligiň administratiw merkezidi. Emirlikde ýerine ýetiriji häkimiýet baş wezir–***guşbegi***niň elinde bolupdyr. Welaýat we etrap ***häkimleri*** guşbeginiň maslahaty bilen bellenilipdir. Maliýe we hazyna işleri, salgytlar ýygnamak ýaly işleri ***diwanbegi*** dolandyrypdyr.

Diwanbegä daşky gatnaşyklary alyp barmak hem ýüklenipdir. Oňa emirligiň resminamalaryny ýöretmäge jogapkär ***mürzebaşy*** boýun egipdir. Emirlikde salgytlary öz wagtynda ýygnamaga jogapkär adam ***müşrif*** hasaplanypdyr.

***Dodhoh*** wezipesini eýeläp duran şahs halkyň arzyny diňläpdir. Ýokary hökümdaryň permanlaryny ***perwanaçy*** yglan edipdir. Şerigat düzgünleri we kanunlaryň ýerine ýetirilmegi, sud işlerine gözegçilik etmegi ***şeýhulyslam*** ýerine ýetiripdir. Emiriň ýaşaýan ýeri bolan arkda tagt mirashory – şazadanyň terbiýesi bilen ***atalyk*** meşgullanypdyr. ***Topçybaşy*** emir goşunlarynyň ýolbaşçysy bolupdyr. Emirligiň şäherlerinde parahatçylygy saklamaga emir sakçylarynyň başlygy – ***mirşapbaşy*** jogapkär bolupdyr. ***Gögeldaş*** ýurduň howpsuzlygy, emiriň ýakynlary, dostlary we duşmanlary barada maglumatlar toplamak bilen meşgullanypdyr.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Buhara emirliginde ýerine ýetiriji häkimiýet nähili iş bilen meşgullanypdyr? Emirlikde ýerine ýetiriji häkimiýet kimiň elinde bolupdyr?
2. Dodhoh wezipesini eýeläp duran şahs nähili işler bilen meşgullanypdyr?
3. Dini-hukuk meseleleri bilen meşgullanýan şahsyň wezipesi nähili atlandyrylypdyr?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Hywa hanlygy goňratlar dinastiýasy tarapyndan dolandyrylyp, onuň ýokary hökümdary han hasaplanypdyr. Hanyň ýaşaýan ýeri Hywa şäherinde ýerleşipdir. Bu şäherde içki – Içan gala we goranyş diwary bilen gurşalan daşky – Dişan gala bolupdyr.

Hanlykda ýokary emeldar ***diwanbegi*** hasaplanyp, onuň ygtyýarynda ***guşbegi***den, ***mehtar***dan, ***atalyk***dan ybarat bolan maslahat iş alyp barypdyr.

Ilatyň parahatçylygy we asudalygy bilen ***mirşapbaşy***, hanlykdaky tertip-düzgün işlerine han goşunlarynyň serkerdebaşy – ***ýasawulbaşy***, dini işler we şerigat düzgünlerini ýerine ýetirmek we berjaý etmek meselelerine ***şeýhulyslam***, suwaryş desgalary we suw üpjünçiligi hem-de paýlanyşyna ***mirapbaşy*** jogapkär hasaplanypdyr. Harby bölümlere ***leşgerbaşylar*** ýolbaşçylyk edipdir. Esgerlik gullugynda bolanlar salgytlardan azat edilipdir.



Hywa hanynyň tagty

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Hywa hanlygy haýsy dinastiýa tarapyndan dolandyrylypdyr?
2. Hanlykda döwlet dolandyryşynda nähili wezipeler bolupdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kokant hanynyň tagty

## MAGLUMAT ÜÇIN

Kokant hanlygy müňler dinastiýasy tarapyndan dolandyrylypdyr we onuň administratiw merkezi Kokant şäheri bolupdyr.

Iň ýokary harby wezipe ***emirleşger*** bolup, ol harby ***wezir*** hasaplanypdyr. Hanlykdaky aýratyn harby bölümlere ***müňbaşylar*** ýolbaşçylyk edipdir. Olar baş wezir wezipesini hem ýerine ýetiripdir.

Hazyna işlerini we harajatlaryny ***mehtar*** gözegçilik edipdir. ***Kazykelan***, kazylar yslam dininiň düzgünleri esasynda sud işlerini alyp barypdyrlar. ***Muhtasib*** başlyklar dini işler, şerigat düzgünleriniň berjaý edilişine, söwda-satygyň dogry ýöredilişine gözegçilik edipdirler. Hanlykdaky içki tertip-düzgün işleri bilen ***mirşaplar*** meşgullanypdyr.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Buhara emirliginde suduň başlygy kazykelan, başlyk hasaplanypdyr, bu wezipe Kokant we Hywa hanlygynda nähili atlandyrylypdyr?
2. Buhara emirligi, Hywa we Kokant hanlygyndaky döwlet wezipelerini aýdyp beriň.
3. Hanlyklarda sud işleri kimleriň elinde bolupdyr?
4. Aşakdaky jedweli dolduryň:

| № | Döwletiň ady | Çäkleri | Ilaty | Dolandyryşy | Wezipeler |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Buhara emirligi Hywa we Kokant hanlyklarynda ýere eýelik etmek görnüşi birmeňzeş diýen ýaly. XIX asyrda ilatyň köp bölegi uly ýer eýelerine degişli ekin meýdanlarynda zähmet çekipdirler. Olar kärendesine alan ýerleri üçin hasylyň bir bölegini hiraj görnüşinde töläpdirler.

Salgytlar we tölegler önüm ýa-da pul görnüşinde tölenipdir. Mundan daşary suwaryş desgalaryny, ýollary, köprüleri gurmak we olary abatlamak ýaly işler hem bolupdyr.

Bu döwürde ilatdan hiraj, zekat, suw, degirmen, duz, mülk, mellek, bag salgydy we başga salgytlar ýygnapdyrlar. Hywa hanlygynda esasy salgyda ***solgut*** diýip aýdypdyrlar. Harby gullukda her bir erkek adam azygy, gural-ýaragy bilen bile gatnaşmaly bolupdyr. Her bir çäkde ilat we administrasiýa wekilleri suwaryş pudagyna jogapkär bolupdyr. Suwaryş işleri bilen ***miraplar*** meşgullanypdyr.

Kokant hanlygynda ilat esasan, suwarymly daýhançylyk bilen meşgullanypdyr. Jülgelerde uly suwaryş desgalary – Şahrihansaý, Andijansaý, Marg‘ilansaý, Ýangiaryk, Ulugnar, Garaderýa ýalylar bolupdyr. Suwuň çykmasy kyn bolan ýerlere ýörite gurluşlar – jykyrlaryň kömeginde suw çykarylypdyr.

Amyderýanyň, Syrderýanyň suwlary dürli emeli suwaryş ulgamlary – kanallar hem-de onuň ýakalarynda gurlan bentler arkaly ekin meýdanlaryna ýetirilipdir.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Ilatyň nähili zähmet borçnamalary bolupdyr?
2. Salgytlar we tölegler nähili görnüşde bolupdyr?
3. Teksti okaň. Orta Aziýa hanlyklaryny agrar döwlet diýmek mümkinmi? Näme üçin?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Agrar** *(latynça – agrarius)* – ýere, ekin meýdanyna degişli – oba hojalygy bilen meşgullanýan ýere, ilatyň oba hojalyk önümleri ýetişdirmek göwrümi üstün bolan ýere görä ulanylýar.





## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Näme üçin her bir çäkde suwaryş pudagyna administrasiýa wekilleri jogapkär edip bellenipdirler?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Orta Aziýa döwletlerinde ençeme hünärmentçilik merkezleri bolup, olar ýerli aýratynlyklaryna görä dürli ugurlara ýöriteleşipdir. Meselem, Margilanda atlas dokamak, börükçilik, Riştanda küýzegärçilik, Şahrihanda pyçakçylyk, börükçilik, ussaçylyk, Çustda hem börükçilik, pyçakçylyk, Kokantda demirçilik, ussaçyyk, zergärlik, Buharada we Samarkantda zergärlik, Hywada binagärçilik, gençkärlik ösüpdir.

Buhara emirliginde bu döwürde küýzegärçilik, demirçilik, misgärlik, zerdozluk, çüýşeçilik, nagyş basyjylyk, çeper keşdeçilik pudaklary hem giň ýaýrapdyr.

Hanlyklarda demir önümlerine zerurlyk köp bolanlygy sebäpli metal işläp bejerýän ýerli demirçilik pudagy ösüpdir. Orta Aziýanyň söwdagärleri Eýran, Hytaý, Hindistan, Owganystan, Russiýa döwletleri we gazak juzlary bilen söwda-satyk edipdirler. Daşary ýurtlarda hünärmentleriň zergärlik önümleri, ýüpek we atlas matalary, küýzegärçilik enjamlary ýokary bahalanypdyr.







Bu döwürde ABŞ-da Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda başlanan raýatlyk urşy (1861–1865) sebäpli Russiýanyň dokma senagaty üçin pagta çig malynyň gytçylygy emele geldi. Dokma senagaty üçin çig mal bolan pagtanyň ýetmezçiligi Orta Aziýanyň ýerlerine we resurslaryna zerurlygy has-da artdyrdy.







…тавлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Üç hanlykda-da bilim ulgamy birmeňzeş bolupdyr. Medreselerde okuw möhleti esasan sentýabr aýynyň ikinji ýarymynda başlanyp, mart aýynyň ahyryna çenli dowam edipdir. Şeýlelikde okuw möwsümi köplenç 6 aý bolupdyr. Bilim almak möhleti köp halatlarda çäklendirilmändir. Medreseler muderris, ymam, kazy, mürze, maliýe işlerini alyp baryjy, ýer-suw paýlaýjy ýaly hünärmenleri taýýarlapdyrlar. Bu döwürde iki dilde, ýagny özbek we pars dillerinde döredijilik edipdirler. Orta Aziýa halklarynyň umumy taryhy berk dostluk esasynda gurlupdy.

Taryhyň haýsy döwründe bolsa-da, ýerli ilat aň-bilime ymtylypdyr. Adaty bilim ulgamynda mekdepler başlangyç okuw mesgenleri bolup, olar şäherlerde, obalarda we awullarda hem bardy. Olar adatda, metjit, medrese ýanynda ýa-da hususy howlularda guralypdyr. Mekdeplerde dini bilimler bilen bir hatarda geografiýa, sanaw, sowatlylyk ýaly dersler hem geçilipdir.

Her bir öýde içki we daşky howlular bar bolup, howlularda döredilýän mekdeplerde esasan, ilkinji hat-sowat öwredilipdir. Eger oglanlara sapak berýän damlanyň aýaly hem içerki howluda aýal-gyzlara hat-sowat öwretse, bu örän amatly bolup, damla, bilim täzeliklerini aýaly arkaly aýal-gyzlara hem ýetirmäge mümkinçilik beripdir.

Her bir ata-ene perzentlerini ýaşlygyndan bilim almak üçin mekdeplere iberipdirler. Okuwçylar ilki «Haftiýak» ony tamamlanlaryndan soň «Çar-kitap» (Dört kitaby) okapdyrlar.

Medreseler we mekdepler wakf emläginden maliýeleşdirilipdir. Talyplar medresä mekdebi tamamlandan soň kabul edilipdir. Olaryň ýaşy 10 ýaşdan 40 ýaşa çenli bolupdyr.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PIKIR EDIŇ

XIX asyryň başlarynda Britaniýanyň Ost-Indiýa kompaniýasy strategik ähmiýete eýe bolan hanlyklaryň çägine gyzyklanyp başlaýar. Orta Aziýa 1825-nji ýylda Murkroft Angliýa tarapyndan sebitleýin aragatnaşyklary ýola goýmak üçin Buhara emirligine iberilýär.

1832-nji ýylda Buhara A. Býorns, 1844-nji ýylda maýor I. Wolf, 1843-nji ýylda Hywa we Buhara kapitan J. Abbot iberilýär.

Orta Aziýanyň döwletlerine harby pudakda kömek bermek we olara Rus imperiýasyna garşy harby soýuz düzmek teklibi bilen Buhara gelen Angliýanyň Ost-Indiýa kompaniýasynyň wekilleri Ç. Stoddart we A. Konnoli 1842-nji ýylda emir tarapyndan öldürilýär.

Muňa jogap edip Angliýanyň hökümeti Buhara garşy Owganystan bilen ýaraşyk baglaşyp, olary ýaraglandyrýar. Netijede 1855-nji ýylda özbekler we täjikler ýaşaýan Amyderýanyň günorta kenaryndaky çäkleri Owganystan welaýatyna öwrülýär.



A. Býorns



J. Abbot



## PIKIR ÝÖREDIŇ

1. Ost-Indiýa kompaniýasy haçan döredilipdi? Bu kompaniýa näme bilen meşgullanypdyr?
2. Bu kompaniýa näme üçin Orta Aziýa gyzyklanypdyr?
3. Suratda görkezilen A. Býorns we J. Abbort näme üçin ýewropalylyarň geýminde däl? Jogabyňyzy dünýä taryhyndan alan bilimleriňiz bilen esaslandyryň.

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Rus imperiýasy daşky syýasatynda öz serhetlerini gündogara tarap giňeltmek üçin ilki bilen Buhara emirligi, Hywa we Kokant hanlyklary bilen her taraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmaga çalyşýar.

Halkara möçberde iňlis harytlarynyň Orta Aziýa girip gelmegi, Angliýanyň bu çäklere bolan gyzyklanmasynyň artmagy Rus imperiýasynyň hökümetiniň basybalyjylyk hereketlerini ýene-de tizleşdirdi.

XIX asyryň birinji ýarymynda Orta Aziýa hanlyklary bir-birini goldamaýarlar, tersine, özara dawalar olary gowşadýar.

Beýle ýagdaý ahyr soňunda hanlyklaryň basyp alynmagyny tizleşdirdi.

XIX asyryň ortalaryna gelip Angliýa Orta Aziýa gyzyklanyp başlady.

Rus imperiýasynyň Buhara emirligini, Kokant we Hywa hanlyklaryny basyp almak hereketleriniň çaltlanmagyna sebäp boldy.

Rus imperiýasyny Orta Aziýa bilen baglaýan söwda ýollaryny doly öz eline almaga hereket etdi.

Daşkente alyp barýan esasy Orenburg ýolunda harby berkitmeler guruldy. 1847-nji ýylda Syrderýanyň Arala guýýan ýerinde Raim galasy guruldy.





Owganystan Russiýa bilen Angliýanyň arasynda. Şol döwrüň karikaturasy

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Buhara emirliginde, Hywa we Kokant hanlyklarynda dolandyryşyň umumy taraplaryny anyklaň.
2. Abdulla Kadyrynyň «Oten günler» romanynda «Geçmişe gaýdyp iş görmek haýyrly, diýýärler. Şoňa görä temany geçmişden, ýakyn öten günlerden, taryhymyzyň iň kirli, gara günleri bolan soňky «han zamanlary«ndan belgiledim» diýende nämeleri göz öňünde tutupdyr? Pikiriňizi beýan edende şol döwre degişli ylmy we çeper edebiýatlardan peýdalanmagyňyz mümkin.
3. Aýy, şir we adam teswirlenen suraty nähili düşündiren bolardyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# RUS IMPERIÝASYNYŇ ORTA AZIÝA ÝÖRÜŞI WE TÜRKÜSTAN GENERAL-GUBERNATORLYGYNYŇ DÖREDILMEGI

## BU GÜN DERSDE

Kokant hanlygynyň demirgazyk çäkleriniň basyp alnyşy. Türküstan general-gubernatorlygy we Türküstan harby okrugynyň düzülmegi.

## PIKIR EDIŇ

Dünýä taryhyndan alan bilimleriňize esaslanyp aşakdaky soraglara jogap beriň:

1. XIX asyrda Rus imperiýasynyň harby güýji we tejribesi nähili bolupdyr?
2. Orta Aziýa hanlyklarynyň harby güýçleri bilen şol döwürdäki Rus imperiýasynyň goşunynyň tapawudyny aýdyp beriň?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Rus imperatory Aleksandr II-niň 1859-njy ýylda Kokant hanlygyny basyp almagy dowam etdirmek baradaky görkezmesinden soň harby hereketler güýçlendi. Munuň üçin, ilki bilen, hanlygyň Daşkent şäherini basyp almak zerurdy. Daşkenti basyp almak üçin Akmetjit galasy harby hereketleriň daýanjyna öwrülýär. Imperiýanyň goşunlarynyň Akmetjit galasyny basyp almak boýunça ilkinji hereketleri (1852-nji ýyl) ýeňlişe duş gelenden soň, 1853-nji ýylda ony eýelemek üçin ikinji gezek hüjüm başlanýar. 3 müňden gowrak adamdan ybarat bolan rus harby goşuna 400 adamdan ybarat gala goraýjylary 20 günüň dowamynda garşylyk görkezýärler. Gabawda galan gala goraýjylary ahyrky demlerine çenli söweşýärler. Güýçleriň deň gelmezligi netijesinde imperiýa hökümetiniň goşunlary tarapyndan gala eýelenýär. Bu gala Perowskiý porty diýip at berilýär.



Söweşden soňky Akmetjit harabalary we Akmetjit serkerdebaşy Ýakup Bek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1864-nji ýylda Rus imperiýasynyň üç müňden gowrak goşuny iki ugurda: biri Perowskiý portundan (Orenburg tarapdan), beýlekisi bolsa Werniý (Almati) şäheri tarapdan Daşkenti basyp almak üçin ýola çykdy. Olar ilki Talas derýasynyň çep kenaryndaky Öwülýäatany (häzirki Teraz şäheri) basyp alýar.



Türküstan

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Niäme üçin ilki bilen Daşkent şäherini basyp almak zerur hasaplandyr? Daşkentiň strategik ähmiýeti nämeden ybaratdy?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstan we Çimkent şäherlerini goramakda Kokant hanynyň emirleşgeri Alikuly (Alimkul) ýolbaşçylyk etdi. Güýçler deň däldi. Şol döwrüň döwrebap ýaraglary bilen ýaraglanan imperiýanyň goşunlary Kokant hanlygyna degişli Türküstan şäherini basyp aldy we 20 kilometrlik gala diwary bilen gurşalan Daşkenti basyp almaga taýýarlyk görüp başlaýar.

Bu harby hereketlere M. Çernýaýew ýolbaşçy edip bellenýär. 1864-nji ýylyň güýzünde Çimkent şäheri eýelenip, Täze Kokant çyzygy esasynda ele alnan galalar birleşdirilýär. Netijede Raim galasyndan Perowskiý portuna çenli Syrderýa berkitme çyzygy, Semipalatinskden Wernyý şäherine çenli Sibir berkitme çyzygy emele gelýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Nokatlaryň ornuny dolduryň.

1. Akmetjit galasyny basyp almak üçin ... hüjüm 1853-nji ýylda başlandy. ...dan artyk adamdan ybarat harby goşuna ... adamdan ybarat gala goranyjylary ... günüň dowamynda garşylyk görkezdi.
2. Akmetjit – ...-nji ýylda, Çimkent, Türküstan – ... –nji ýylda basyp alyndy.
3. Täze ..., ... berkitme..... guruldy.
4. .... otrýady Kokant hanlygyna garaşly Türküstan şäherini basyp aldy.
5. .... Türküstan we Çimkent şäherlerini goramaga .... etmäge Kokant hany tarapyndan iberilýär.
6. ...-nji ýylyň güýzünde ... galasyndan .... portuna çenli ... berkitme çyzygy, ...dan ... şäherine çenli ... berkitme çyzygy emele geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Daşkent Orta Aziýanyň syýasy, ykdysady, iri administratiw we söwda-satyk merkezlerinden biri hasaplanypdyr. Her tarapdan şähere girmek üçin gurlan derwezeler sakçylar tarapyndan goralypdyr. Şäheri goramak üçin gurlan diwaryň arkasynda Keýkowus ýabynyň suwy bilen doldurylan händekler bolupdyr. 1864-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda M. Çernýaýew imperiýa gowy görünmek üçin tizlik bilen Daşkendi ele almakçy bolýar. Emma, şäheriň sakçylary Çernýaýewi Çimkente yza çekinmäge mejbur edýär.

Daşkent XIX asyr.
Eski şäheriň kartasy




## BILÝÄRSIŇIZMI?

XIX asyryň ikinji ýarymynda Daşkent şäheriniň 12 sany derwezesi bolupdyr. Olar: Labzak, Tagtapul, Garasaraý, Sagban, Çigataý, Gökje, Samarkant, Kamolon, Bäşagaç, Koýmas, Kokant, Kaşgar. Daşkent dört sany – Bäşagaç, Gökje, Sebzar we Şaýhantahur kwartallaryna bölünip, her bir kwartal öz aksakgaly tarapyndan dolandyrylypdyr.



1865-nji ýylyň aprel aýynyň ahyrynda M. Çernýaýewiň ýolbaşçylygyndaky harby goşun Çyrçyk şäheriniň çep kenarynda ýerleşen Nyýazbek galasyna gelip, ony söweşsiz tabşyrmagy teklip edýär. Emma gala sakçylary garşylyk görkezip, goranmaga geçýär. Gala toplardan oka tutulyp, diwarlary bozup taşlanýar.

Netijede Nyýazbek galasy duşmanyň eline geçýär. Bu galanyň ele alynmagy Çernýaýewe Daşkendi suw üpjünçiliginden kesip goýmaga mümkinçilik döredýär. Onuň buýrugy bilen Daşkent şäheriniň ilatyny suw bilen üpjün edýän Çyrçyk derýasyndaky bent bozup taşlanýar.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daşkent Orta Aziýany basyp almak üçin esasy ýoda, harby goşunlaryň geljekdäki hereketleri üçin daýanç nokady wezipesini ýerine ýetirip bilýän ýer hasaplanýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Daşkent şäheriniň derwezeleriniň atlaryny aýdyň. Berlen kartadan peýdalanyp, şäheriň derwezeleriniň haýsy kwartallarda ýerleşndigini görkeziň.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Daşkent şäheri suwsuz galan bolsa-da, esgerler we ilat şäheriň her bir mähellesiniň köçesinde gurlan päsgelçiliklerde berk garşylyk görkezdi. Esasy söweş Kamolon derwezesinden Hadradaky merkezi bazara barýan köçede bolup, imperiýanyň goşunlary dört sany topuň goragynda bolan garşylykdan geçip bilmediler. Daşkendiň goranyşynda şäher,iň sakçylary we Kokant hanlygynyň goşunlary emirleşger Alikulynyň ýolbaşçylygynda garşylyk görkezýärler. Alikulynyň heläk bolmagy şäher goraýjylaryny aljyratdy.

Daşkenti goranyşyna Buhara emirliginden giç ýetip gelen goşunlaryň peýdasy degmedi. Şäher oduň içinde galýar. 1865-nji ýylyň iýunynda şäher eýelenýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Nokatlaryň ýerini dolduryň:

1. 1864-nji ýyl 1-nji oktýabr – Çernýaýewiň birinji hüjümi, ... galasynyň eýelenmegi.
2. ...-nji ýylda Daşkent eýelendi.
3. 1865-nji ýylda Orenburg general-gubernatorlygynyň düzüminde ... welaýaty döredildi. Oňa ... harby gubernator edip bellendi.
4. 1865-nji ýylyň 6-njy awgustynda «... welaýatyny dolandyrmak barada Wagtlaýyn...»i kabul edildi.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daşkent şäheriniň
12 derwezesiniň açarlary.



M.Çernýaýew Bäşagaç, Gökje, Sebzar we Şaýhantahur kwartallarynyň aksakgallaryny çagyrýar. Gepleşikde Daşkent şaheriniň kazykelany Hekimhoja, Abulkasym işan, Salyhbek dodhoh we şäheriň başga mertebeli adamlary gatnaşýar. Aksakgallar şäheri «öz islegleri bilen tabşyrmak» barasyndaky ýaraşyk şertnamasyna gol çekmäge mejbur edilýärler.

Muňa garşy bolan Salyhbek dodhoh, Abulkasym işan, Hekimhojalar Sibire sürgün edilýär. Harby basybalyjylyk ýörüşleri netijesinde basyp alnan çäklerde Türküstan welaýaty düzülip, oňa M. Çernýaýew gubernator edip bellenýär.

Welaýat bölümleriniň harby esasda döredilmeginden maksat patyşa hökümetiniň geljekdäki harby planlaryny amala aşyrmakda daýanç administratiw çäk wezipesini ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýardy.



Halkara möçberde Çernýaýew öz hereketlerini aklamak maksadynda ýerli aksakgallary Daşkent özygtyýarly ýagdaýda boýun egdi, daşkentlileriň özleri ilatyň parahatçylygyny saklap galmak maksadynda Rus esgerlerine onuň derwezelerini açyp berdiler, diýen mazmundaky haty imperatoryň adyna ýazmaga mejbur edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE






Rus imperiýasyna goşup alnan çäkler

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1865-nji ýylda Türküstan welaýaty döredildi. 1867-nji ýylda basyp alnan çäkleri öz içine alýan Türküstan general-gubernatorlygy döredildi we Türküstan harby okrugy düzüldi.

Daşkent şäheri general-gubernatorlygyň merkezi edip bellendi. Türküstan general-gubernatorlygyna Rus imperatorynyň permanyna görä general fon Kaufman bellenýär. Ol bir wagtyň özünde Türküstan harby okrugynyň serkerdebaşy hem boldy.

Ilki Türküstan general-gubernatorlygynda administratiw taýdan iki welaýat: Syrderýa (merkezi – Daşkent) we Ýedisuw (merkezi– Wernyý) welaýatlaryna bölünipdir. Syrderýa welaýatynyň çäklerine, esasan, 1865-nji ýylda döredilen Türküstan welaýatyna degişli bolan ýerler we Kokant hanlygynyň basyp alnan demirgazyk çäkleri giripdir.

Ýedisuw welaýaty bolsa Semipalatinsk welaýatynyň Sergiopol, Kopal we Alatawsk okrugynyň ýerleri we öňki Türküstan welaýatynyň bir böleginden ybarat halda döredildi.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Orenburg general-gubernatorlygy Orta Aziýadan uzakda ýerleşenligi sebäpli dolandyrmagyň kynlygy üçin bu ýerde aýratyn general-gubernatorlygy döretmegi talap edýärdi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Pikir edip görüň: täze general-gubernatorlygy döretmekden ýene nämeler maksat edilipdi?

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Türküstan welaýaty name üçin harby esasda döredilipdir?
2. Türküstan welaýaty näme sebäpden Türküstan general-gubernatorlygyna öwrüldi?
3. Daşkent şaherini goramak üçin siz nähili çemeleşerdiňiz? Näme üçin?
4. «Daşkenti goramak» temasyndan çeper hekaýa düzüp görüň. Taryhy şahslar bilen bir hatarda ýasama obrazlardan hem peýdalanyň.
5. Çernýaýew halkara möçberde öz hereketlerini aklamagyndan maksady nämedi? Ol özüniň bu maksadyna nähili derejede ýetdi?



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BUHARA EMIRLIGINIŇ WE HYWA HANLYGYNYŇ RUS IMPERIÝASYNYŇ WASSALYNA ÖWRÜLMEGI

## BU GÜN DERSDE

- Buhara emirligi bilen Rus imperiýasynyň arasyndaky söweşler. 1868-nji we 1873-nji ýyldaky şertnamalar.
- Kokant we Hywa hanlygynyň Rus imperiýasynyň harby ýörüşlerine garşy hereketleri. Gandimiýan şertnamasy.
- Gandimiýan şertnamasy.
- Fergana welaýatynyň döredilmegi.

## PIKIR EDIŇ

1. Rus imperiýasy Daşkent şäherini basyp alandan soň geljekki harby plany nähili bolupdyr?
2. «Bölüp taşla, höküm sür» diýende nämäni düşünýärsiňiz?

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Näme üçin Rus imperiýasynyň goşunlary Hojanda hüjüm etdi? Jogabyňyzy Buhara emirliginiň, Kokandyň kartasyndan Hojant şäheriniň ýerleşen ýerini tapyň. Ony Kokant, Daşkent, Balh we Buhara bilen birleşdirip pikir bildiriň.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Rus imperiýasy Daşkent şäherini basyp alandan soň ähli harby hereketleri Daşkent şäherinden durup gurady we dolandyrdy. Kolonizatorlar özleriniň esasy düzgüni hasaplanan «Bölüp taşla, höküm sür» prinsipine esaslanyp hanlyklaryň birleşmegine ýol bermedi. 1866-njy ýylyň 8-nji maýynda Rus imperiýasynyň we Buhara emirliginiň goşunlary Erjar obasynyň golaýynda çaknyşýar. Güýçleri harby taýdan deň bolmanlygy üçin emiriň goşunlary ýeňlişe sezewar bolýar. Rus imperiýasynyň goşunlary Buhara emiriniň goşunyny yzarlamagy togtadyp, ilki Kokant hanlygy bilen Buhara emirliginiň arasynda ýerleşen Hojanda tarap ýörüş edýär. Maý aýynda Hojant galasy gabalýar. Gabaw iki gün dowam edýär. Basybalyjylar goranyjylaryň berkitmesini ýaryp geçip şäheri eýeleýärler.



Rus goşunlary eýelän Hojant derwezesi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Rus imperiýasynyň Türküstan gubernatory Križanowskiý Buhara emiriniň wekili bilen ýaraşyk şertnamasy boýunça duşusyp, 10 günüň dowamynda 100 müň rubl kontribusiýa tölemegi talap edýär.

Bellenilen wagt geçenden soň, Križanowskiý Buhara emirini talaplary ýerine ýetirmedigini bahana edip, öz goşunlaryna emirlige garşy hüjüm başlamaga buýruk berýär. Gubernatoryň harby goşunlary Oradepäni eýeleýär. Soňra Jyzzaha garşy herekete başlaýar. Dyngysyz atyşmalar iki gije-gündiz dowam edýär. Jyzzah şäheri hem imperiýa hökümetiniň eline geçýär. Bu söweşde iki tarapdan hem 6 müňden gowrak adam gurban bolýar. 1864–1866-njy ýyllaryň dowamynda basyp alnan çäkleri öz içine alan Syrderýa welaýaty döredilýär.

1868-njy ýylda Türküstan general-gubernatory Kaufman Emir Muzaffary general gubernatorlygyň serhetlerine basyp girmäge taýýarlyk görmekde günäläp, 4 müňden gowrak esgerden ybarat harby otrýad bilen Samarkanda çozup girýär.

Rus imperiýasynyň goşunlary emirligiň esgerlerini tüpeňden we topdan dyngysyz oka tutýar. Çopanata we Zirebulak depelerindäki söweşlerde Buhara emiriniň goşuny ýeňlişe sezewar bolýar.

Kaufmanyň Samarkant begligini Russiýa bermek, «harby harajatlaryny» tölemek we 1865-nji ýyldan beýläk Türküstan ülkesinde gazanylan ähli zatlary Russiýanyň emlägi diýip yglan etmek şerti bilen ýaraşyk baglaşmagy teklip edip, Emir Muzaffara ýazan haty jogapsyz galýar.

Rus imperiýasynyň harby ýörüşlerine garşy Kitabyň begi Jorabek we Şährisebziň begi Bababekiň ýolbaşçylygynda Samarkantda göreş alnyp barylýar. Goraýjylar 1868-nji ýylyň 2-nji iýunynda Rus imperiýasynyň goşunlarynyň garnizony ýerleşen gala hüjüm edýärler. Emma olara kömege goşmaça güýçler ýetip gelýär, şondan soň goraýjylar Samarkantdan çykyp dag tarapa çekinmäge mejbur bolýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Rus imperiýasynyň Buhara emirligine garşy uruş başlamagyna näme bahana bolupdy?
2. Jyzzahyň basyp alnyşyny nähili düşündirýärsiňiz?
3. Hojant we Oradepe şäherleriniň boýun egdirilmegi hakynda nämeleri öwrendiňiz?
4. Kartadan 1864–1866-njy ýyllarda basyp alnan çäkleri görkeziň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Imperiýa hökümeti tarapyndan täze basyp alnan çäklerde Samarkant we Ketdekorgan bölümlerinden ybarat Zerewşan okrugy döredilýär.

Zirebulak söweşinden soň Emir Muzaffar öz ýeňlişini boýun alyp, Kaufmanyň Türküstan general-gubernatorlygynyň täze serhetleri hakyndaky teklibini kabul etmäge mejbur bolýar.

Şeýlelikde Rus imperiýasynyň basybalyjylykly ýörüşleriniň ikinji basgançagy tamamlanýar. Bu taryha «Zirebulak şertnamasy» ady bilen girdi.

Kaufman 1868-nji ýylyň 23-nji iýunynda Samarkantda emir Muzaffar bilen Buhara emirligini Rus imperiýasynyň protektoratyna öwürýän şertnama gol çekýär.

Buhara bilen Rus imperiýasy 1873-nji ýylda emirlige öz wekilini saýlamak hukugyny berýän täze şertnama gol çekýär. P. Lessar Rus imperiýasynyň Buhara emirligindäki birinji wekili edip bellenýär. Netijede imperiýa hökümeti Buhara emirini öz täsirine girizip, ondan öz bähbitleri ugrunda peýdalanýar.

Zirebulak şertnamasyna görä Daşkentden Samarkanda çenli bolan ähli basyp alnan çäk – Hojant, Oradepe, Penjikent, Jyzzah, Samarkant, Ketdekorgan şäherleri Rus imperiýasynyň ygtyýaryna geçýär.

1869–1870-nji ýyllarda Rus imperiýasynyň Daşary işler ministrligi Angliýa bilen Owganystandaky we Orta Aziýadaky serhetleri kesgitlemek barada gepleşikler alyp barýar. Netijede serhetler Amyderýanyň kenary bilen Penj etrabyndan geçirmäge ylalaşylýar. Buhara emirligi bilen Eýranyň arasyndaky serhet 1881-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Eýran şasy bilen Tährandaky Russiýanyň ilçisiniň gol çeken gizlin şertnamasynda kesgitlenilýär.

1885–1887-nji ýyllardaky gepleşikler netijesinde serhetleri kesgitlemek boýunça iňlis-rus komissiýasy Rus imperiýasynyň Orta Aziýadaky Buhara emirliginiň ýerleri bilen Owganystanyň arasyndaky serhet çyzygyny kesgitlemegi ahyryna ýetirýär.

## PIKIR ÝÖREDIŇ

1. Kaufman näme üçin Samarkanda ýörüş etdi?
2. Zirebulak söweşinde emiriň goşunlary näme üçin ýeňildi?
3. Samarkantda halk hereketlerine kimler ýolbaşçylyk etdi?
4. 1868-nji ýyldaky şertnama görä emirligiň haýsy çäkleri Rus imperiýasynyň ygtyýaryna geçdi?
5. 1873-nji ýyldaky şertnamanyň mazmunyny aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Rus imperiýasy Hywa hanlygyna garşy alnyp baryljak harby ýörüşe bäş ýyl taýýarlanýar.

Hanlygy basyp almakdan maksat Amyderýany ele almakdy. Hüjüm günbatarda Maňgyşlak, demirgazykda Orenburg, gündogarda Türküstan we günortada Krasnowodsk ýaly dört harby okrugdan alnyp barylýar.

Kaufmanyň ýolbaşçylygyndaky köp sanly harby goşun 1873-nji ýylyň fewralynda özleriniň ýerleşen ýerleri – Daşkentden, Orenburgdan, Maňgyşlakdan we Krasnowodskdan bir wagtda diýen ýaly ýola çykýar. Rus imperiýasynyň goşunlary bilen Hywa hanlygynyň goşunlarynyň arasynda maý aýynda Hazarasp galasynda, Goňrat, Hojeýli, Maňňyt we Hywa şäherleriniň golaýynda söweşler bolup geçýär.

1873-nji ýylyň maý aýynyň ortalaryna gelip kolonial hökümetiň esasy goşunlary Hywa ýetip gelýär. Kaufmanyň goşunlary Hazarasp derwezesi arkaly hanlygyň paýtagtyny eýeledi. Kaufman Hywany basyp alandan soň hanyň hazynasyny kontribusiýa (kontribusiýa) hasabyna konfiskasiýa edip, hazynadaky maddy we ruhy baýlyklary Sankt-Peterburga ugradýar. Kaufman Hywany eýeländen soň Gandimiýan obasynda Hywa hany Muhammet Rahymhan II 1873-nji ýylyň 12-nji awgustynda şertnama gol çekmäge mejbur bolýar.

Hywa hanlygyna degişli Amyderýanyň sag kenary, oňa goňşy ýerleriň hemmesi, bu ýerlerde ýaşaýan oturymly we çarwadar ilaty bilen hanyň garamagyndan çykdy. Şertnama görä Hywa hanlygy 2 million 200 müň rubl möçberinde kontribusiýany 20 ýylyň dowamynda tölemeli bolýar. Hanylygyň hazynasynda ýeterli derejede pul bolmanlygy üçin bu pul ilatdan ýygnap alynýan bolýar. Gandimiýan şertnamasy Hywa hanlygynyň Rus imperiýasyna tabynlygyny, hanyň döwlet başlygy derejesinde başga döwlete boýun egenligini görkezýän resminama boldy.



Buhara emirligi we Hywa hanlygy Rus imperiýasynyň protektoratyna öwrülenligi baradaky şertnama gol çekse-de, aslynda onuň wassalyna öwrülipdi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Hywa hanlygynyň basyp alnyşyndaky ilkinji hereketler hakynda aýdyp beriň.
2. Hywa garşy söweşe Kaufman näme üçin uzak wagt taýýarlanýar?
3. Hywa garşy ýörüş nähili guraldy?
4. Gandimiýan şertnamasy Hywa hanlygynyň ýagdaýyna nähili täsir etdi?

1717-nji ýylda A.Bekowiç-Çerkasskiýniň, 1839-njy ýylda W. Perowskiýniň baştutanlygynda goşunlaryň Hywa hanlygyna hüjümi şowsuz tamamlanýar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Rus imperiýasy XIX asyryň 50–60-njy ýyllarynda harby basybalyjylyk ýoly bilen Kokant hanlygynyň çägleriniň bir bölegini basyp alýar. Bu döwürde hanlygyň ýerleri gysgalyp, hazyna düşýän girdejiler kemelýär. Russiýanyň söwdagärlerine uly mümkinçilikler berilýär. Uruş sebäpli görlen zyýanlar halkyň gerdenine düşýär, salgytlar we borçlar köpelýär. Şonuň netijesinde Kokant hanlygynda içki dawalar, halkyň närazyçylygy güýçlenýär. Içki dawalary ýok edip bilmedik Hudaýarhan Mekgä haj zyýaratyna barýar we ol ýerden gaýdyp gelýärkä Owganystanda aradan çykýar.

1875-nji ýylda Hudaýarhanyň ýerine tagta Nasriddinbek geçýär. Kokant hanlygynda syýasy ýagdaý ýitileşip, gozgalaň bütin jülgäni gurşap alýar. Kaufmanyň goşunlary hem jülgede harby hereketleri başlap goýberýär. Täze han 1875-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Kokant hany boýun egendigi baradaky şertnama gol çekýär.

Şertnama görä Kokant hany daşky syýasatda hiç hili ylalaşyklar düzüp bilmezligi, iki million rubl kontribusiýa tölemegi, Syrderýanyň sag kenaryndaky ýerleriň – Namangan we Çust Russiýanyň ygtyýaryna geçenligi bellenipdi. Bu ýerlerde düzülen Namangan bölümine general M. Skobelew başlyk edip bellenýär.

Nasriddinbekiň gol çeken şertnamasyndan närazy bolan ilat gozgalaň turuzýar. Olardan birine Mulla Is'hak Mulla Hasan ogly «Polathan» ady bilen ýolbaşçylyk edýär. 1875-nji ýylyň oktýabr aýynyň başynda Polathana garşy Skobelewiň baştutanlygyndaky harby goşun hüjüm edýär. Diňe 1876-njy ýylyň fewral aýyna gelip harbiy ýaragyň üstünligi bilen hanlyk basyp alynýarf. Polathan we onuň tarapdarlary öldürilýär. 1876-njy ýylyň fewralynda Rus imperiýasy hökümetiniň Kokant hanlygy ýatyrylanlygy baradaky permany yglan edilýär. Şeýdip Kokant hanlygynyň çägleriniň ýerinde Türküstan general-gubernatorlygynyň düzümine girýän Fergana welaýaty döredilýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Öwülýaata, Akmetjit, Çimkent, Daşkent, Hojant şäherleriniň elden gitmegi Kokant hanlygyna nähili täsir etd?

2. Buxoro emirligi we Hywa hanlygynyň Russiýanyň wassalyna öwrülmegi Kokant hanlygynyň sosial-ykdysady gatnaşyklaryna, daşky syýasatyna nämeler täsir etdi? Pikiriňizi esaslandyryň.

Polathanyň hakyky ady Is'hak Hasan ogly bolup, Kokant hany Alymhan (1801-1810) agtygy Polathanyň adyndan galp han hökmünde 1873–1876-njy ýyllarda gozgalaňa ýolbaşçylyk edipdir.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Orta Aziýanyň Rus imperiýasy tarapyndan basyp alynmagy dört basgançakda amala aşyryldy.

**Birinji basgançak** – 1847–1865-nji ýyllarda Rus imperiýasy tarapyndan Kokant hanlygynyň demirgazyk-günbatar welaýatlary we Daşkent şäheri basyp alynýar. Basyp alnan çäklerde Orenburg general-gubernatorlygynyň düzümine girýän Türküstyn welaýaty döredilýär.

**Ikinji basgançak** – 1865–1868-nji ýyllarda Kokant hanlygyna we Buhara emirligine garşy basybalyjykly hereketler amala aşyrylýar.

**Üçünji basgançak** – 1873–1879-njy ýyllaryň dowamynda Hywa hanlygynyň ýerleriniň bir bölegi we Kokant hanlygynyň ýerleri doly basyp alynýar.

**Dördünji basgançak** – 1880–1885-nji ýyllarda türkmenler boýun egdirilýär.

**1847–1865** — **1-nji basgançak**
Kokant hanlygynyň demirgazyk-günbatary, Daşkent şäheri

**1865–1868** — **2-nji basgançak**
Kokant hanlygy we Buhara emirligi

**1873–1879** — **3-nji basgançak**
Hywa we Kokant hanlyklary

**1880–1885** — **4-nji basgançak**
Türkmenler





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Türküstan general-gubernatorlygynyň administratiw-çäk gurluşy**




## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Buhara emirliginiň, Hywa we Kokant hanlygynyň ýeňilmeginiň sebäplerini sanap beriň.
2. Ýyllara laýyk jogaplary tapyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 | 1875-nji ýylyň 22-nji sentýabry | a | Hywa we Kokant hanlygynyň ýerleri basyp alyndy. |
| 2 | 1864–1885-nji ýyllar | b | Nasriddinbek Kaufman bilen şertnama gol çekdi. |
| 3 | 1847–1865-nji ýyllar | ç | Kokant hanlygy we Buhara emirligine garşy basybalyjylykly hereketler amala aşyryldy. |
| 4 | 1873–1879-njy ýyllar | d | Rus imperiýasy tarapyndan Kokant hanlygynyň demirgazyk-günbatar welaýatlary we Daşkent şäheri basyp alyndy. |
| 5 | 1865–1868-nji ýyllar | e | Rus imperiýasynyň uzak dowam eden harby taýýarlygy netijesinde basybalyjylykly uruşlar alnyp baryldy. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTAN ÜLKESINDE SYÝASY-ADMINISTRATIW DOLANDYRYŞ ULGAMY

## BU GÜN DERSDE

- Türküstan ülkesiniň administratiw-çäk taýdan bölünişindäki we dolandyryşyndaky özgerişler. Dolandyryşyň kolonial tertipleri.
- Kolonial dolandyryşyň aýratynlyklary.

## PIKIR EDIŇ

1. Eýelenen hanlyklaryň çäklerini kimler dolandyrypdyr?
2. Şeýle syýasatdan nähili bähbitlere garaşylýar?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Basyp alnan çäklerde kolonial syýasatynyň doly amala aşyrylmagynda dolandyryş tertipleri möhüm hasaplanypdyr.

Çäkleri dolandyrmak harbylaryň eline geçýär. Dolandyryş ulgamy «*harby-halk dolandyryşy*» ady bilen gubernatoryň elinde harby we raýatlyk işlerini jebisleşdirilýär. Welaýat bölümlere bölünip, olaryň başlyklary bir wagtyň özünde harby komendant hem hasaplanypdyr. Bölüm başlyklaryna ýerli ilatyň üstünden doly gözegçilik etmek ygtyýarlyklary berlipdir.

Imperiýa hökümeti Daşkendi basyp alandan soň, 1865-nji ýylda Aleksandr II «Türküstan welaýatyny dolandyrmak baradaky Wagtlaýyn Düzgünnama»ny tassyklaýar.



Ýerli ilatdan düzülen sakçylar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kazylar mejlisi

1867-nji ýyldaky «Türküstan ülkesini dolandyrmak baradaky Düzgünnama» taslamasy esasynda oturymly ilat bir basgançakly ulgam şeklinde, ýagny aksakgallyklara, çarwadar ilat bolsa iki basgançakly ulgam görnüşindäki wolostlara we awullara birleşdirilipdir. Her bir aksakgallyk 100–200 öý, awul 100–200 otow, her bir wolost bolsa 1000–2000 otowdan ybarat edip döredilmegi kesgitlenilipdir.

## MAGLUMAT ÜÇIN

General-gubernatorlygyň diwany uly ygtyýarlyklara eýe bolan esasy ýerine ýetiriji organ hasaplanypdyr. Türküstan ülkesi administratiw-çäk taýdan welaýatlara bölünip, olary öz elinde raýatlyk we harby häkimiýeti birleşdiren harby gubernatorlar dolandyrypdyr.

Welaýatlar uýezdlere bölünip, olary harbylar ofiserler dolandyrypdyr. Uýezdler uçastoklara, wolostlara, oba we owullara bölünipdir. Uçastoklary uçastok pristawlary dolandyrypdyr. Ýokary organlaryň gözegçiliginde bolan ýerli ilat wekillerinden ybarat bolan aşaky dolandyryş organlary we salgyt ulgamy saklap galynypdyr. Dolandyryş ulgamynyň aşaky basgançagynda wolost başlygy (müňbaşy), oba aksakgaly, owul başlygy, halk sudýalary (oturymly ilatda kazylar göçme ilatda biýler) we olaryň kömekçileri, baş mirap, mirap, ýüzbaşy, ellibaşy, onbaşy ýaly wezipelerde ýerli ilat wekilleri iş alyp barypdyrlar.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Türküstanyň general-gubernatory S. M. Duhowskoý: «Türküstan ülkesi başga ülkelere garanda taryhy geçmişini, etnografik aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, aýratyn üns berilmegini talap edýär», – diýipdi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Näme sebäpden Rus hökümeti aşaky dolandyryş ulgamyny saklap galypdyr?
2. Näme üçin S. M. Duhowskoý Türküstan ülkesi aýratyn üns berilmegini talap edýär, diýip hasaplapdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstan ülkesi basyp alnan döwürden başlap doly koloniýa görnüşinde dolandyryş tertiplerine esaslanan administratiw-çäk birlikler we olaryň dolandyryş tertipleri yglan edilip barlypdyr. Imperiýanyň merkezi çäklerinden Orta Aziýanyň ýerlerine imperiýanyň ilatyny göçürip getirmek Rus hökümetiniň esasy maksatlaryndan biri bolupdyr.

Göçürip getirilenler ýerler we gerekli serişdeler bilen üpjün edilipdir. Ilaty göçürip getirip ýerleşdirmekden ýene bir maksat bu ülkede kolonial syýasaty amala aşyrmakda goşmaça daýanç güýçlerine eýe bolmakdy. Şonuň ýaly-da, bu syýasat ýerli ilaty ruslaşdyrmaga gönükdirilen çärelerden biri boldy.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Näme üçin ýerli ilat wekilleri wolost başlyklary (müňbaşylar), oba aksakgallary, awul başlyklary, kazy, beý we olaryň kömekçileri ýaly wezipelere bellenipdirler?
2. Şol döwürde Rus ülkelerinde nähili sosial-syýasy ýagdaý emele gelýärdi?



Kerwensaraý



Aksakgallar



Arabakeşler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1877-nji ýylda Daşkentde «Şäher düzgünnamasy» girizilip, oňa görä şäheri dolandyrmak Duma geçipdi. Duma agzalarynyň 1/3 bölegi Eski şäherden, 2/3 bölegi bolsa Täze şäher böleginden saýlanypdyr. Muňa görä şäheriň 80 müňlük ýerli ilatyndan 21 sany deputat, 3900 sanysy, esasan, ruslardan ybarat ilatdan bolsa 48 sany deputat gatnaşypdyr. Şäher hojalygyna degişli ähli işler Dumanyň elinde bolupdyr. Duma ýolbaşçylyk edýän şahs general-gubernatoryň hödürlemegi bilen harby wezir tarapyndan tassyklanypdyr.

1886-njy ýylda Aleksandr III tarapyndan täze «Türküstan ülkesini dolandyrmak baradaky Düzgünnama» tassyklandy. Nyzama görä Zerewşan okrugy Samarkant welaýatyna öwrülýär. Hojant, Jyzzah, Ketdekorgan, Samarkant uýezdleri onuň düzümine girizilýär. Kurama uýezdiniň ady Daşkent uýezdi diýip özgerdilýär.

1886-njy ýyldaky «Düzgünnama» görä Türküstan general-gubernatorlygynyň administratiw dolandyryşy täze edara – Türküstan general-gubernatorynyň Maslahaty bilen doldurylýar.

1885-nji ýyldan Buharada Rus imperatorynyň syýasy agentliginiň işi ýola goýulýar. Onuň rugsadyny almazdan Buhara emiri daşary we içki syýasatda özbaşdak iş alyp baryp bilmändir.

Şu wagta çenli wakf emläginden alnan girdejiler abatmekdepleri, medreseleri we metjit binalaryny abatlamaga, işgärlerini maddy üpjün etmäge, dini dessurlary ýerine ýetirmäge, gerekli zatlary almaga (haly, jaýnamaz, dini kitap) we başga çärelere sarplanypdyr.

Döwlet bankynyň bölümi



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Wakf ýerleri (metjit, medrese we başga dini edaralara degişli ýerler) şol bir wagtda ýaşap we ýeri işläp bejerýän adamlara kärendä berilýärdi.

Täze wakf resminamalaryny tassyklamak diňe general-gubernatoryň razylygy bilen bu ýerler döwlet salgytlaryndan we borçlaryndan azat etmezden amala aşyrylypdyr.

Wakf resminamalaryny ykrar etmek, wakf girdejileriniň nämä sarp edilişine gözegçilik etmek we olary barlamak hukugy welaýat administrasiýasynyň ygtyýaryna geçirilýär. Wakf ýerlerine gözegçilik etmek kolonial hökümetiň wekilleriniň eline geçmegi bilen metjitleriň we mekdepleriň maddy ýagdaýy erbetleşýär.

**Welaýat dolandyryşy**




## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. 1886-njy ýyldaky «Düzgünnama» esasynda ýere eýelik etmek gatnaşyklaryna nähili özgerdişler girizildi?
2. 1886-njy ýyldaky «Düzgünnama» nähili netijelere getirdi?

1880-1890-njy ýyllarda sebite göçüp gelenleriň habyna ülkede köp prawoslaw obşinalary şekillenip, olar ýaşaýan ilatly punktlarda prawoslaw buthanalary gurlupdyr.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1886-njy ýyldaky «Düzgünnama»da hökümetiň garamagynda galýan boş duran döwlet ýerlerine rus ilatyny ýerleşdirmek möhümdigi berk kesgitlenilýär. Göçürmek syýasaty bilen meşgullanmak ülke administrasiýasynyň üstüne ýüklenipdir. Göçüp gelenlere köp ýeňillikler berlipdir. Olar pul, ýaşaýyş jaýy, ýer meýdanlary, kreditler bilen üpjün edilipdir. Göçüp gelenler 5 ýylyň dowamynda salgytlardan azat edilipdir, soňky 5 ýylyň dowamynda salgytlaryň ýarysyny töläpdir. Russiýadan göçüp gelenler, esasan, oba ilaty bolupdyr. Olar üçin ülke administrasiýasy mekdep we buthana gurmaga serişde beripdir. Türküstan ülkesinde harby gullukçylaryň ýaşap galmagy we mellek ýer almagy mümkin bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Nokatlaryň ýerini dolduryp depderiňize göçüriň.

1. 1886-njy ýyldaky «Düzgünnama» görä Zerewşan okrugy .... welaýatyna öwrülýär.
2. Welaýat ... gubernatorlary, general-gubernator ... dolandyryjysy, Türküstan harby ... ştabynyň başlygy bu ...nyň hemişelik ... bolupdyr.
3. ...-ýyl Rus imperatorynyň ... agentligi ... ýola goýuldy.
4. Näme üçin imperiýa hökümeti ýere eýelik etmek hukugyny doly öz eline almaga hereket etdi?

### XIX asyryň ahyrynda Türküstan ülkesine serhetleşýän çäkler






XIX asyr. Kazyhana.
Daşkent şäheri.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Türküstan general-gubernatorlygynyň dolandyryşy kimlerden ybarat bolupdyr?
2. 1886-njy ýyldaky «Düzgünnama» boýunça dolandyryşda nähili özgerişler boldy?
3. Rus imperatorynyň syýasy agentligi wezipesi nämeden ybaratdy?
4. Kartadan Türküstan general-gubernatorlygyndaky welaýatlary anyklap, haýsy welaýatlara bu günki Özbegistanyň haýsy çäkleriniň giryändigini belläň.
5. Her bir tekstden taryhy adalgalary tapyň we sözlügiň kömeginde olaryň mazmunyny anyklaň.
6. Kolonial hökümet wakf ýerleri üçin nähili syýasat alyp bardy?
7. Göçürilip getirilenlere nähili ýeňillikler berlipdir?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTANDA RUS IMPERIÝASYNA GARŞY MILLI-AZATLYK HEREKETI

## BU GÜN DERSDE

- Türküstanda milli azatlyk hereketleriniň sebäpleri.
- Daşkentde «Mergi gozgalaňy» we netijeleri netijeleri.
- 1892-nji ýyl 18-nji iýundan «Harby ýagdaýda diýip yglan edilen ýerler hakyndaky Düzgüniň» güýje girmegi.
- Andijan gozgalaňy we onuň netijeleri.

## PIKIR EDIŇ

1. Halkyň milli däpleri, taryhy geçmişi, etnografik aýratylyklarynyň kemsidilmegi nähili netijelere sebäp bolmagy mümkin?
2. Mergi nähili kesel ol hakynda nämeleri bilýärsiňiz?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Russiýanyň senagaty tarapyndan öndürilen öý-hojalyk enjamlary, aýratyn hem, dokmaçylyk önümleri bilen Orta Aziýa bazarlarynyň doldurylmagy netijesinde hünärmentçiliiň köp görnüşleri krizise duçar bolýar. Bu wagtda gelip ykdysady kynçylyklar, ýaşaýyş şertiniň ýamanlygy, salgytlaryň köplügi, zähmet borçlarynyň agyrlygyndan ýerli ilatyň ýagdaýy ýamanlaşýar. Netijede XIX asyryň ahyrynda kolonizatorlyga garşy ülkäniň dürli ýerlerinde närazylyk çykyşlary bolup durdy. Şol sanda, 1878-nji ýylda Müňdepede (häzirki Andijan welaýatynyň Marhamat etraby) kolonizatorlaryň syýasy we ykdysady zulmuna garşy Ýetimhanyň ýolbaşçylygynda gozgalaň turuzylýar. Ony kolonial hökümet güýç bilen basyp ýatyrýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Nähili pikir edýärsiňiz, Orta Aziýanyň bazarlaryna Russiýanyň harytlarynyň girip gelmegi ýerli hünärmentleriň bazarlarynyň pese düşmegine esasy sebäp boldumy? Pikiriňizi esaslandyryň.
2. Rus imperiýasy ülkäni basyp almadyk bolsa başga döwletleriň harytlary girip gelermidi? Bazaryň pese düşmegine sebäp bolan faktlary anyklaň.
3. Siz şol döwürde hünärment bolanyňyzda nähili ýol tutardyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Özbaşdak ysarlanyp, dünýä syýasatynda kolonial döwletler tarapyndan koloniýa dolandyryşynyň nähili ugurlarynyň bardygyny anyklaň.
2. Siziň pikiriňize görä, Russiýanyň senagaty tarapyndan öndürilen önümleri bilen Orta Aziýanyň bazarlarynyň doldurylmagy ýerli bazara we önümçilige nähili täsir edidir?

## MAGLUMAT ÜÇIN

1879-njy ýylyň güýzünde ýerli ilat Ferganada, 1880-nji ýylyň noýabrynda Hojant we Oradepe etraplarynda, 1882-nji ýylyň başlarynda Namanganda, 1885-njy ýylyň tomsunda Fergana jülgesinde halk hereketleri gaýtadan öjügip, Andijanda Derwişhanyň ýolbaşçylygynda gozgalaň bolýar. Indi halk närazylyk hereketleriniň gatnaşyjylary öz usullaryny üýtgedip, baýlaryň we wolost başlyklarynyň ýaşaýan ýerlerine hüjüm edýärler. Şu ýyllarda gozgalaň yzly-yzyna bütin welaýata ýaýraýar.

1892-nji ýyldan kolonizatorlar başlyklara garşylyk görkezen ýönekeý raýatlary gönüden-göni harby meýdan suduna berip başlaýarlar. «Günäkärleri» aç-açan öldürmek arkaly adamlary gorkuzmak indi kolonizatorlaryň guralyna öwrülýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Kolonial jebir-sütemiň güýçlenmegi, esasan, nähili görnüşlerde has aýdyň göze görünýär?
2. Siziň pikiriňize görä, kolonial hökümetiň Türküstanda alyp baran syýasatynyň maksatlary we wezipeleri nämeden ybaratdy?
3. Halk durmuşynyň garyplaşmagyna nähili faktorlar sebäp boldy?
4. Näme üçin halk hereketleri XIX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrynda hut Fergana jülgesinde güýçlendi?
5. XIX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyry – 90-njy ýyllaryň başlarynda Türküstanyň haýsy wolostlarynda we uýezdlerinde halk gozgalaňlary bolup geçdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1892-nji ýylyň mart aýynda Owganystanda mergi keselligi ýaýraýar. Bahar paslynyň ahyrlaryna gelip bu kesel Samarkant welaýatynyň Jyzzah uýezdinde, iýunda bolsa Daşkentde hem ýaýraýar.

Daşkent şäher administrasiýasy kesele garşy çäreleriň hatarynda şäherdäki 12 sany gabrystany ýapyp goýýar. Şu keselden wepat eden adamlar üçin şäherden daşarda ýörite gabrystanlar açmak wada edilýär.

Emma amalda şäherden daşarda diňe bir sany gabrystan açylýar. Sanitariýa çäreleri halka ynamly edip düşündirilmeýär. Mundan daşary lukman-feldşerleriniň ýetmezçiligi sebäpli keselleri barlamak köplenç üçünji we dördünji günler geçirilýärdi. Bu wagtda ilatyň arasynda kolonial administratorlar suwy, lukmanlar bolsa näsaglary kastdan zäherleýänligi, meýitleriň gabyrdan çykaryp taşlanýanlygy barasyndaky myş-myş gepler ýaýraýar.

Taryhda «Mergi pitnesi» (ýada «Daşatar wakasy») diýip at alan gozgalaň 1892- nji ýylyň 24-nji iýunynda başlanýar.

Bu wakany öz gözi bilen görenlerden biri şeýle ýazypdy:

«Gozgalaňçylaryň maksady bolup duran kemsitmeleri togtatmagy gazanmakdy.

Üýşmeleň şaheriň başlygy S. Putinsewiň huzuryna çäre görmek barasyndaky talap bilen ýola düşýär. Üýşmeleňde okatar ýaraglar hem ýok bolup, olar takmynan 400 adam töweregi bardy».

Eski şaheriň aksakaly Muhammet Ýakup üýşmeleňden gorkup şäheriň başlygynyň huzuryna barýar. Halk S. Putinsewden aksakgaly olaryň ygtyýaryna bermegini talap edýär. Putinsew bolsa gepleşik geçirmegiň ýerine güýç ulanmagy makul görýär.

Bu bolsa närazylyklary güýçlendirip goýberdi. Putinsewiň adamlaryny derbi-dagyn edip, özüni bolsa taýak bilen urýarlar. Daşkent aksakgalynyň öýüne ot berdiler. S. Putinsew we onuň mirşaplaryny uran halaýyk edarany hem agdar-düňder edýär. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin kazaklar polky we bir rota esger çagyrylýar.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. XIX asyryň 90-njy ýyllarynda ýurdumyzda bolup geçen «Mergi pitnesi»niň asyl sosial-ykdysady, syýasy sebäplerini we netijelerini depderiňize jedwel görnüşinde ýazyň. Pikiriňizi synpda kiçi tanyşdyrma görnüşinde goraň.
2. «Mergi pitnesi»niň wakalary kolonial administrasiýany nähili reformalar etmäge mejbur etdi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ülkedäki närazylyk hereketleri güýç bilen basyp ýatyrylýar, gozgalaňa gatnaşanlar jezalandyrylýar.

Daşkentdäki gozgalaňdan soň ülkede *mirşaplyk ýagdaýy* yglan edilýär.

Türküstan general-gubernatory «güýçli goragda» diýip yglan edilen ýerlerde mejlis ýygnaklaryny dargatmak, söwda-senagat kärhanalaryny ýapmak, islendik adamy sürgün etmek, jerime salmak we başga hukuklary alýar. «Adatdan daşary goragda» diýip yglan edilen ýerlerde bolsa bütin häkimiýet general-gubernator ýa-da bellenen baş naýybyň eline geçmegi bellendi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Tükistanda kolonial hökümetiň syýasatynyň esasy ugrunda nämeler aýdyň görünýär?
2. Ülkede Türküstan general-gubernatoryna nähili maksat bilen giň hukuklar berildi?





*Книга предоставлена исключительно для образовательных целей
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

1886-njy ýyldaky «Türküstan ülkesini dolandyrmak baradaky Düzgünnama» görä Russiýadan göçüp gelenler üçin ýer fondy döredilýär.



1891-nji ýylda Russiýadan ilatyň Fergana welaýatyna köp göçürip getirilmegi, olaryň ýerleşdirilmegi ýer gyt we ilat gür ýerleşen jülgäniň ýagdaýyny ýamanlaşdyrdy. Şübhesiz imperiýa hökümetiniň beýle hereketleri ýerli ilatyň närazylygynyň has-da artmagyna sebäp bolýar.

Imperiýa hökümeti tarapyndan ülkedäki wakf mülkleri gysgaldylýar. Wakf mülklerine degişli ýerleri ýatyrmaga gönükdirilen çäreler bolsa wakf ýerleriniň köp böleginiň döwlet emlägine öwrülmegine getirýär.

Bu ülkede giň halk köpçüliginiň närazylygyny getirip çykarýar.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Andijandaky 1898-nji ýyldaky gozgalaňyň başlanmagyna sebäp bolan faktorlar nämeden ybarat? Pikiriňizi göçüriş syýasaty bilen logiki baglanyşdyryp, netijäňizi depderiňize esaslandyryp ýazyň.
2. Siziň pikiriňize görä, kolonizatorçylyga garşy gozgalaňlar Türküstan ülkesiniň ähli çäklerinde diýen ýaly we yzygiderli dowam etmeginiň sebäpleri nämelerden ybarat bolupdyr?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN



Tussag edilen Dukçy işan

1898-nji ýyldaky ýerli halklaryň kolonizatorlara garşy gönükdirilen Andijan gozgalaňy başlanýar. Gozgalaňa Dukçy işan (Muhammet Aly) ýolbaşçylyk edýär.

Dukçý işanyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylar ikä bölünip, olaryň birine Ziýawuddin mahsum ýolbaşçylyk edýär.

Gozgalaňçylaryň hatary barha köpelýär. Olar Andijandaky harby kazarma hüjüm edýärler. Harby güýçleriň arasynda bolup geçen çaknyşykda gozgalaňçylar çekinmäge mejbur bolýarlar.

Gozgalaňçylary bütinleý ýok etmäge gönükdirilen jeza ekspedisiýasyna N. Korolkowyň hut özi ýolbaşçylyk edýär.

Dukçy işan we onuň egindeşleri jezalandyrylýar.

1898-nji ýylda bolup geçen gozgalaň ýerli ilatyň öz janlaryny howpa goýup, kolonizatorlyk zulmuna garşy gores alyp barmak mümkinligini görkezdi. Olar ellerine ýarag alyp, kemsidilen hak-hukuklary, arzuw-umytlary üçin söweşdiler.

1898-nji ýyldaky gozgalaň derbi-dagyn edilen bolsa-da, ýerli halklaryň özbaşdaklyk we azatlyk üçin göreşlerini saklap bilmedi.

Kolonizatorlyga garşy gozgalaňlar Türküstan ülkesiniň ähli çäklerinde diýen ýaly dowam edýär.

**Işan** – dindarlaryň arasynda abraý gazanan dini ýolbaşçy derejesi.
**Dukçy** (parsça – ik, duk) – çarhyň egirilýän ýüp saralýan bölegi. Duk ýasaýjy hünärmende dukçy diýlipdir.



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ele düşen gozga-lańçylar, 1898-nji ýyl

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Andijan gozgalaňynyň başlanmagynyň sebäplerini sanap beriň.
2. Gozgalaňyň rehimsiz basyp ýatyrylmagyny nähili delillerde görmek mümkin?
3. Andijan gozgalaňy näme üçin ýeňildi?
4. Bu gozgalaňyň ahmiýeti nämede?
5. Türküstanda kolonizatorlyga garşy gozgalaňlary hronologiýa tertibinde depderiňize ýazyň.
6. «Mergi pitnesi» diýip taryhda at alan gozgalaňda halk wekilleriniň esasy talaplary nämelerden ybaratdy?
7. Dukçy işan gozgalaňynyň ýeňilmeginiň sebäplerini analiz ediň.
8. Bilimiňizi synap görüň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 | 1879-njy ýylyň güýzünde | a | Taryhda «Daş atar wakasy » diýlip atlandyrylan gozgalaň başlandy. |
| 2 | 1880-nji ýylyň noýabrynda | b | Owganystanda mergi keseli ýaýrady. |
| 3 | 1892-nji ýylyň 24-nji iýunynda | ç | Russiýanyň ilaty Fergana welaýatyna köpçülikleýin göçürlip getirildi. |
| 4 | 1892-nji ýylyň martynda | d | Hojant we Oradepe tümenlerinde halk gozgalaňy bolup geçdi. |
| 5 | 1891-nji ýylda | e | Ferganada ýerli ilatyň gatnaşmagynda halk gozgalaňy bolup geçdi. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BIRINJI JAHAN URŞUNYŇ BAŞLANMAGY WE ONUŇ TÜRKÜSTANA TÄSIRI

## BU GÜN DERSDE

- Birinji jahan urşunyň Türküstana täsiri.
- Merdikärlige mobilizlemegiň yglan edilmegi.
- Halkyň närazylyk hereketleri.

## PIKIR EDIŇ

1. Jahan urşy adalgasyna kesgitleme beriň.
2. Birinji jahan urşy haçan we nähili sebäplere görä başlanýar?
3. Bu uruşda haýsy döwletler gatnaşypdy? Birinji jahan urşunda gatnaşýan döwletleriň maksatlary nämelerden ybaratdy?
4. Russiýanyň koloniýalaryna bu uruş nähili täsir etdi?

XX asyryň başlarynda dünýädäki iri döwletleriň özara gatnaşyklary ýitileşýär. Netijede 1914-nji ýylda başlanan Birinji jahan urşunda bir tarapdan Russiýa, Angliýa we Fransiýa – Antanta, ikinji tarapdan Germaniýa, Awstriýa we Wengriýanyň baştutanlygynda düzülen harby bileleşikler (jemi 38 döwlet) gatnaşdy.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Rus imperiýasy birinji jahan urşunda gatnaşanlygy sebäpli köpçülikleýin mobilizasiýa yglan edýär. Mobilizasiýa Russiýanyň koloniýalaryna, şol sanda, Türküstana hem degişlidi. Oňa görä Türküstan ülkesinden urşa 19 ýaşdan 43 ýaşa çenli bolan ilatyň ýewropaly böleginiň wekilleri çagyrylýar.

Esasy işçi güýji bolan erkekleriň urşa alynmagy maşgalanyň esasy bakyjysyndan aýrylmagyna we olaryň agyr ýagdaýa düşmegine sebäp boldy. Ýerli ilatdan arzan zähmet güýji hökmünde peýdalanmaga hereket edilýär.



...вательных целях

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## PIKIR ÝÖREDIŇ

1. Rus imperiýasynyň birinji jahan urşy meselesinde köpçülikleýin mobilizasiýa name sebäpden ilatyň ýewropaly bölegi hem-de ýerli bölegi üçin aýratyn görnüşde alyp baryldy?
2. Türküstanyň ilaty üçin birinji jahan urşy üçin köpçülikleýin mobilizasiýa nähili netijeler bilen tamamlandy?



## MAGLUMAT ÜÇIN

1914-nji ýylda Türküstanda «adatdan daşary gorag ýagdaýy» diýlip yglan edilýär. Bu ýagdaý Türküstan ilaty üçin adaty bolmanlygy üçin dürli gapma-garşylyklar ýüze çykyp başlaýar.

Döwlet maliýesi krizise duçar bolýar. Ýitgileriň ornun doldurmak we harby harajatlaryň artmagyny ödemek maksadynda Türküstanda pagtaa hemişelik döwlet nyrhlary girizilýär, nyrhlaryň umumy ösmegi şertinde bu nyrh pagtaçylaryň hasyl ýetişdirmekdäki harajatlaryny ödemeýärdi.

«Adatdan daşary ýagdaý» tertiplerini bozanlar 50 soma çenli jerime töleýän ýa-da 3 aýa çenli tussag jezasyna höküm edilýän bolýar.

## PIKIR ÝÖREDIŇ

1. Russiýa, Angliýa we Fransiýa döwletlerinden ybarat bileleşik – Antanta girmegine sebäp bolan faktorlary «Dünýä taryhy» dersliginde alnan bilimleriňize daýanyp logiki esaslandyryň.
2. Näme üçin ýerli ilat Birinji jahan urşunda harby gulluga çekilmedi?
3. Erkekleriň urşa iberilmegi ülkäniň durmuşyna nähili täsir edipdir?
4. Urşuň Türküstan ülkesindäki ilatyň durmuş şertine, nyrhlara, oba hojalygyna täsiri bolarmy? Jogabyňyzda şu döwürde ýaşan adamlaryň durmuş tärini, däp-dessurlaryny we gymatlyklaryny hasaba alyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Siziň pikiriňizçe, 1914-nji ýylda Türküstanda adatdan daşary gorag ýagdaýy yglan edilmegine nähili faktor sebäp boldy we ýagdaý ýerli ilat üçin nähili netijeler bilen tamamlandy?
2. Birinji jahan urşy Russiýanyň ykdysadyýetiniň haýsy taraplaryna täsir etdi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Uruş bolýan ýerlerdäki weýrançylygy dikeltmek, goranyş desgalaryny gurmak, urşa azyk we gural-ýaraglary taýýarlamak we olary gerekli ýerine ýetirmek işleri uly meselä öwrülýär. Bu işleri amaly dolandyrmak we guramak umuman hatardan çykypdy.

Meseläni çözmek üçin imperiýanyň koloniýalaryndaky ýerli ilat wekilleri we urşa mobilizasiýa edilmedik adamlardan frontuň arkasyndaky işlerde peýdalanmaga karar edilýär. Şonuň üçin Türküstandan, Sibirden we Kawkazdan erkekleriň mobilizasiýasy başlanýar.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. «Şum bala» filmine tomaşa ediň we şol döwürdäki sosial hadysalara baha beriň.
   1) Jemgyýetdäki sosial gatnaşyklar.
   2) Halkyň durmuş derejesi.
   3) Ilatyň Birinji jahan urşuna gatnaşygy.
2. Näme üçin merdikärlige garşy hereketleriň giň köpçülikleýin ýaýramagyndan kolonial hökümet, ülke we welaýat administrasiýasy howsala düşdi?
3. 1914-nji ýylda Türküstanda adatdan daşary goranmak ýagdaýy yglan edilende nämeler göz öňünde tutulypdy?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTANDA 1916-NJY ÝYLDAKY GOZGALAŇYŇ BAŞLANMAGY

## BU GÜN DERSDE

- 1916-njy ýyl merdikärlige garşy närazylyk.
- Jyzzah gozgalaňy
- Gozgalaňlaryň netijesi.

## PIKIR EDIŇ

1. «Merdikär», «merdikärçilik» diýende siz nämäni düşünýärsiňiz?
2. Rus imperiýasyna merdikärler näme üçin gerekdi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstanyň ýerli ilatynyň front arkasynda işlemek üçin merdikärlige alynýanlaryň sany welaýatlar boýunça paýlanýar. Meselem, Fergana welaýatynda maşgalalaryň her bäşinden bir adam merdikärlige alnypdyr. Bu ýerli halkyň närazylygyna sebäp bolupdyr.

Merdikärlige barýanlaryň sanawyny düzende Türküstanyň ýerli administrasiýasynyň wekilleri adalatsyzlyklara ýol berýärler. Hatda maşgalada birnäçe erkek bolmagyna seretmezden baý maşgalanyň wekilleri para berip sanawa ýazylmaýardy. Emma garyp maşgalalarda birje bolsa-da sanawa girizilýärdi. Şeýle adalatsyzlyklar giň halk köpçüliginiň närazylygynyň güýçlenmegine sebäp bolýar.

Ýerli ilatyň arasynda merdikärlige alynmagyna garşy köpçülikleýin çykyşlar başlanýar. Samarkandyň Urgut obasynda, soňra Siýabda, Mähellede, Hoja Ahrorda, Angorda, 1916-njy ýylyň iýulynda Dahbedde närazylyk çykyşlary bolup geçýär. Çykyşa gatnaşyjylar ýerli dolandyryş wekillerini urup, sanawlary ýyrtyp taşlaýarlar.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Türküstanda merdikärlige almaga garşy gozgalaň nähili tamamlanýar?
2. Gozgalaňyň başlanmagyna näme sebäp bolupdyr?
3. Gozgalaňçylaryň maksatlary nämedi?
4. «Merdikärlige sanawa almakdaky adalatsyzlyk» diýende nämäni düşündiňiz?

## MAGLUMAT ÜÇIN

1916-njy ýylda Jyzzahda merdikärlige garşy köpçülikleýin gozgalaň turýar. Tiz arada ol başga şäherlere, şol sanda, Daşkent, Samarkant we ençeme töwerekdäki obalara ýaýraýar. Jyzzah şäherinde Damin küýzegäriň ýolbaşçylygynda hünärmentler merdikärlige almak boýunça sanawy talap edip oba aksakgalynyň ýanyna barýarlar.



Aksakgal sanawy bermän, ýygnanan adamlary kemsidýär. Bu ýagdaý ilatyň närazylygynyň artmagyna sebäp bolýar. Şondan soň kätmen, taýaklar bilen ýaraglanan gozgalaňçylar Jyzzahyň täze şäher bölegine ýol alýar.

Jizzax gozgalaňyna gatnaşyjylar kolonizator administrasiýa degişli bolan harby, administratiw binalar we başga ýerlere hüjüm edýärler. Türküstanda harby ýagdaý yglan edilýär.

Bu wagtda kolonizator hökümet tarapyndan gozgalaňy basyp ýatyrmak we onuň gatnaşyjylara jeza çärelerini işläp taýýarlaýar.

Gozgalaňyň ýolbaşçylary we işeňňir gatnaşyjylary ele alnyp, ölüm jezasyna höküm edilýär. Gozgalaň bolan obalara otlanýar. Öýler ýandyrylyp, olaryň maşgala agzalary hem jeza çekilýärler.

Gozgalaňda gatnaşan, oňa duýgudaş bolanlar ele alynýar. Hökümete kömek bermedik ilat öýlerinden çöle kowup goýberilýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Jyzzah gozgalaňy nähili ýagdaýda başlandy?
2. Gozgalaňyň ýolbaşçylary kimlerdi we olar nähili çemeleşdi?
3. Jyzzah gozgalaňy nähili basyp ýatyryldy?
4. Gozgalaňçylaryň ýeňilmegine nämeler sebäp bolupdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Gozgalaňçylar kolonizator hökümete garşy ýönekeý iş gurallary bilen söweş alyp bardylar. Mundan daşary olaryyň aglabasy daýhanlar, hünärmentler bolanlygy we harby ugurdan hiç zady bilmeýänligi gozgalaňyň ýeňilmegine sebäp bolýar.

Gozgalaň basyp ýatyrylandan soň, halkyň başyna örän uly külpetleri getirýär. **Birinjiden,** ilaty gozgalaňda gatnaşan Jyzzahyň töweregindäki obalar ýakyp goýberilýär, netijede köpçülik öýsüz-öwzarsyz galýar.

**Ikinjiden,** gozgalaň tomus paslynda bolup geçenligi sebäpli ekinzarlar, oba hojalyk önümleri zaýa bolýar. Bu bolsa azyk önümleriniň gytçylygy, nyrhyň göterilmegi gün görmegiň kynlaşmagyna getirýär.

**Üçünjiden,** gozgalaň ilatyň arasynda ençeme gurbanlar bolmagyna getirýär.

Türküstanyň ilatynyň merdikärlige mobilizasiýa edilmegi ýerli ilatyň köp bölegini bakyjysyz galdyrýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Nokatlaryň ýerini doldurup, depderiňize göçüriň: Birinji jahan urşy ... başlandy we onda ... döwletler gatnaşdy. Birinji jahan urşy wagtynda ... ilat wekilleri merdikärlige alyndy. Jyzzah gozgalaňy ... ýylda başlandy.



1916-njy ýyl gozgalaňyna garşy atlanan ýaragly güýçler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

1916-njy ýyldaky gozgalaňlar kolonizator hökümeti howatyra saldy. Bu gozgalaň Türküstan halklarynyň öz hukuklaryny aýagasty edenlerinden gaty närazy bolandyklaryny görkezýär.

Imperiýa hökümeti käbir çäreleri görmäge, ýeňillikleri döretmäge we ilat bilen ylalaşmaga mejbur bolýar. Mahlasy, 1916-njy ýyldaky gozgalaň bütin kolonizatorlygyň dowamynda Türküstandaky iň güýçli we birleşen gozgalaňdy. Jyzzah gozgalaňy taryhda «Jyzzah pajygasy» diýen at galdyrdy.



## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

Berlen teksti okaň we soraglara jogap beriň.

1. «Galla bitmän gymmatçylyk bolup başlady». *Gytçylyk* we *gymmatçylyk* diýende siz nämäni düşündiňiz?
2. *«Dört ýyl dowam eden urşuň köp zatlara zyýany degdi. Jennetdeý nyşana bolgan beýik Türküstan kontinentinde galla bitmän gymmatçylyk bolup başlady. Häzir indi gymmatçylyk gorkuly gytçylyga öwrülip barýar...»* Miýon Buzruk. Awtoryň pikirini düşündiriň.
3. 1916-njy ýyldaky gozgalaňlaryň başlanmagynyň we ýeňilmeginiň sebäplerini sanap beriň.
4. 1916-njy ýyldaky gozgalaňlar nähili netijelere getirdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# XIX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA BUHARA EMIRLIGI

## BU GÜN DERSDE

- Buhara emirliginiň sosial-syýasy ýagdaýy.
- Salgytlar we borçlar.
- Halk gozgalaňlary
- Hünärmentçilik.
- Söwda-satyk gatnaşyklary.

## PIKIR EDIŇ

1. Rus imperiýasynyň basybalyşlary netijesinde emirligiň ykbaly nähili bolupdy?
2. Buhara emirliginde döwlet dolandyryşy nähili esasda döredilipdi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

XIX asyryň ahyrynda Buhara emirliginde Buharadan daşary Çärjew, Kitab, Şährisebz, Denow ýaly şäherler emirligiň iri söwda we hünärmentçilik merkezleri hasaplanypdyr.



Emirligiň ykdysadyýetiniň esasy bölegini oba hojalygy ugry düzüpdir. Ýöne daýhanlar hemişe-de uly girdeji almandyrlar. Yzly-yzyna gelen kemhasyl ýyllaryndan soň baljuwanly daýhanlar 1885-nji ýylda bol hasyl alýarlar. Salgyt ýygnaýjylar bolsa diňe şol ýyl üçin däl-de, eýsem geçen hasylsyz ýyllar üçin hem töleg tölemegi talap edýärler.

Bu bolsa daýhanlaryň närazylygyna sebäp boldy. Şeýle salgyt salynmagy adalatsyzlyk hasaplan daýhanlar ony tölemekden boýun towlaýarlar. Emeldarlaryň zorlugy we zulum gozgalaňa sebäp bolýar. 1885-nji ýylyň iýul aýynyň ahyrky günlerinde gozgalaň turuzan daýhanlar bilen emir Muzaffaryň goşunynyň arasynda söweş bolup geçýär. Taýýarlygy bolmadyk we zähmet gurallary bilen köçä çykan daýhanlar ýeňilýärler. Gozgalaňçylar ele alnyp, öldürilýär. 1888-nji ýylda Kölab welaýatynda başlanan daýhanlaryň närazylyk hereketleri hem emir tarapyndan basyp ýatyrylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Hany pikirleniň, näme üçin bu döwürde Buhara emirliginiň merkezi şäherleriniň düzüminde Samarkant ýok?
2. Kölab bekligindäki gozgalaňyň başlanmagyna nämeler sebäb boldy?
3. Siziň pikiriňize görä, gozgalaňyň öňüni almak mümkinmidi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Buhara emirliginde bu döwürde-de halk hünärmentçiligi ösüşden togtamaýar. Buhara halylaryna diňe bir içki bazarda däl-de, eýsem daşky bazarda hem talap uly bolup, emirlikdäki sowdagärler olary köp mukdarda daşary ýurtlara satýardylar.

Içki we daşky bazarlarda Buharanyň ýüpek matalary, gönçülik, zer dokamaklyk, kümüş we altyn şaý-sepleri enjamlary, boýag we sabyn önümleri ussalaryň altyndan we kümüşden ýasan enjamlary, Gündogarda we Günbatarda hyrydarly bolupdyr.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Zergärleriň ýasan önümleriniň hemmesi özboluşly näzik nagyşlar bilen bezelýärdi. Buhara küýzegärçilik enjamlarynyň hem bazary çakgan bolup, küýzegärler bütin emirligiň şäherlerinde giň ýaýrapdy. Buhara emirliginde öňden ösip gelen özboluşly görnüşdäki hünärmentçilik bolupdyr. Hünärmentleriň esasy girdejileri hasapsyz salgytlary tölemäge gitýärdi. Şonuň üçin olar öz ussahanalaryny we kärhanalaryny has-da ösdürmek we kämilleşdirmek üçin goşmaça serişdelere eýe däldiler.

Buhara emirliginiň çäkleri köp peýda getirýän tranzit söwda üçin hem amatlydy. 1888-nji ýylda emirligiň çäkleri arkaly ilkinji demir ýol geçirlýär. Buharadan 15 kilometr uzaklykda Täze Buhara stansiýasynyň gurluşygy başlanýar. Bu ýerde emiriň köşgi we Russiýanyň syýasy agentiniň edarasy hem gurulýar. Indi Buhara emirligi demirýol arkaly Daşkent, Orenburg we Moskwa bilen baglanyşandy. Buharada Russiýanyň döwlet bankynyň bölümi, pagta arassalaýan zawod, Ýewropa nusgasynda myhmanhana gurulýar. Eski Buharadaky guşbeginiň öýi we Russiýa imperatorynyň syýasy agentliginiň jaýy ilkinji peýda bolan telefon arkaly baglanypdy.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Emirligiň çäginden demir ýol geçirmek bilen Rus imperiýasy nähili bähbitleri gözläpdir?



Täze Buharadaky (Kagan) demir ýol stansiýasy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Matalar satylýan dükan



Buharadaky mekdep



## BILÝÄRSIŇIZMI?

XIX asyryň ahyry we XX asyrň başlarynda Buhara emirliginde bilim ulgamy geçen asyrlaryň däbi ýaly başlangyç (mekdepler) we ýokary (medrese) basgançaklaryndan ybaratdy. Başlangyç tälim edaralarynda esasan arap dilinde we elipiýinde sowat çykarmak, yslamyň esaslaryny eýelemek, ahlak terbiýä üns berlipdir. Olaryň maddy esasyny wakf emläkleri, käbir şahslardan düşen haýyr-sogaplar düzüpdir.

Bu döwürde Buharada 350-ä golaý adaty (başlangyç) mekdepler iş alyp barypdyr. Mekdephanada okuwa kabul etmek ýaşy Buharada 5 ýaşdan 12 ýaşa çenli bolan döwri düzüpdir. Bilim prosesi bolsa 7-10 ýyla çenli dowam edipdir.

Oglanlar mekdepleriniň aglabasy metjitleriň ýanynda döredilipdir. Gyzlar mekdebinde okatmak oglanlar okaýan metjitleriň ýanyndaky mekdephanadaky okuwdan birneme tapawutlanypdyr. Bu ýerde dersler günortana çenli dowam edipdir. Gyzlaryň okuwy 7 ýaşdan başlanyp, 13 ýaşynda gutarýardy. Adatda gyzlar öýlerinde tälim alypdyrlar.

Medresäniň talyplary





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Buharadaky rus-tuzem mekdebi, 1898-nji ýyl

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Orta Aziýada mekdepler sanynyň köplügini gören rus alymy A. Middendorf musulman ilatyň köpçülikleýin sowatlylygyny halk bilimi boýunça Russiýanyň hökümetine nusga hökmünde görkezipdir.

Mekdepde synplara bölmek diýen zat bolmandyr, hemme okuwçy gyzlar bir otagda boýranyň üstünde oturyp sapak edýärdiler... Biri elipbiýi okasa, ikinjisi «haftiýak» okardy, üçünjisi «Gurhan» okasa, dördünjisi «Çahar kitap» okardy, bäşinjisi «Hikmet» okasa, altynjysy Meşrebi okardy...

Bir günde esasan iki-üç sagat okalardy, galan wagt gyzlar atynyň hyzmatyny edýärdiler...

«Haftiýak» tamamlap Gurhana geçmekçi bolsa, ýa-da Gurhany gutaryp «Çahar kitaba» geçmekçi bolsa, gyzyň ata-enesi atyna, onuň ärine hökman başdan-aýak serpaý geýdirmelidi.

Kibriýa Kahharowanyň
«Çärýek asyr egindeş» kitabyndan

Mekdepde okaýan okuwçynyň üstünligi üçin ata-enesi damla (atynaýa) çörek, däne (galla) ýa-da pul beripdir. Mundan daşary «boýra puly», «kömür puly», «süpürgi puly» ýaly «tölegler» hem bolupdyr. Her penşenbe güni getirilýän «penşenbelik çöregi» mekdepbdar halypanyň esasy haky hasaplanypdyr.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Buharada salgytlaryň artyp gitmegine näme sebäp boldy? Salgytlary artdyrmazdan döwleti dolandyrmak mümkinmidi?
2. Bilim ulgamy hakynda nähili maglumata eýe bolduňyz?
3. Bilim ulgamynyň döwletiň ösüşinde nähili ähmiýeti bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# XIX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA HYWA HANLYGY

## BU GÜN DERSDE

- Hywa hanlygynyň sosial-syýasy ýagdaýy.
- Salgytlar we borçlar.
- Halk gozgalaňlary.
- Hünärmentçilik.
- Söwda-satyk gatnaşyklary.

## PIKIR EDIŇ

1. Hywa hanlygy haçan döräpdir?
2. Hywa hanlygynda döwlet dolandyryşy nähili esasda guralypdy? Buhara emirligi bilen Hywa hanlygynyň bir-birine meňzeş we özboluşly taraplary nämeden ybaratdy?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Hywa hanlygynda 1873-nji ýyldan soň hasyldar ýerleriň köp bölegi Russiýanyň garamagyna geçmegi netijesinde han administrasiýasynyň sarp-harajatlaryna bolan talaby täze salgytlary yglan etmek ýa-da öň bar bolanlaryny artdyrmak ýoly bilen öwezini dolduryp başlaýar.

Daýhanlaryň zähmeti ýeriň hasyldarlygyny artdyrmak we önümçiligi ösdürmäge gönükdirilen. Hanlykda bugdaý ýetişdirmek oba hojalygynyň esasy ugry hasaplanypdyr. Şol döwürden başlap Russiýa bilen söwda-satygyň ösmegi netijesinde pagta ýetişdirmäge ýöriteleşme-de çaltlanýar.

XIX asyryň ahyry– XX asyryň başlarynda öý hünärmentçilik önümi entegem saklanyp galýardy. Onda ýüp egirmek we dokmaçylyk, aýakgap, halylar, keçeler we başgalar taýýarlanýardy.

Her bir daýhan hojalygy kömekçi girdejiniň çeşmesi bolan öý hünärmentçiligi bilen meşgullanýardylar. Ähli diýen ýaly obada gönçi, ädikçi, bozçy, boýagçy, juwazçy we başgalar işläpdirler.

Orta Aziýanyň Russiýa, gazak ýüzleri, Kawkaz, Eýran bilen söwda gatnaşyklarynyň ösmegi içki söwda-satygy güýçlendirdi. Bazar gatnaşyk-





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



larynyň ösmegi haryt-pul gatnaşygynyň tiz ösmegine mümkinçilik döretdi. Munuň netijesinde şäherler obalara garanda örän tiz ösüp, täze şäherler emele geldi we köneleriniň ösüşi çaltlanýar.

Hywa hanlygynyň wekilleri Nikolaý II tagta çykmak dabarasynda

Bu ýurduň ykdysady durmuşynda şäherleriň ähmiýetiniň  artmagyna getirýär. XX asyryň başlaryna gelip Hywa, Täze Ürgenç, Goňrat, Daşhowuz, Gürlen ýaly şäherler sosial-ykdysady we medeni merkezlere öwrülýär. Bagat, Moýnak, Tagta ýaly täze şäherler emele geldi. Şäherlerde ýerli we Russiýanyň bilelikdäki kärhanalarynyň edaralary, senagat kärhanalary ýerleşipdi. Rus imperiýasy we ýerli kapital gatnaşygy emele geldi. Ýerli telekeçileriň işi, milli kapital eýeleriniň maýa goýumlarynyň girdejisi Russiýa bazarynyň önümlerine dogrudan-dogry baglanypdy. Olar iki döwletiň arasynda bazar gatnaşyklaryny ösdürmek üçin bilelikdäki bank birleşmelerini düzmäge hereket etdiler.



Hywa nakgaşlary



Ýüpegiň taýýarlanyşy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

XIX asyryň ikinji ýarymynda bütin garagalpak uruglaryny dolandyrmak, salgytlary ýygnamak, harby gullugy geçmek borçlaryna degişli işleri tertibe salmak maksadynda **beklerbegi** wezipesi girizilipdir.

Garagalpak hünärmentleri, esasan, öý hojalygy üçin zerur önümleri taýýarlamak bilen meşgullanypdyrlar. Zerurlykdan artan önümler bolsa bazara çykarylypdyr. Olar otowlaryň daşyny gurşamak üçin matalar, düýe ýüňünden gülli keçeleri dokaýardylar. Olaryň halk amaly sungatynda otowlar üçin haşamlanan gapylar, öý-hojalyk enjamlaryny ýasamak, haly dokamak, keşdeçilik ösüpdir.Garagalpaklarda agajy we süňki işläp bejermek boýunça eli gül ussalar köp bolupdyr.

Garagalpak uruglaryny beýiň we onuň aksakgallary dolandyrypdyr. Urug biýlerini Hywa hanlary belläp, ony tassyklaýan ýarlyk beripdir. Hywa hanynyň ynamyny gazanan biýleriň ygtyýarlyklary giňeldilip, olar aýratyn hormatlanypdyrlar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

XIX asyryň ortalarynda Täze Ürgençde 15 sany metjit we iki medrese bolupdyr. Gürlende 6 sany metjit we 2 mekdep, Şahabatda 2 sany mekdep we 2 metjit, Şawatda 4 sany metjit we 1 medrese, Hazaraspda 10 sany metjit, Kutlug Inak medresesi iş alyp barypdyr.

Hywa hanlygynda metjidiň imamy özüniň esasy wezipesinden daşary salgyt tölegleriniň hasabyny ýöretmek, salgyt ýygmak, käte bolsa suw paýlamak bilen hem meşgullanýardy.

Hywanyň köşk kitaphanasyndan 300 sany golýazma, 18 sany Gurhany kerim, 50-den gowrak seýrek kitaplar konfiskasiýa edilipdir.

Hywa hanlygy Russiýanyň wassalyna öwrülenden soň Amyderýa bölümindäki garagalpaklara görä jebir-zulum güýçlenýär. Biýbazar we Nukus wolostynda kolonizatorlara garşy Baba Gökleniň baştutanlygynda halk gozgalaňy bolýar.



Garagalpaklaryň şaýtorbasy





## ÖWRENENLERIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Hywa hanlygynda salgytlaryň has artmagyna näme sebäp boldy? Salgytlary artdyrmazdan döwleti dolandyrmak mümkinmidi?
2. Bilim ulgamy barada nähili maglumata eýe bolduňyz?
3. Bilim ugrunyň ýurduň ösüşinde nähili ähmiýeti bar?
4. Rus imperiýasy basyp alandan soň garagalpaklaryň ýaşaýşynda we durmuşynda nähili özgerişler boldy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# XIX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA GARAGALPAKLAR WE OLARYŇ MEDENIÝETI

**BU GÜN DERSDE**

- Garagalpaklarda bilim.
- Garagalpak halk agzeki döredijiligi.
- Berdak (1827–1900) — garagalpak şahyry.

**PIKIR EDIŇ**

1. Edebiýatdan alan bilimiňize esaslanyp aşakdaky soraglara jogap beriň.
   – Garagalpak halk döredijiliginiň nusgasyndan mysallar getiriň.
   – Garagalpak folklorynda nähili taglymlar görkezilen?
2. «Kyrk gyz» dessanynyň mazmuny nämeden ybaratdy?

**MAGLUMAT ÜÇIN**

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda garagalpaklarda birnäçe medreseler bolup, olaryň iň ululary Garagum işan we Daş medreseleridi. Garagum işan medresesi XIX asyryň ortalarynda gurlan.

Ilki ol metjit wezipesini ýerine ýetiripdir. Daş medresesi bolsa 1841-nji ýylda Maňňydyň häkimi Hojanyýaz tarapyndan gurdurylypdyr. Medresede bilim iki basgançakly bolup, birinji basgançakda arap diliniň grammatikasy öwrenilen bolsa, soňky basgançakda dini-hukuk bilimleri okadylypdyr.

XIX asyryň başlarynda garagalpaklarda 318 sany mekdep, Garagum Işan, Kalyla ahun, Egambergan ahun, Oýbit işan, Eşankala ýaly medreseler bolupdyr. Mundan daşary garagalpaklar Buhara we Hywa şäherlerinde okapdyrlar.

XIX asyryň ahyrynda *Günhoja (1799–1880), Ataş Olşinbaý (1788– 1875), Ajiniýaz (1824–1878)* ýalylaryň atlary giň tanalýar. Olar öz ykbalyny halkyň ykbaly bilen baglan adamlardy. Meselem, Günhoja öz döredijiligini awullaryň ýönekeý halkyna, olaryň gündelik zähmetine we durmuşyna bagyşlapdyr.

Ol adalatsyz tertipleri berk ýazgarýar. Ajiniýaz Kasybaý ogly (lakamy Zewar) Moýnakdaky köne mekdepde, soňra Hywadaky Şirgazyhan medresesinde okapdyr. Garagalpak intelligentleriniň arasynda birinjilerden bolup ahun (okumyşly, ylymly adam; halk dessanlarynyň ussat aýdymçysy) derejesine ýetipdir. Özbek, gazak, türkmen dillerini gowy bilipdir. Şahyryň «Bozatow» dessanynda garagalpak halkynyň durmuşy,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aýratyn hem, olaryň ýurtma-ýurt göçüp ýöreýişleri bilen bagly wakalar uly ussatlyk bilen suratlandyrylan. Ajiniýazyň edebi mirasyndan bize 100-e golaý şygyrlar we dessanlar ýetip gelipdir. Onuň şygyrlarynda watançylyk, adamkärçilik taglymlary öňe sürlüpdir. «Gyz Meňeş bilen aýdyşyk» dessany bolsa halkyň arasynda meşhur bolupdyr. Onuň durmuşy we döredijiligi hakynda garagalpak ýazyjysy K. Sultanow «Ajiniýaz» romanyny ýazypdyr.

Berdak (1827–1900) Aralyň kenarynda dogulýar. Awul mekdebinde, soňra Garagum işan medresesinde okapdyr. 20 ýaşyndan başlap goşgular ýazypdyr we ýarym asyryň dowamynda dürli temalarda öleňler düzüpdir.

Berdak öz döredijiligini halky üçin baky eserler döretmäge bagyşlapdyr. Şygyrlaryndan biri «Halk üçin» diýip atlandyrypdyr. Olarda zulmy garalaýan duýgular, joşgunlyk üstün bolupdyr.

XX asyryň başlaryna gelip garagalpak edebiýatyndaky demokratik däpleri täze nesil wekilleri Omar, Sarybaý, Kulmyrat, Sadyk ýalylar dowam etdirdiler.



Berdagyň heýkeli

| | |
|---|---|
| Gunhoja – ... | Zewar – ... |
| Berdak – ... | Medreseler – ... |







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN



Garagalpak maşgalasy



Garagalpak çagalary

Garagalpak halkynyň agzeki döredijiligi çuňňur mazmuna eýeligi we halkçyllygy bilen tapawutlanýar. Halkyň ruhy medeniýetiniň ýokary derejesi nesillerden-nesillere ýetirilýän halk dessanlarynda, tirmelerinde, şonuň ýaly, sazly öleňlerinde saklanyp galypdyr. Olaryň arasynda nakyllary, dana sözleri, leperleri, nesihat beriji goşgularda öz beýanyny tapan «atalar sözi» aýratyn tapawutlanýardy. Garagalpaklar öz toý-märekelerini aýdymsyz, dessanlarsyz, taryhy hengamlarsyz geçirmändirler. Baýramlar we urugyň başga çärelerinde «Kyrkgyz» we türkileriň başga dessanlary aýdylypdyr.

Garagalpak halk agzeki döredijiliginde gülki gahrymany bolan Ömürbek lakgynyň obrazy arkaly ýamanlyk, ýowuzlyk, zalymlyk ýaly ýaman nogsanlary degişme ýoly bilen paş edilip, zähmetsöýerlik, ýagşylyk, gahrymanlyk şöhratlanypdyr. Halkyň arasynda garagalpak folklorynyň dessan ýollary meşhurdy. Dessan gahrymançylyk hakynda goşguly eser bolup, onda halkyň bagty we asuda durmuşy üçin göreşen mert batyrlaryň beýik edermenlikleri wasp edilipdir. Esli meşhur bolan dessanlaryň arasynda bolsa garagalpaklaryň «Kyrkgyz» dessany aýratyn tapawutlanýar.

Dessanda Sarkubyň hökümdary Allaýar öz gyzy Gülaýyma Muýeli diýen hasyldar ýerleri sowgat edeni hakynda aýdylýar. Bu ýerde Gülaýym we onuň kyrk kanizegi berk bir gala gurýarlar. Duşmanlar Sarkubyň ýerlerine hüjüm edip, Gülaýymyň atasyny öldürýärler. Sarkub mülkleri talanýar, sarkublylaryň köpüsi ýesir alnyp alyp gidilýär. Gülaýym we onuň kenizekleri duşmana garşy köreşe girişýär, garagalpaklary ýesirlikden azat edýär we ene ýurduna azatlygy gaýtarýar. Bu işde Gülaýyma onuň söýgülisi horezmli pälwan Arslan kömek berýär. Dessanyň esasy taglymy – beýik watançylyk duýgusy we ene Watana, halka bolan söýgüdir. «Kyrkgyz» dessany bu günki günde hem halk agzeki döredijiliginiň ajaýyp dürdänelerinden biri hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Garagalpak gelinleriniň meşhur milli gök köýnegi we şaý-sepleri



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Nokatlaryň ýerine degişli maglumatlary ýazyň.
   Ömürbek lakgy – ... Gülaýym – ...
   «Kyrkgyz» – ... Dessanlar – ...
2. «Kyrkgyz rowaýaty — azatlyk, erk we wepalylyk tymsaly» diýen pikiri watançylyk, mertlik, agzybirlik bilen baglanyşdyryp taryplaň.



## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Garagalpaklarda halk döredijiligi haýsy görnüşlerde ösdi?
2. Garagalpaklaryň iň meşhur «Kyrkgyz» dessanynyň mazmunyny aýdyp beriň.
3. Ajiniýazyň döredijiligi hakynda nämeleri öwrendiňiz?
4. Berdagyň taryhy dessanlaryny sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTANDA JEDITÇILIK HEREKETI

## BU GÜN DERSDE

- Türküstanda bilim
- Jeditçiligiň şekillenmegi
- Milli progressiw hereketler

## PIKIR EDIŇ

Aşaky synplarda alan bilimleriňize esaslanyp aşakdaky soraglara jogap beriň:

1. Merkezi Aziýa hanlyklarynda bilim ulgamy nähili bolupdyr?
2. «Bilim össe – jemgyýet ösýär» diýen pikiri öwrenilýän döwür bilen baglanyşdyryp düşündiriň.
3. Rus imperiýasy Orta Aziýany basyp alandan soň bilim ulgamynda nähili özgeriş boldy?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Her bir jemgyýetdäki özgerişlerde şol jemgyýetiň öňdebaryjy şahslara, aýratyn hem, intelligentleriniň roly uly bolup, olaryň her biri özboluşly öňdebaryjy taglymlary öňe sürýär. Olar jemgyýetdäki sosial-ykdysady meseleleri çözmegiň ýollaryny tapmaga çalyşýarlar. XIX asyryň ikinji ýarymynda kolonial zulum astyndaky intelligentler öz halklaryny aň-bilimli etmäge we olaryň ösüş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen hereketleri başlaýarlar.



**«Jedit»** sözi arap dilinden alnan bolap, «täze» diýen manyny aňladýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

XIX asyryň ahyrlarynda jeditçilik hereketi emele geldi. Munuň netijeside täze usul mekdepleri döredilip, tälimi ösdürmek arkaly garaşsyzlyk gazanmak mümkin diýen taglymlar öňe sürlüpdir.

XX asyryň başlarynda ençeme jedit edebiýatlary, gazetleri we žurnallaryň köpçülikleýin neşir edilmegi, ýurduň ilatynyň muňa zerurlygynyň barlygy we sowada zehinli bolandyklaryny delillendirýär.

Intelligentler halkyň arasynda öňdebaryjy taglymlary ýaýratmakda magaryf ulgamyny esasy serişde hasaplapdyrlar.

XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap Türküstanda medeni aň-bilim ýaýradyjylyk hereketi emele geldi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Bilim ulgamynyň ýurduň ösüşine nähili täsiri bar?
2. Näme üçin Rus imperiýasy basyp alan çäklerinde bilim ederalaryny gurmak işlerine çynlakaý çemeleşdi?
3. Näme üçin ýerli intelligentler halkyň arasynda öňdebaryjy taglymlary ýaýratmakda magaryf ulgamyny esasy serişde diýip hasapladylar?
4. XIX asyryň ikinji ýarymynda Rus imperiýasynyň düzümine haýsy çäkler giripdir?
5. Buhara emirliginiň we Hywa hanlygynyň Rus imperiýasynyň wassalyna öwrülmegi nähili netijelere getirdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Krym-tatar medeni aň-bilim ýaýradyjysy bolan **Ysmaýyl Gaspirali** (1851–1914) bütin türki halklaryň arasynda ýaýran jeditçilik hereketiniň esaslandyryjysy hasaplanýar. Ol dini we dünýewi bilimleri çuňňur eýeläp, dünýäniň ösüşi bilen ýakyndan tanşyp, bir näçe daşary ýurt dillerini, dürli halklaryň medeniýetini öwrenipdi.

Jeditçilik taglymlarynyň giň ýaýramagynda «Terjimeçi» gazeti möhüm orun tutýar. Ysmaýyl Gaspiraliniň 1893-nji ýylda Daşkende, Samarkanda we Buhara gelmegi medeni aň-bilim ýaýradyjylyk taglymlarynyň soňky ösüşine itergi bolupdyr.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Näme üçin jedidçilik taglymlarynyň giň «Terjimeçi» gazeti möhüm orun tutdy?
2. Näme diýip pikir edýärsiňiz: jeditler öz taglymlaryny ýaýratmakda gazetlerden peýdalanmagy maksat edip goýan bolsa, ilatyň sowady nähili bolupdyr?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Buhara emirliginde birinji täze usul mekdebi 1893-nji ýylda işläp başlady. Soňlugy bilen şeýle mekdepler başga çäklerde hem giň ýaýrady. Jedidler magaryfçylyk ugrynda krym intelligentleriniň tejribelerini öwrenmek bilen bir hatarda başga döwletlerdäki magaryfçylaryň öňde baryjy taglymlaryndan hem peýdalandylar.

Orta Aziýadaky milli ösüş hereketi ýerli aýratynlyklara görä Türküstan, Buhara we Hywa jeditlerine bölünýär. Türküstan jeditçiliginiň esasy intelligentlerden düzülip, olar Rus imperiýasynyň kolonizatorlyk syýasatyna garşy göreşiň öň hatarynda durdular.

Buharada jeditçilik hereketi Türküstan ülkesine garanda agyr sosial-siýasy şertde emele geldi. Onuň düzümi, esasan, ownuk dükançylardan, mugallymlardan, hünärmentlerden, söwdägärlerden ybaratdy.

Buhara jeditçilikgi käbir takwadar mollalaryň, täzeligi we reformalary gowy görmeýänleriň akymynyň garşylygyna duçar bolýar. 1910-njy ýyldan başlap Buharada jeditçilik hereketi syýasy gurama hökmünde şekillenip başlady.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Näme üçin jeditler Buhara döwletiniň içki dolandyryş ulgamynyň zaman talaplaryna jogap bermeýänligini, syýasy-administratiw ulgamy üýtgetmek gerekdigini göterip çykdylar? Pikiriňizi esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Hywa hanlygynda jeditçilik iki sany akymdan ybarat bolup, onuň sag akymy Baş wezir Islamhojanyň ýolbaşçylygynda hanlykdaky söwda-senagat kärhanalarynyň eýeleri hem-de iri baýlaryň wekillerini birleşdirdi. Bu akym öz öňüne döwletde han häkimiýetini saklap galyp reformalar geçirilmegi maksat edip goýdy. Çep akym bolsa kazykelan Babaahun Salimowyň ýolbaşçylygynda maýadarlary, hünärmentleri we başga gatlak wekillerini birleşdirip, täze usul mekdeplerini döretmek arkaly halk köpçüliginiň syýasy aktiwligini gazanmak boldy.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Hywa we Buhara jeditçiliginiň meňzeş we tapawutly taraplary nämede? Pikiriňizi esaslandyryň.



Türküstanda progressiw hereketiň ösüşi iki basgançakda geçdi. Birinji basgançakda medeni aň-bilim ýaýratmakdan başlanan bu hereket 1917-nji ýyla gelip özüniň ikinji basgançagynda – syýasy görnüşdäki herekete öwrüldi.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Buharadaky dürli milletleriň mekdebi

1909-njy ýyldan täze usul mekdebini açmak üçin ýörite rugsatnama alynmagy belleýär. Şeýdip mekdepler sanawa alnyp barylypdyr we sanawdan geçmedik mekdepleriň iş ýöretmegine ýol berilmändir.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstanda bu döwürdäki kolonizator hökümet we onuň emaldarlary hem-de ýerli takwa ruhanylaryň garşylygyna seretmezden, jeditler progressiw hereketlerini, metbugat, neşirýat we teatr pudaklarynda işlerini dowam etdirdiler. 1898-nji ýylda Kokant şäherinde Salahiddin damla ikinji jedit mekdebini açdy. 1899-njy ýylda Andijanda Şamsiddin halypa (domla) we Daşkentde Mannon molla (kary) jedit mekdebini açyp, ençeme okuwçylaryň täze usulda tälim almaklaryny gazandylar.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Ysmaýyl Gaspiraly – ... 1884-ýylda ... 1893-ýylda ...
2. Türküstanda jeditçilik hereketi haçan emele geldi?
3. Jeditçilik hereketinichilik hereketiniň emele gelmegine nähili faktorlar itergi boldy?
4. Ysmaýyl Gaspiraly we onuň işi barada nämeleri öwrendiňiz?
5. Jedit mekdeplerini kimler döredipdir?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# JEDITÇILIK HEREKETINIŇ GÖRNÜKLI WEKILLERI WE OLARYŇ IŞI

**BU GÜN DERSDE**

- Türküstan jeditçilik hereketiniň görnükli wekilleri.
- Jeditler hereketiniň milli aýratynlyklary.

**PIKIR EDIŇ**

1. Jeditçilik hereketiniň ýolbaşçylary barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Abdulla Awlany, Mahmythoja Behbudi hakyndaky filmleri görüpdiňizmi?
3. QR kody arkaly berlen filmleri görüň. Filmde siziň ünsüňizi näme çekdi? Filmleriň wakalary esasynda döwre baha beriň.



**MAGLUMAT ÜÇIN**

XX asyryň başlaryna gelip Daşkent, Samarkant, Buhara, Fergana jülgesiniň şäherlerinde onlarça Iedit usulyndaky mekdepler açyldy. Jeditler mekdeplerinde ýaşlara bilim berip, olar arkaly Türküstanda özbaşdak döwlet gurmak üçin milli döwletçilik taglymlaryny öňe sürüpdirler. XX asyryň başlaryna gelip Türküstanda jedit intelligentleriniň bütin bir nesli, ülkede ruhy-magaryf pudagynyň ösüşine, milli medeniýetiň ösüşine uly goşant goşan görnükli wekilleri emele geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# JEDITÇILIK HEREKETINIŇ ÝOBLAŞÇYLARY




Palwanniýaz hajy Ýusupow

Babaahun Salimow

Abdurauf Fitrat

Sadriddin Aýniý

Faýzulla Hojaýew

Minewwerkary Abduraşidhanow

Abdulla Awlany



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Türküstanyň jeditlerini birleşdirmekde «Orta Aziýa jeditleriniň atasy» diýip ykrar edilen Mahmythoja Behbudiniň (1875–1919) hyzmaty uly bolupdyr.

A. Awlany döreden «Turan» teatry

**Mahmythoja Behbudi** Orta Aziýa jeditçilik hereketiniň esaslandyryjysy we ýolbaşçysy bolupdyr. Türküstanda magaryfçylyk hereketiniň ösmegine uly goşant goşan şahs hesaplanýar. Behbudiniň ýolbaşçylyk etmegi bilen öz atasynyň hormatyna «Behbudiýa kitaphanasy» diýip at alan kitaphana döredilipdir.

**Munawwerkory Abduraşidhonow** (1878–1931) – Türküstan ülkesinde jadtçilik hereketiniň görnükli wekillerinden biri. Ol jedit mekdepleriniň açylmagynyň başyny başlaýjysy we amalyýetçisi, milli gazetleriň we žurnallaryň düýbüni tutujy, redaktory hem-de jedit teatrynyň wagyzçysy bolurdyr. Munawwerkory mekdepler üçin «Adibi awwal», «Adibi soniý», «Ýer ýüzi» ýaly derslikleri döredipdir.

**Abdulla Awlany** 1878-nji ýylda Daşkent şäherinde hünärmentler maşgalasynda dogulýar. Ol mekdepde we medresede tälim alyp, öz zamanynyň medeni aň-bilimli we çuňňur bilim eýesine öwrülýär. Abdulla Awlany ülkede tälim, metbugat, teatr pudaklarynyň ösmegine uly goşant goşup, 1907-nji ýylda «Şöhrat» gazetini esaslyndyrýar. Özüniň döreden täze usul mekdebi üçin «Birinji mugallym», «Ikinji mugallym», «Türki gülüstan ýa-da ahlak» ýaly derslikleri döredipdir.

Behbudi, Minewwerkary, Abdulla Awlany ýaly başga milli ösüş tarapdarlary hem medeni aň-bilim ýaýratmak işini alyp baryp, täze mekdepleri, haýyr sogap jemgyýetlerini, kitaphana we kitap dukanlaryny açypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstan jeditçilik hereketiniň görnükli wekilleri gahar-gazaby, bilimsizligi, medeniýetsizligi ýazgarypdyrlar.

Türküstanyň ösişiniň maýadarlary ýaşlary daşary ýurtlara iberip, zerur kärleri eýeläp, halka peýdaly hyzmat edýän ýaşlary we olar üçin alada edýän jeditleri goldapdyrlar.

Andijanly Mirkamil Mirmöminbaýew öziniň hasabyndan ynha şu işe köp mukdarda serişde beripdir. 1908-nji ýylda Buharada Abduwahid Burhanow, Mukammil Burhanow, Hamidhoja Mekriý, Ahmetjan Abdusaidow we başgalar «Tarbiýai atfol» («Çagalar terbiýesi») jemgyýetini döredip, 1911-nji ýylda 15 sany, 1912-njy ýylda bolsa 30 sany talyby Türkiýä okamaga iberipdirler.

«...Mekdep we medrese bir milletiň hatda bani adamyň derejeli ösüşi we täleýi diýmek boladur. Diňe şu we täleýi mekdepleri we medreseleri köplügi bilen bolmaýança, belki düzgün we tertiplik bolup, gowy edara edilmegi bilen bolar. Dünýäde bar bolan milletleriň ösüşini ilkidurmuş mekdeplerinden başlarlar. Hakykatdan hem ösüş we täleý üçin birinji ýol we esasul-esas mekdepdir».

Mulla Rahimhanyň «Mesele».
makalasyndan.
«Izhar ul-Hak» žurnaly.
1918-nji ýyl



Mirkamil Mirmöminbaýew (sagda) telekeçi dosty bilen



«Tarbiyai atfol» jemgyýetiniň gatnaşyjylary

### DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Jeditler öz işlerini nämä gönükdiripdirler? Näme üçin?
2. Progressiw untelligentler tarapyndan nähili derslikler taýýarlanypdyr?
3. «Tarbiýai atfol» jemgyýetiniň maksady nämedi?
4. QR kody arkaly görüp bu döwürdäki bilim ulgamy bilen tanşyň. Bilim ulgamynyň ösmeginde nähili päsgelçilikler bolupdyr? Pikriňizi esaslandyryň.



Только для ознакомления исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Eger biziň mekdeplerimiz başga milletiň mekdepleri ýaly bir hatara goýlup gowy mugallymlyk wezipesini ýokary derejede ýerine ýetirýän adamlardan mugallym bellense-di, ýazyksyz nesillerimiziň ruhy durmuşyna, dünýä we ahyret bagtyna birinji sebäp bolup bilýän ylym we magaryfdan bu derejede mahrum bolmagyna sebäp bolmazdyk»

Minewwerkary
Abduraşidhanow



## MAGLUMAT ÜÇIN

XX asyra gelip döwletde bir tarapdan dürli sosial-siýasy hadysalar netijesinde tertip we ykdysady gatnaşyklar emele gelýän bolsa, ikinji tarapdan ýurduň çägine dürli taglymly akymlar girip gelip başlaýar.

Koloniýa döwründe şerigat meselelerini çözmek, hanafylyk mezhebini saplygy bilen soňky nesillere ýetirmek wajyp meselelerden birine öwrülýär. Şol maksatda 1917-nji ýylyň 10-njy awgustynda Daşkent şäherinde «*Fukaro jemgyýeti*» döredilýär.

Bu jemgyýet 4 kazy we olaryň ýanyndaky möhürdar, alam we müftilerden ybarat bolup, ol raýatlaryň jemgyýetçilik-gündelik durmuşynda duş gelmegi mümkin bolan meseleleri şerigat ýoly bilen çözmegi öz öňüne maksat edip goýdy. «Fukaro jemgyýetiniň» neşiri bolan «Izhar ul-Hak» žurnalyndaky bir makalada *«Tahzib we dini ahlak diýen zat mekdeplerimizde hiç ýok. Möhletli okuw uzak dowam edenligi üçin köp adamlar çagalaryny 8-15 ýyl mekdebe berip bilmeýärler, çünki güýji we ukyplary ýetmeýär. Hem mekdeplerimizde tertip-düzgün ýok. Şonuň üçin mekdepde ýören eziz, zehinli çagalarymyzdan on bäş ýa-da sekiz sanydan iki ýa-da üç sanysy sowatly bolup çykýarlar»*, – diýilýär. Makalada, mekdeplerde diňe kitaplary ýatlatmak, sowatly bolmagy bilen jemgyýeti ösdirip bolmazlygy nygtalýar. Şonuň bilen birlikde her bir mekdepde we medreselerde berk düzgün-nyzam we tertip bolmalydygy aýdylýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. «Berk düzgün-nyzam we tertip bolmaly», – diýende nämäni düşündiňiz?
2. Tälimiň netijeliligi berk düzgün-nyzama baglymy? Näme üçin? Pikiriňizi esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Yslamyýetiň öňki asyrlaryndaky musulmanlar maşgala terbiýesine üns berip, erkek we gyz çagalaryny okadyp başlaýarlar. Hatynlaryň hukugyny berjaý edipdirler. We şol ugurda magaryf we medeniyet ýola goýlup, beýik bir güýji emele getiripdirler. Azajyk wagtda dünýäniň uly bölegini özlerine-garadypdyrlar. Ol asyrlarda yslam dünýäsinde ärler hatarynda hatynlardan hem näçe aýal şahyr, redaktor, hatyp, edebiýatçylar we terbiýeçiler ýetişip çykypdy».

Hajy Muin «Maşgala terbiýesi» , «Mehnatkashlar tovushi» gazeti, 1918-nji ýyl.

**Delegat** (latynça – iberen) – käbir gurama, kollektiw tarapyndan ygtyýarly edip saýlap ýa-da belläp iberilen wekil.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Hajy Muin «Maşgala terbiýesi» makalasynda nämäni tankyt edipdir? Jemgyýeti ösdürmek üçin nähili maslahat berlipdir?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Jeditler ençeme ýaşlary ösen daşary ýurtlara, şol sanda, Germaniýa okamaga ibermek, ol ýerde olar okap gelip, ýurt we millet üçin hyzmat etmek taglymlaryny öňe sürýärler. Olaryň tagallalary bilen ýerli halk tarapyndan ýaşlaryň daşary ýurtlarda okap gelmegi üçin gerek bolan harajatlary üçin serişde ýygnalypdyr.

Ülkede söwda, senagat we oba hojalygynyň ösüşiniň deňeşdirme derňewine bagyşlanan birnäçe makalalar yglan edilýär.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Türküstanyň öňdebaryjylaryndan biri, Daşkentiň «Garýagdy» mähellesinden bolan Asadullahoja ogly Ubaýdullahoja Russiýada hukukşynaslyk ugry boýunça bilim alyp, birinji ýokary maglumatly özbek adwokaty boldy. Ol beýik rus ýazyjysy Lew Tolstoý bilen hat alyşypdyr. Öňdebaryjylar ähli ugurlary ösdürmegi başarýan ýerli kadrlary taýýarlamak, zawod we fabrikleri gurup, önümleri ülkäniň özünde öndürmegi zerur hasaplapdyrlar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Federasiýa** (latynça – bileleşik bolup berkitmek) – döwletleriň öz syýasy garaşsyzlygyny belli bir çäkde çäklendirmek ýoly bilen ýeke-täk bileleşige birleşmek.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1917-nji ýylyň fewral aýynda Russiýada nähili wakalar bolup geçipdir?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstanyň öňdebaryjylary XX asyryň başlaryndaky dünýäde bolup geçen syýasy hadysalary üns bilen gözegçilik edýärler. Bu döwrde daşary ýurtdaky syýasy partiýalaryň maksatnamalaryny öwrendiler. Dartgynly ýagdaýda progressiw ýerli halkyň parahatçylyk söýüjiligi agraslygyndan ugur alyp ähli meseleleri parahatçylykly ýoly bilen çözmäge hereket etdiler.

1917-nji ýyla gelip Türküstanyň jeditçiligi güýçli syýasy herekete öwrülýär.



«Sadoi Türküstan» gazetiniň işgärleri





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Rus imperiýasy uruşdan çykandan soň jeditler parlamentar monarhiýa üçin göreşen bolsalar, fewral wakalaryndan soň esli giň gerimli, ençeme syýasy talaplary öňe sürýärler. Şol sanda, ýerli ilatyň hukuklaryny giňeltmek, ülkäni dolandyrmak boýunça özgertmeleri geçirmek, Döwlet Dumasynda ülkäniň ilat sanyndan gelip çykyp orun bermek, milli metbugat azatlygyny üpjün etmek ýalylar.

Şol bir wagtda, milli-syýasy partiýalar we guramalar, meselem, «Şuraýi islamiýa», «Ittifak» ýaly ençeme guramalar düzülýär. Bu wagtda jeditler düýp ýerli ilatyň sosial düzüminiň ähli gatlak wekillerini öz yzyna eýertmegi başardylar. Türküstanda jeditleriň işi ýerli ilatyň medeni aň-bilime, olarda milli öz-özüne aň ýetirmegini güýçlendirmäge, azatlyk üçin göreşleriň göterilmegine öz täsirini ýetirdi. Jeditçilik hereketi ülkede imperiýa hökümetiniň kolonial syýasatyna garşy durýan esasy ruhy güýç hökmünde ýüze çykdy.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Jeditleriň ilkinji syýasy guramasy nähili atlandyrylypdyr we onuň gatnaşyjylarynyň öňüne haýsy wezipeler goýlupdy?
2. Jeditleriň taglymlaryny beýan edýän nähili gazet we žurnallary bilýärsiňiz?
3. Progressiw meýillileriň ýaşlaryň tälim almagyna goşan uly goşandy nämelerden ybarat?
4. Jeditleriň  hereketi Türküstan ilatynyň aňyna nähili täsir etdi?
5. Dogry jogaby tapyň. Deňeşdiriň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 | Delegat | a | latynça – bileleşik bolup berkitmek – döwletiň öz syýasy garaşsyzlygyny belli bir aralykda saklamak ýoly bilen ýeke-täk bileleşige birleşmegi. |
| 2 | Jedit | b | arapça – «täze» diýen manyny aňladýar. |
| 3 | Federasiýa | c | latynça – iberen – käbir gurama, kollektiw tarapyndan ygtyýarly edip saýlap ýa-da belläp iberilen wekil. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTANDA YLYM-BILIM WE MEDENIÝET

## BU GÜN DERSDE

- Taryh, tebigy ylymlara degişli ylmy barlaglar.
- Edebiýat hakynda.

1876-njy ýylda Daşkentde Türküstan muzeýi (häzirki Özbegistanyň taryhy döwlet muzeýi) döredildi.

## PIKIR EDIŇ

1. Mahmythoja Behbudiniň aşakdaky pikirlerini okaň. Näme üçin ol öz watanynyň taryhyny öwrenmek bilimli, kämil we adalatly ynsan bolmak üçin zerurlyk diýip hasaplapdyr? *«Häzirki dünýäde ýaşamak, bilimli, kämil we adalatly bolmak üçin öz watanynyň taryhyny öwrenmeli».*
2. XX asyrda dünýä ylym-bilimindäki özgerişler we Türküstan ülkesindäki ýagdaýy derňäň. Bu döwürde nähili ylmy oýlap tapmalar edilipdir?
3. Orta Aziýa hanlyklarynyň ösüşinde yza galmagynyň esasy sebäpleri nämelerde görünýär?




## MAGLUMAT ÜÇIN

XIX asyryň ahyry– XX asyryň başlarynda ylym-bilim ugrunda uly üstünlikler gazanyldy. Bu üstünlikleri gazanmakda jeditleriň orny uly boldy. Jeditler Türküstanda sowatly we bilillmi adamlary terbiýelemekde taryh ylmynyň ähmiýetini ýokary bahaladylar.

Özbegistanyň taryhy döwlet muzeýi



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Taryhçy we žurnalist Molla Alym Mahdum hajy «Taryhy Türküstan» («Türküstanyň taryhy») eserini ýazypdyr. Bu eser özbek dilinde çapdan çykdy. Onda gadymky döwürden tä Türküstanyň XX asyryň başlaryna çenli bolan wakalaryň ýylnamasy beýan edilipdi.

Bu kitap özbek dilindäki ilkinji taryhy eser hökmünde şöhrat gazandy.

XIX asyryň 90-njy ýyllarynda we XX asyryň başlarynda Orta Aziýanyň tebigy baýlyklaryny özleşdirmek hem-de mawzoleýleri öwrenmek bilen bagly barlag işleri güýjeýär.

Şeýle barlaglardan birinde 1908-nji ýylda Ulugbek obserwatoriýasynyň binasynyň galyndylaryny we obserwatoriýa degişli esbaplaryň bir bölegi tapyldy.



1908-nji ýylda obserwatoriýa binasynyň galyndylary we oňa degişli gural-enjamlaryň bir bölegini tapmak başartdy.

Samarkantdaky
Ulugbekiň obserwatoriýasy
(rekonstruksiýa)





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Ülkedäki ylmy barlaglar imperiýa üçin nähili ähmiýete eýe bolupdyr? Näme üçin Rus imperiýasy ülkäni her taraplaýyn çuňňur öwrenmäge üns beripdir?



P. P. Semýonow Týanşanskiý

## MAGLUMAT ÜÇIN

Çäkleri karta düşürmek we klimatyny öwrenmek üçin Daşkentde meteorologiýa stansiýasy döredilýär. Hünämenleriň ýetmezligi sebäpli uzak wagtyň dowamynda giň gerimli ylmy barlaglary guramak amala aşyrylmady.

Diňe XIX asyryň 90-njy ýyllarynda we XX asyryň başlarynda Orta Aziýanyň tebigy baýlyklaryny özleşdirmek bilen bagly bolan barlag işleri güýjeýär. Meselem, N. A. Sewersew Pamir dag ulgamyny öwrenip, botanika we minerallara degişli nusgalary toplapdyr. P. P. Semýonow Týanşanskiý Týanşan dag ulgamyny öwrenip, buzluk, wulkanlar hakynda gyzykly maglumatlar toplapdyr.

Türküstanyň oba hojalygy jemgyýeti örän işjeňleşýär. Jemgyýetiň çap etdiren «Türküstanyň oba hojalygy» žurnaly pudakdaky önümçilik, ýerleri suwarmak, daýhançylyk we ýerden peýdalanmak babatdaky öňdebaryjy usullary ýaýratdy. Ýerli klimat şertine laýyklaşdyrylan özboluşly Orta Aziýanyň pagta sortundaky ilkinji hasyl ýetişdirilýär.

1871-nji ýylda döredilen «Orta Aziýa Alymlar jemgyýeti» serişde ýoklugy sebäpli 1893-nji ýylda öz işini togtadýar.



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu döwürde birnäçe edebiýatyň görnükli wekilleri ýetişip çykdy. Şolardan Mukymy, Furkat, Zawkiý, şahyr Anbar atyn, Awaz Öter ogly, Ahmet Danyş we başgalaryň dörediјiligini aýratyn tapawutlandyryp görkezmek mümkin. Şygyrlaryndaky hakykatçylyk we sadalyk olary meşhur halk şahyrlaryna öwürýär.

Anbar atyn aýallaryň jemgyýetdäki we maşgaladaky hak-hukuksyz ýagdaýy barasynda ajy hakykatlary galamyna aldy. Özbek şahyrlarynyň şygyrlary giň halk köpçüliginiň ýüregine ýol tapdy. Olaryň şygyrlary esasynda ençeme aýdymlar dörediidi.

XX asyryň başlarynda özbek edebiýatynda täze žanrlar peýda boldy. Prozada döredilen eserler hem dünýä ýüzüni gördi. Jedit edebiýatynda 1910-njy ýylda Abdulla Kadyry ilkinji proza eserlerini yglan etdi.

1870-nji ýylda Daşkentde Türküstan halk kitaphanasy döredildi.

**PIKIR EDIŇ**

1. Anbar atyn we Muhammet Emin-hoja Mukymynyň galamyna degişli haýsy eserleri bilýärsiňiz? Olar nämesi bilen siziň ýadyňyzda galdy?
2. Abdulla Kadyry özbek edebiýatynda haýsy žanry başlap berdi we ol öňki döwrüň edebiýatyndan haýsy taraplary bilen tapawutlanýardy?
3. QR kodda berlen Abdulla Kadyrynyň «Ulakda» hekaýasyny okaň. Hekaýa esesynda jemgyýetdäki durmuşa baha beriň.



Hywa teatry, Daşkent

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1911–1913-nji ýyllarda Türküstanyň dürli şäherlerinde teatrlar döredilýär. Ýazyjylar olar üçin pýesalary ýazypdyrlar. Sahnada ýaňlanan ene dilindäki nutklar we teatr aktýorynyň hereketleri halk köpçüligine görä güýçli täsir serişdesine öwrülýär.

Jedit teatrlarynda spektakllaryň aglabasy açyk sahnalarda goýlup, olara köp tomaşaçylar gelipdir. Ilkinji özbek tomaşaçylary üçin jeditler goýan pýesalar ahlak terbiýe mekdeplerine öwrülipdir.

Mahmythoja Behbudi tarapyndan ýazylan meşhur «Pederkuş» pýesasynda atalar bilen çagalaryň arasyndaky gatnaşyk ruhy garyplyk, baýlyga ýykgyn etmegiň nähili netijelere getirjekdigi hekaýa edilipdir.

Özbek milli teatrynyň şekillenmeginde jeditleriň orny uludy. Birinji Prezidentimiz I.Karimowyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» eserinde: «Haçan-da milli medeniýetimiziň aýrylmaz bölegi bolan teatr sungaty babatda gürrüň edilende, beýik magaryfperwer Mahmythoja Behbudiniň: «Teatr – bu görelde mesgenidir», diýip aýdan pikirini ýatlamak ýerliklidir», – diýip ýazypdy.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Jedit edebiýatynda şol döwre mahsus bolan nähili taglymlar öňedebaryjydy?
2. Şu tema boýunça kiçijik esse ýazyň!

1868-nji ýylda ülkede rus bilim mekdeplerini döretmek taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça kolonial hökümet tarapyndan görkezme berllipdir.

1870-nji ýylda Daşkent şäherinde ülkede okuw bölümini döretmek boýunça ýörite komissiýa işläp başlaýar. 1886-njy ýylda Daşkent şäherinde imperiýa Halk bilimi ministrligine degişli 9 sany, 1889-njy ýyla gelip bolsa 14 sany okuw mekdepleri iş alyp barypdyr.

Gimnaziýa okuwçylary





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Turan» teatrynyň truppasynyň birinji spektakllary goýlan «Kolizeý» teatry-sirkiniň jaýy, Daşkent



Özbegistanda XX asyryň başlaryndan häzirki zaman futbol kadalary esasynda oýunlar geçirilipdir. 1912-nji ýylda Kokantda birinji futbol komandasy düzülýär.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

**Hudaýbergen Dewanow** 1878-nji ýylda doglan. Çagalygyndan bilime höwesliligi we çeper döredijiligi bilen tapawutlanypdyr. Ol arap, pars we rus dillerini öwrenipdir. Höwesjeňligi ýetginjegi nemes dilini öwrenmäge ündäpdir we bu onuň geljekdäki ykbalyny kesgitläp beripdir.

1903-nji ýylda Hudaýbergen Dewanow Hywanyň minaralaryny we obadaşlaryny surata alyp başlaýar. Ilkibaşda bu dini ulamalaryň berk garşylygyna duçar bolýar. Emma fotosuratçyny hemme zada gyzyklanýan Muhammet Rahymhan II öz penasyna alýar. Ol diňe bir han bolman, eýsem talantly şahyr we kompoziter hökmünde taryhda galypdyr. Hökümdar Hudaýbergene özüniň suratyny almagy buýurýar, soňra bolsa ony öz diwanyna işe teklip edýär.



Hudaýbergen Dewanow





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Biz kim, Horezm ýurdunyň ýokary hakany Muhammet Rahymhan Saniý aşakdaky aly permana gol çekdik. Horezm mukamlay halkyň eldegrilmesiz emlägi diýlip yglan edilsin. Şu aly permana şek ýetiren we mukamlary kemsiden ýa-da ony bozup ýerine ýetiren kimseler berk jezalandyrsyn!»

1882-nji ýyl

## MAGLUMAT ÜÇIN

Halk sazandalary meşhur ussat kompozitorlaryň elinde tälim alypdyr. Köp asyrlaryň dowamynda bütin Güdogarda giň ýaýran klassyk mukamlar professional sazyň agzeki däplerindäki gymmatly hazynasyny döredipdir. Mukamlar iri göwrümli, agzeki sazly (ýekelikde we saz guraly bilen) eserlerdir. Saz gurallary hem örän köp dürlüligi bilen tapawutlanýardy. Bu babatda kirşli-kemanly saz gurallary (gyjak, gopuz, üçtar), kirşli-nohunly (dombyra, dutar, tanbur, ud, rubab), kirşli-kakylýan (çang), ufleme naýly (naý, sürnaý), müştük-üflemeli (kerneý), kakylýan-membranaly (dep, nagara, çindowul) ýaly saz gurallary giň ýaýrapdy.

Sitorai Mohi Hosa







## MAGLUMAT ÜÇIN

XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlarynda binägärçilikde hem özgerişler boldy, Ýewropanyň we Gündogaryň binägärçilik däpleri utgaşýar.

Meselem, XX asyryň başlarynda Buharada gurlan Sitorai Mohi Hosanyň gurluşynda Ussa Şirin Myradowyň ýolbaşçylygynda bir topar ussa gençkärler işläpdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Fergana jülgesinde hem özbek halk Binagärçiliginiň özboluşly ugry bardy. XIX asyryň ikinji ýarymynda jülge milli binägärçiligine Yewropa arhitektura usulyndaky binalary gurmak däpleri girip geldi. Şeýle bolsa-da, XIX asyryň ahyrlarynda gurlan Andijanyň baş metjidi öz gurluşy bilen ýokary milli binagärçilik nusgasyna öwrüldi.



Daşkentdäki aýallar gimnaziýasy

Daşkentiň Täze şäher böleginde general-gubernatorlygyň administratiw we başga binalary guruldy. Olar arhitektura taýdan günbatar şertinde we stilinde gurlan binalardy.

Horezmiň binägärçilik mekdebiniň tapawutly tarapy şundan ybarat, portallar, potolok, burçlary örän näzik we gözellik tymsaly arap ýazuwlary bilen bezelýärdi. Hatdatlar bu ýazuwlary gaty ussatlyk bilen binanyň bezegine utgaşdyrypdyrlar.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Türküstanda şekillendiriş sungaty Samarkant, Kokant, Buhara miniatýuraçylarynyň döredijiliginde ýüze çykdy (Ahmet Danyş, Abdulhalyk mahdum, S. Siddikow). Olar şekillendiriş sungatynyň däbe öwrülen ösen gönüşlerini saklap galdy.

XX asyryň başlarynda diwar nagyşlarynda öň duş gelmedik peýzažlardan – ýüzüp barýan gämi, demir ýollar we haýwanlaryň suratlaryndan peýdalanyp başlapdyrlar.

Agaç pýupitr (kitap goýmak üçin tagta) we Hudaýarhana degişli Gurhanyň elýazmasy. XIX asyr





«Ýusup we Züleýha» Mürze Mir Ishak al Buhary, XIX asyryň ahyry XX asyryň başy

Kümüş sahaply Gurhany Kerim XIX asyr.









Şirmonpaz metjidiň sütünleri we petigi XX asyr. Margilan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Simwolik reňkler we nagyşlar zergärlikde, lybaslarda, seýrek daşlardan bezelen şaý-sep enjamlarynda üstünlik edýär.





XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Türküstan ilatyna tebipler, hirurglar, rişdeçiler (ýaralary bejeriji), döwükçiler, göbek eneler, sülükçiler ýaly adaty lukmançylyk wekilleri zerur kömegi beripdirler, Ýerli ilatyň arasynda gan aldyrmak we sülükden peýdalanmak, şeýle hem dürli görnüşdäki owkalamak (massaž) usullary hem giň ýaýrapdy. Bejergi serişdesi hökmünde myşýäk, simap, sulema (zäherli poroşok), kinowar (simap sulfidi), demir we mis kuporosy, ajy daş, naşatyr ýaly minerallar giň ulanylypdyr.

Tebipler ösümliklerden we minerallardan taýýarlanan dermanlary kesellere bermekden başga, özleri hem kükürt we azot kislotasyny taýýarlamagy bilipdirler, şonuň ýaly-da demlemeler, poroşoklar, tabletka, maz (melhem däri) we plastyrlary taýýarlapdyrlar.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Teksde berlen suratlar esasynda halkymyzyň hünärmentçiligine baha beriň.
2. Binägärçiligiň özgerişleriniň özbolușly taraplary hakynda tanyşdyrma taýýarlaň.
3. Günbatar we Gündogar dapleriniň stilinde gurlan binalar hakynda maglumat toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTAN ÜLKESI 1917-NJI ÝYL FEWRAL-OKTÝABR ARALYGYNDA

## BU GÜN DERSDE

- 1917-nji ýyl fewral-oktýabr wakalary
- Fewral rewolýusiýasynyň Türküstan ülkesine täsiri.

## PIKIR EDIŇ

1. Rissiýada bolup geçen fewral we oktýabr rewolýusiýalaryna nämeler sebäp bolupdyr?
2. Rewolýusionerleriň maksatlary nämelerden ybaratdy?
3. Russiýada bolan döwlet agdarylyşygynyň Türküstana täsiri boldumy? Näme üçin?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstan jeditleri refofmalary basgançaklaýyn amala aşyrmagy, ösüşe we ilerlemä diňe parahatçylykly ýol bilen, parlament arkaly gazanmagy göz öňünde tutupdylar. 1917-njy ýyldaky wakalar, jeditçilik hereketiniň görnükli wekili Abdurauf Fitratyň şol wagtda ýazyşy ýaly, «Russiýada baş göteren täze bir bela – bolşewik belasy» güýçleriň gatnaşygyny üýtgedip goýberdi. Özbek halkynyň ýene bir janköýer perzendi Mahmudhoja Behbudi tarapyndan orta taşlanan «Hak alynur, berilmez!» şygary bütin milletiň söweşjeň çagyryşyna öwrülýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Rus imperatory Nikolaý II tagtdan düşenden soň nähili hökümet düzüldi? Bu hökümet taryhda nähili at bilen atlandyryldy?
2. Hökümete kimler ýolbaşçylyk etdi? Olar nähili taglymy öňe sürdüler?





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Fewral rewolýusiýasy Türküstan ülkesiniň musulman ilatyny syýasy taýdan oýarmakda, demokratik özgerişlere baştutanlyk etmek isleýän täze güýçleriň syýasat meýdanyna çykmagynda möhüm ähmiýete eýe boldy. Jeditler emele gelýän milli demokratik güýçleriň özeni boldular. Olar sebitiň ýerli halklarynyň ösüş we özbaşdaklyk baradaky öz taglymlaryny Fewral rewolýusiýasynyň taglymlary bilen baglap, özleriniň yglan eden ugurlaryny amala aşyrmaga işjeň girişýärler.

1917-nji ýylyň fewral aýynda Rus imperiýasynyň merkezinde bolup geçen döwlet agdarylyşygy netijesinde 15-nji mart güni Nikolaý II tagtdan ýüz öwürýär. Häkimiýet başyna Wagtlaýyn hökümet gelýär. Şeýlelikde, bu döwletde imperianyň agalygy çäklendirilýär. Ynha şeýle ýiti syýasy özgerişiň bakna ülkeleriň durmuşyna hem täsir etjegi tebigydy. Türküstan boýunça her bir şäherde, uýezdde, wolostda we obada öňki administrasiýa edaralary Wagtlaýyn hökümet tarapyndan ýatyrlyp, ornuna jemgyýetçilik guramalarynyň ýerine ýetiriji komitetleri, ýagny jemgyýet howpsuzlygy diýip atlandyrylan komitetler döredilip başlanýar.

1917-nji ýylyň martynda döredilen «Şoraýy islamiýa» guramasyna Minewwer Kary Abduraşidhanow ýolbaşçylyk edýär. Ondan 1917-nji ýylyň iýunynda «Şoraýy ulama» we 1917-nji ýylyň iýulynda «Türk adami merkeziýet firkasy» («Türküstan federalistler partiýasy») bölünip çykypdy. Bu hereketler Türküstanyň bähbitlerini goramagy öz maksady diýip bilýän dagynyk milli syýasy güýçleri birleşdirmek üçin edilen ilkinji synanyşyklardan biridi.

«Şoraýy islamiýa» başlangyjy bilen Daşkentde 1917-nji ýylyň 16–23-nji aprel günleri BütinTürküstan musulmanlarynyň birinji ülke gurultaýy bolup geçýär. Onda bütin Türküstandan 150-ä golaý delegat toplanýar. 20-ä golaý meselä sereden gurultaý ülkede kolonizatorlygy ýatyrmak we konfiskasiýa edilen ýerleri ýerli ilata gaýtaryp bermek talaby boýunça ýörite karar kabul edipdir. Türküstanda musulmanlaryň Merkezi Şurasyny esaslandyrmak kararyna hem şu ýygnakda gelnen. Bu karar soňluk bilen Milli merkez görnüşinde amala aşyrylýar.

Wagtlaýyn hökümet işläp taýýarlan täze kanunda:

1. Russiýanyň her bir raýaty din meselesinde azatdyr.
2. Dokuz ýaşyna ýetmedik çagalar ata-enesiniň dininde, ata-eneleri iki dine uýýan bolsa, atasynyň dininde diýip hasaplanur.
3. Ata-enesi mälim bolmadyk çagalar garamagyna alanlaryň dininde diýip hasaplanur.
4. On ýedi ýaşda her bir adama bir dinden ikinji dine geçmegi üçin hiç bir rugsat gerek däl.
5. Dokuz ýaşa ýetmedik çaga ata-enesiniň geçen dinine geçen hasaplanur.

Ybrahim Tahyrynyň «Azatlyk dini» makalasyndan.
Al-Isloh, 1917.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Türküstan halklarynyň asyrlar dowamyndaky arzuwy nämedi?
2. Türküstanlylar 1917-nji ýylyň fewral rewolýusiýasyndan nämelere garaşypdylar?
3. 1917-nji ýyldaky fewral özgerişinden soň Türküstanda nähili özgerişler emele geldi?
4. Täze taryhy şertde Türküstanyň jeditleriniň öňünde nähili möhüm wezipeler durýardy?
5. Bütintürküstan musulmanlarynyň I gurultaýy nähili meselelere bagyşlapdy?

1917-nji ýylyň 1-nji noýabrynda bolşewikler Daşkentde-de sowet häkimiýetini ornaşdyrdylar.



## PIKIR EDIŇ

Şeýlelikde Türküstanda Russiýadaky ýaly iki häkimiýetçilik däl, eýsem aşakdaky üç häkimiýetçilik peýda boldy:

- *Birinjisi,* Russiýanyň Wagtlaýyn hökümetiniň wagtlaýyn Türküstan komiteti;
- *Ikinjisi,* Türküstandaky işçi we esger deputatlarynyň ýerli we merkezi Sowetleri;
- *Üçunjisi,* jeditleriň «Şuraýy islamiýa» guramasy (jemgyýeti) we onuň ýerlerdäki bölümleri, Daşkentde Türküstan ülke musulmanlarynyň soweti (Kraýmussowet) – Milli Merkez.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Russiýanyň birinji jahan urşundaky şowsuzlygy, ykdysady krizis, onuň netijesinde başlanan açlyk adamlaryň närazylygyny ýene-de güýçlendirdi. 1917-nji ýylyň martyndan başlap ilatyň arasynda anyk maksada gönükdürilen işine başlan, ilatyň göwnünden turýan şygarlary orta taşlap, olaryň ynamyna giren bolşewikler 25-nji oktýabrda güýç ulanyp agdarylyşyk geçirýär, imperiýanyň merkezinde häkimiýeti eýeläp alýar.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Türküstanda näçe häkimýetçilik peýda boldy? Olaryň maksatlary nämedi?
2. 1917-nji ýylyň fewral-oktýabr aýlarynda Russiýada bolan döwlet agdarylyşygyndan kimler köpräk peýda görüpdir? Bu agdarylyşyk Türküstan halkynyň durmuşyna nähili täsir etdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝAŞ BUHARALYLARYŇ IŞI WE BUHARA EMIRLIGINIŇ ÝATYRYLMAGY

**BU GÜN DERSDE**

- Ýaş buharalylar
- Emir Alymhanyň özgertmeleri
- Buhara emirliginiň ýykylmagy

**PIKIR EDIŇ**

1. XIX asyryň ahyryň ahyry XX asyryň başlarynda Buharada sosial-ykdysady ýagdaý nähilidi? Halkyň närazyçylyk hereketiniň maksatlary nämeden ybaratdy?
2. Buharadaky bolan ýagdaýy nähili edip üýtgetmek mümkindi? Öz gatnaşygyňyzy bildiriň.

**MAGLUMAT ÜÇIN**

XX asyryň başlarynda Buharanyň sosial durmuşynda biri-birine garşylykly bolan iki güýç peýda bolýar. Birinjisi – Buharanyň syýasy durmuşyny demokratik esasda gaýtadan gurmak, onuň ykdysadyny ösdürmek, ösen döwletleriň hataryna götermek üçin çynlakaý göreşýän Ýaş buharalylar. ikinjisi – dini fanatikler, islendik täzelikleri we özgertmeleriň duşmany bolan taýpa wekilleridi.

Ýaş buharalylar öz işlerini 1910-njy ýyldan başlan bolup, bu syýasy hereketiň döremeginde ýaş türkleriň «Ittihodi we tarakkiý» partiýasy örän uly täsir edipdi. Abduwahid Burhanow, Osman Hoja, Musa Saidjanow, Abdurauf Fitrat, Faýzulla Hojaew we Sadriddin Aýniý ýaly ençeme intelligentler ýaş buharalylaryň görnükli wekilleri bolupdyrlar.


Ýaş buharalylar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýaş buharalylar döwletde aşakdaky işleri amala aşyrmagy maksat edinipdi:

- emirlikdäki ýer-suw meselesine uly üns bermek;
- milli goşun düzmek üçin harby mekdepleri açmak;
- maliýe meselesinde girdeji-çykdajylary hasaplamak;
- magaryf pudagynda emirligiň hazynasynyň hasabyndan mekdepler we ýokary okuw mekdeplerini açmak.
- ýeke häkimligi (monarhiýany) ýewropaça konstitusion monarhiýa çalyşmak.

1910-njy ýylyň 10-njy dekabr güni emir Abdullahad wepat bolandan soň, tagty onuň ogly Said Alymhan eýeleýär. Emir Alymhan heniz syýasy güýje eýe bolmanlygy üçin ýaş buharalylara eýermäge mejbur bolýar we özgertme geçirmek üçin wadalar berýär. Emma 1917-nji ýylda Russiýada bolup geçen fewral rewolýusiýasyndan soň, patyşa hökümetiniň agdarylmagy emirlikdäki sosial-syýasy ýagdaýy ýitileşdirdi. Ýaş buharalylar emiri özgertme geçirmäge ündeýärler.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Ýaş buharalylaryň döwletde amala aşyrjak bolan işleri üçin nähili mümkinçilikler gerekdi?
2. Emirlikdäki sosial-siýasy ýagdaýyň ýitileşmegine nähili faktorlar täsir etdi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Emir Abdulahad ogly Seýit Alymhany 1893-nji ýylda Peterburga okamaga iberýär. Bu ýerde ol 3 ýylyň dowamynda harby işler we döwleti dolandyrmagyň esaslaryny öwrenýär. Emirlik tagtyna oturan Seýit Alymhan Buharada döwlet esaslary we dini ulgamy üýtgetmäge hereket etmedi. Emma Russiýadaky wakalar we emirligiň özündäki agzalalyk hereketleri ony çäreler görmäge Ýaş buharalylaryň (jeditler ) ýurdy demokratlaşdyrmak we özgertmeler geçirmek baradaky talaplaryna eglişik etmäge mejbur edýär.

1917-nji ýylyň baharynda baş kazy emiriň düzümiň esaslaryna bagly bolmadyk we halkyň ýagdaýyny gowulandyrmaýan permanyny okap eşitdirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Permanda adyl sud, hyraç, zekat we başga salgytlary ýygnamagyň durnukly esaslaryny döretmek hakynda söz barýardy. Senagat we söwdany ösdürmäge hem üns berlipdi. Emeldarlara hyzmaty üçin wezipelerini ýerine ýetirýän wagtynda goşmaça hak almak gadagan edilýär. Munuň ýerine döwlet tarapyndan berk kesgitläp goýlan aýlyk haky yglan edilýär. «Soňra biz tarapdan, – diýilýär permanda, – şol sanda şerigatyň emir bilen döwletde peýdaly bilimleri ösdürmäge we höweslendirmäge gönükdirilen çäreler görülýär». Permanda çaphana açmak, tussaglary zyndanlardan azat etmek hakynda hem wadalar berilýär.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Ýaş Buharalylar permany amala aşyrmak maksadynda Ýaş Buharalylar komitetini düzýärler. Mahmythoja Behbudi, Mullahan ogly, Mürze Gulam agraslyk bilen permany goldadylar. Faýzulla Hojaýew, Abdurauf Fitrat we Osman Hoja ýalylar has-da çuňňur özgertmeler geçirilmegini talap edip, öz tarapdarlaryny tizlik bilen çykyşlar geçirmäge çagyrdylar. 1917-nji ýylyň 8-nji aprelinde jeditler Kerkide we Buharada çykyşlar etdiler. Buharadaky çykyşa toplanan 150 adama Faýzulla Hojaýew we Abdurauf Fitrat ýolbaşçylyk edýär.

Şygarlarda «Ýaşasyn Emir!» hatarynda «Azatlyk, Adalat, Musawwat!» ýaly başga mazmundaky çagyryşlar hem bardy. Göterilişe çykanlar Arka çenli ýetip gelendinde Emiriň leşgerleri olary saklaýar.

Emiriň goşuny çykyşa gatnaşanlary dargadyp, tussag edip başlaýar. 30-dan gowrak gatnaşyjylar tussag edilip köpleri ýaradar bolýar. Gutulyp galan gatnaşyjylar başga şäherlere gaçyp jan saklady. Buharadaky wakalar jeditleri hüşgär bolmaga çagyrýar.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Seýit Alymhan öz çykaran permanyna nähili gatnaşykda boldy?
2. Gatnaşyjylaryň dargadylmagy we oka tutulmagy halkyň Seýit Alymhana bolan ynamyna täsir edýärmi? Näme üçin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1920-nji ýylyň ýanwarynda Daşkentde ornaşyp alan Ýaş Buharalylaryň çep bölegi F. Hojaýewiň başçylygynda «Rewolýusion Yaş Buharalylaryň Türküstandaky merkezi býurosy«ny düzýärler. Emma bu gurama abraýly syýasy güýçleri özünde jemlemändi. Bu gurama Orta Aziýany bütinleý zabt edip, ony bolşewikleriň gol astynda bolan täze döwletiň düzümine goşup almaga hereket eden kolonizatorlaryň gores serişdesine öwrülýär.

Faýzulla Hojaýewiň ýolbaşçylyk eden Ýaş Buharalylar we bolşewikleriň bilelikdäki hereketleri bilen gozgalaň başlandy. 1920-nji ýylyň awgustynda Çärjewde Wagtlaýyn rewolýusion komitet düzilýär. Ýagdaýdan peýdalanan sowet döwleti gowy ýaraglanan goşun we ýerli ilaty howatyra salýan harby awiasiýa bilen üpjün edilen uly harby bölümlerini Buhara taşlaýar.

Emir we onuň goşunlary hiç hili garşylyk görkezip bilmediler we Alymhan Owganystana çekinmäge mejbur bolýar.

1920-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda bolşewikleriň armiýasynyň goşunlary Buhara girýär. 6-njy oktýabrda Buhara Halk Sowet Respublikasy we Faýzulla Hojaýewiň ýolbaşçylygyndaky birinji hökümet Halk Inspektorlary Maslahatynyň düzülendigini yglan edilýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Emir we onuň goşunlary hiç hili diýen ýaly garşylyk görkezip bilmänligine Zirebulak şertnamasynyň nähili gatnaşygy bar? Onda emir näçe goşuna eýe bolmalydygy görkezilipdi?



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## BUHARA HALKYNYŇ HASRATLY TARYHY



Bolşewikleri bu arada köp hile ulanmaga, göýä dosluk lybaslaryny geýýändek bolup, aslynda mekir hile çärelerini ullanmak ýoluna, hilegärlik ýoluna geçdiler. Göýä sulh düzmek üçin Baranow diýen daşary işler ministri bolmuş bir adamy adatdan daşary ilçi edip, Daşkentden Buhara iberdiler. Ygtyýarly wekil bu ejiz bendäniň huzuryna gelip duşuşdy. Bu adam ötünç sorap, gepleşdi, geplerimizi diňläp, biziň bilen ylalaşdy. Ol adam haýyş edip şeýle diýdi, rus döwleti 55 ýyldan bäri Buhara döwleti bilen dosluk we gadyrdanlykda bolup geldi, tä şu wagta çenli biziň döwletimiz Buhara döwletinden ähli peýdalary görüp gelýär, şonuň bilen birlikde iki döwletiň arasynda bu babatda hiç bir bir-birine zyýan berýän işler bolup geçmedi. Meniň islegim, bu günden soň hem bu iki döwletiň arasynda dostluk we gadyrdanlyk gülläp össe we bize hem siziň döwletiňizden kömek we peýda degse. Sizden bize nähili hyzmat bolsa, biziň jumhuryýet döwletimiz ony ornuna goýsa. Emma sizden. Emma sizden bir haýyşymyz bar, öz esgerleriňizi biziň demir ýol stansiýasyndan alsaňyz, çünki biz ony özümize berkitme etmek isleýäris. Biziň esgerlerimiz wagşy we akmak adamlardyr. Eger-de siziň esgerleriňizi göräýse, onda çaknyşyp, siz dek ýokary mertebeliler iň öňünde bizi uýada goýar. Bu babatda siz nämäni isläp, oňa isleg bildirseňiz, siziň aýdanyňyzy ýerine ýetireris.

Şeýlelikde ol bilen gepleşip, geplerini eşidip, ylalaşdyk düzdük, oňa gol hem çekdik. Şonuň bilen ol öz ýerine gaýdyp gitdi.

Emma duşmanlarymyz bu hile bilen bizi bihabar galdyryp, misli, bir garakçylar ýaly, uruş yglan etmezden hijriýniň 1339-nji ýylyň (1920) zülhijje aýynyň on başinde ýekşenbe gijesi sagat on ikide sakçylaryň we garakçylaryň üstüne hüjüm edip, şol ýerde demir ýoluň töweregine goýlan ähli garawullary, takmynan, ýüz elli sany adamy bendi etdiler.

Şeýlelikde olar Buhara esgerleriniň üstüne çozup gelip hüjüm etdiler, şonuň bilen urşy başlap goýberdiler. Netijede wagt ýarym gije sagat ikide örän köp esger we harby ýaraglary jemläp, top atmak we ok ýagdyrmak bilen bile demir galkanly arabalar-bronewikler, demir örtülen motorlar – bronopoýezdler bilen uruş başlap goýberdiler. Olar on bir sany aeroplan bilen Buhara şäheriniň üstünde howada perwaz edip bomba ýagdyrdylar. Bu ejiz bende esgerlerimi öňe – fronta çykaryp, ygtyýary alla tagalanyň hökmüne tabşyryp, dört gije-dört gündiz uruşdyk. Bu uruş netijesinde duşman takmynan Buharanyň ýarymyny top we pulemýotdan oka tutup, köp zyýan ýetirdi.

Top oklarynyň köplügi, bomba ýagdyrmalar, ýitgiler we harabalar Buhara şäherinde has köpelip, garyp biçäreleri gaty alada goýdy.

**Soňky Buhara emiri Seýit Alymhan.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Ýaş Buharalylaryň işinden nämeleri bildiňiz?
2. Emir Seýit Alymhan öz döwletinde haýsy maksatlarda özgertmeler geçirmäge hereket etdi?
3. Jeditleriň maksady emir Alymhanyň niýetlän özgertmelerden nämesi bilen tapawutlanýar?
4. Buhara emirliginiň ýykylmagynyň sebäplerini sanap beriň.



Buhara emiri Seýit Abdulahadhan 1910-njy ýylyň 3-nji fewralynda Sankt-Peterburgdaky metjidiň fundamentini gurmak dabarasynda.



Sankt-Peterburgdaky Buhara emiri Seýit Abdulahadhan üçin gurlan köşk.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HYWA HANLYGYNYŇ ÝATYRYLMAGY

## BU GÜN DERSDE

- Halk hereketiniň bişişmegi.
- Özgertmeler üçin göreş.
- Hywa hanlygynyň ýatyrylmagy.

## PIKIR EDIŇ

1. XIX asyryň ahyry XX asyryň başlarynda Hywa hanlygynda sosial-ykdysady ýagdaýy nähilidi?
2. Halkyň närazyçylyk hereketleriniň maksatlary nämeden ybaratdy?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Muhammet Rahymhan II wepat edenden soň, imperiýa hökümetiniň kömeginde tagty onuň ogly Isfendiýarhan (1910–1918) eýeleýär. Russiýadaky 1917-nji ýyldaky fewral wakalaryndan soň Ýaş hywalylar Isfendiýarhandan özgertmeler geçirmek baradaky manifeste gol çekmegi talap edýärler.



Isfendiýarhan

Özgertmeler han häkimiýeti saklanan, emma Mejlis (deputatlar palatasy) we Inspektorlar maslahaty (Wezirler maslahaty) bilen çäklenen konstitusion monarhiýany döretmegi öz içine alypdy. Ýaş hywalylar, şeýle hem, döwlet serişdeleriniň sarplanyşynyň üstünden gözegçilik etmek üçin malyýe wezirligi, suw paýlanyşyny özgertmek, hanlygyň bütin çäklerinde täze usul mekdeplerini açmak üçin komitet düzmegi, demir ýollar we poçta-telegraf ulgamynyň gurluşyny hem talap edpdiiler.

1917-nji ýylyň 4-nji aprel güni hanyň diwanhanasynyň öňünde bir näçe müň adamlyk çykyş bolup geçýär. Han Palwanniýaz Hajy Ýusupowyň we Huseýnbek Mätmyradowyň ýolbaşçylygyndaky delegasiýany kabul edýär we 5-nji aprel güni «Ýaş hywalylar«yň hödürlän manifestine gol çekýär. Manifestde görkezilmegine görä Horezm konstitusion monarhiýa edip bellenýär.

1917-nji ýylyň 26-njy aprelindäki mejlisiň birinji sessiýasynda 30 sany hywaly deputat we türkmenlerden 7 sany wekil gatnaşýar. Mejlis wezirler maslahatyny saýlaýar. Emma iki aý geçmänkä konserwatiw güýçler harby agdarylyşygy amala aşyrdy we mejlisi dargadyp goýberdi. Ýaş hywalylar tussag edilip, köpüsi atyp taşlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Manifestiň talaplary

— Han we onuň hökümeti tarapyndan döwleti dolandyrmagy bütinleý togtatmak.

— Hywa hanyna, şazadalara we wezirlere degişli bolan serişdeleri we emläkleri halk emlägi diýip yglan etmek.

— Garyplaryň durmuşyny gowulandyrmak ugrunda iri ýer eýeleriniň ýerinden peýdalanmak.

— Çagalary mugt okatmak üçin hanlygyň ähli ýerinde mekdepler açmak.

— Şäherlerde we ilatyň ýaşaýan ýerlerinde mugt keselhanalar we saglygyny bejerýän edaralar açmak.

— Hywa hany we bekler tarapyndan garyp ilatdan çekip alnan ýerleri, emläkleri we başga zatlary gaýtaryp bermek.

— Mejbury zähmete çekmegi (begor)y bütinleý ýok etmek.

Rus imperiýasynyň Hywa ýörüşleri wagtynda ýaş Gurban Mämet türkmen ýomut ýigitleriniň hatarynda basybalyjylara garşy söweşlere gatnaşypdyr. Isfendiýarhan Jüneýithany türkmen taýpalarynyň serdary edip belläpdir (1915). Türkmen aksakgallary ony Jüneýithan diýip yglan edipdirler.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1917-nji ýylyň oktýabr agdarylyşygyndan soň Russiýada bolşewikleriň hökümetini ele aldy. Türküstanda hem häkimiýet bolşewikleriň eline geçýär we bu ýerde hem sowet respublikasy düzülýär. Sowetleriň howpunyň öňünde hökümeti ýitirmekden gorkan Isfendiýarhan baş komandir edip türkmenleriň ýomut taýpasynyň serdary Muhammet Gurban Serdar Juneýithany saýlaýar. Köşkde abraýyny artdyran Jüneýithan 1918-nji ýylyň oktýabr aýynda döwlet agdarylyşygyny amala aşyrýar. Nurullabaýyň köşgünde Isfendiýarhanyň janyna kast edýärler.

Tagta Isfendiýarhanyň agasy Said Abdulla Gazy oturýar. Amalda häkimiýet Jüneýirhanyň elindedi.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1920-nji ýylyň ýanwar aýyndan Hywa garşy hüjüme geçen sowetler fewral aýynyň başlaryna çenli ençeme şäherleri ele alýarlar. Netijede Said Abdullahan tagtdan ýüz öwürýär.

1920-nji ýylyň 27-30-njy aprel günleri Hywada bolup geçen halk wekilleriniň Bütinhorezm gurultaýy hanlygyň ýatyrylandygyny we Horezm Halk Sowet Respublikasynyň düzülendigini yglan edýär. Gurultaý HH-SR-nyň wagtlaýyn Konstitusiýasyny kabul edýär. Gurultaý şeýle hem 15 adamdan ybarat bolan hökümet – Halk Inspektorlar Maslahatyny saýlaýar. Ýaş hywalylaryň ýolbaşçylaryndan Palwanniýaz Ýusupow onuň birinji başlygy bolýar.




## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Manifestiň talaplaryny amala aşyrmak üçin han tarapyndan nähili şertleriň döredilmegi talap edilipdir?
2. Russiýda nähili ýagdaý höküm sürýärdi?
3. Russiýadaky 1917-nji ýyl fewral we oktýabr agdarylyşyklary Hywa hanlygyna nähili täsir etdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTAN AWTONOMYÝASY

## BU GÜN DERSDE

- Awtonomyýa üçin göreş.
- Awtonomyýanyň ýatyrylmagy.
- Kokant pajygasy.

## PIKIR EDIŇ

1. Türküstan Awtonomyýa hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
2. Russiýada bolýan syýasy, ykdysady we sosial özgerişler Türküstan ülkesine nähili täsir edýärdi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

1917-nji ýylyň 26–28-nji noýabrynda Kokant şäherinde Bütintürküstan ülke musulmanlarynyň adatdan daşary IV gurultaýy bolup geçýär. Türküstany dolandyrmak barasyndaky mesele gurultaýyň üns merkezinde boldy.

Gurultaýa gatnaşanlar awtonomyýany we garaşsyzlygy yglan etmek pikirini goldaýarlar. 27-nji noýabrda döredilen hökümet Türküstan Awtonomyýasy diýip atlandyrylýar.Esaslandyryjy mejlisi çagyrylýança häkimiýet Türküstan Wagtlaýyn maslahaty we Türküstan Milli mejlisiniň elinde jemlenýär.

Şeýlelikde, ülkede iki häkimiýetçilik emele geldi. Olaryň biri milletleriň öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugyny goldan, milli döwlet garaşsyzlygyny dikeltmäge pugta bil baglan özbek intelligentleriniň, işewürleriniň hökümeti, ikinjisi Rus imperiýasynyň hökümdarlygyny täze şertlerde saklap galmak syýasatyny ýöreden bolşewiklerdi.

Demokratik musulman intelligentleriniň talaby bilen Türküstanyň ilatynyň ýewropaly bölegi wekilleri hem gurultaýda deň hukukly gatnaşýarlar. Gurultaýyň 27-nji noýabr güni kabul edilen kararynda şeýle diýilýär: «Türküstanda ýaşap duran dürli millete degişli ilat Rus rewolýusiýasy çagyran halklaryň öz hukuklaryny özleri kesgitlemek babatdaky erkini ýüze çykaryp, Türküstany Russiýa Federatiw Respublikasynyň düzüminde çäk taýdan awtonom diýip yglan edýär».



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«27-nji noýabr Kokantda Türküstan Awtonomyýasy umumy musulman gurultaýynda yglan edildi. Mübärek we haýyrly bolsun! Men hem mejlisde bolmakdan buýsanýaryn. Ýaşasyn Türküstan Awtonomyýasy!»

Behbudi. «Hurriýat» gazeti 1917-nji ýyl.

Öň bolşewikler Türküstan Awtonomyýasy hökümetiniň täsir çägini kemeltmek we ony ýatyrmak üçin ýeterli harby güýje eýe bolmandyr. Olar 1918-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda Orenburgy ele alyp, Moskwa bilen Türküstanyň arasynda demir ýol gatnawyny dikeldenlerinden soň Daşkente gural-ýarag ýetirip bermek mümkinçiligine eýe bolýarlar. Daşkentdäki bolşewikler mundan ruhlanyp, 1918-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda Kokantdaky Türküstan Awtonomyýa hökümetini dargadyp goýbermek hakynda karar kabul edýärler.

Elli ýyldan bäri ezildik, kemsidildik, elimiz daňyldy, dilimiz kesildi, agzymyz ýapyldy, ýerimiz basyp alyndy, malymyz talandy, hormatymyz ýumruldy, namysymyz depelendi, hukugymyza çozuşlar boldy, ynsanlygymyz aýagasty edildi, dözümli durduk, sabyr etdik. Güýje daýanan her buýruga boýun egdik, bütin barlygymyzy elden giderdik. Ýeke bir pikiri bermedik, gizledik, imanlarymyza uýup sakladyk: Türküstan awtonomyýasy!

Fitrat. «Hurriýat», 1917-nji ýyl.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Fitrat şu pikirleri arkaly haýsy wakalary göz öňünde tutýardy?
2. Tekstdäki «berk durduk, imanymyzy gorap sakladyk: Türküstan Awtonomyýasy!» sözlerine üns beriň. Ony özbaşdaklyk, erkinlik, azatlyk ýaly sözleriň mazmuny bilen nähili baglanyşygy bar?
3. Awtonomyýa diýende nämäni düşündiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Türküstan Awtonomyýasynyň hökümeti bary-ýogy 72 gün ömür gören bolsa-da, ol erksöýüji halkymyzy milli garaşsyzlyk we özbaşdaklyk üçin göreşe çagyrdy.

## PIKIR EDIŇ

Türküstan Awtonomyýasynyň hökümeti gysga möhletiň içinde halkyň arasynda uly abraý gazanýar. Fitrat, Çolpan, Hamza ýaly özbek halkynyň hyjuwly şahyrlary awtonomyýa hökümetini goldap, ýalynly goşgular ýazýarlar. Fitrat awtonomyýa yglan edilen 27-ji noýabr gijesini «Milli gadyr gijämiz» diýip atlandyrýar. Türküstan ülkesiniň dürli şäherlerinde we obalarynda awtonomyýany alkyşlap, köp müň adamly çykyşlar bolup geçýär. Şol döwürde çykan gazetleriň ýazmagyna görä, çykyş gatnaşyjylarynyň baýdaklarynda «Ýaşasyn Awtonomyýaly Türküstan we onuň hökümeti!» diýip ýazylan sözler parlaýardy.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ülkedäki ilkinji demokratik we halkçyl hökümet bolan Türküstan Awtonomyýasynyň işi, gynansak-da, uzaga barmady. Bolşewikler we Daşkent Soweti (başlygy: Iwan Tobolin) oňa örän uly howp diýip garadylar hem-de tizlik bilen ýatyrmaga çalyşdylar. Türküstan ülkesiniň işçi, soldat we daýhan deputatlary Sowetleriniň 1918-nji ýylyň 19–26-njy ýanwarynda bolup geçen adatdan daşary IV gurultaýynda Türküstan Awtonomyýa hökümetini güýç bilen ýatyrmaga karar edýärler.

Türküstan Respublikasynyň Halk Komissarlar Soweti 1918-nji ýylyň 30-njy ýanwar güni harby hereketleri başlaýar. Türküstanyň bolşewikleri munuň üçin gyzyl gwardiýaçylardan daşary hakynatutma ýaraglanan toparlardan hem peýdalanýar. Netijede Kokant şäherinde köp ilat heläk bolýar. Türküstan Awtonomyýasy bolsa harby güýç ulanmak ýoly bilen ýatyrylýar.

1918-nji ýylyň 22-nji fewralynda Kokant şäherindäki Rus- Aziýa bankynyň binasynda bolşewikler tarapyndan taýýarlanan «parahatçylyk şertnamasyna» gol çekilýär. Bu şertnamanyň 2-nji maddasynda: «Ilatyň ülke Halk Komissarlary Soweti häkimiýeti we ähli ýerli sowet guramalaryny ykrar edýär», diýip ýazylandy.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Türküstan Awtonomyýasi nähili şertde we kimler tarapyndan döredildi?
2. Siz Türküstan Awtonomyýasyny demokratik döwletlilik nusgasy hökmünde häsiýetlendirip berip bilersiňizmi?
3. Bolşewikler Awtonomyýa näme sebäpden uly howp hökmünde garapdyr?
4. Awtonomyýa hökümetiniň ýeňilmeginiň esasy sebäplerini görkezip beriň.
5. Türküstan Awtonomyýasynyň tejribesinden nähili zerur sapaklar çykarmak mümkin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTAN ÜLKESINDE SOWET HÄKIMIÝETINIŇ DOLANDYRYŞ ULGAMYNYŇ ORNAŞDYRYLMAGY

## BU GÜN DERSDE

- Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy (Türküstan ASSR) düzülenliginiň yglan edilmegi.
- Türküstan komissiýasynyň düzülmegi.
- «Harby kommunizm» syýsaty.
- TYS (NEP) we Sowet häkimiýeti tarapyndan hususy eýeçiligi ýatyrmak işleri.

## PIKIR EDIŇ

1. Bolşewikler häkimiýetine Türküstanda «sowet awtonomyýasy»ny ornaşdyrmakdan nähili peýda bar?
2. 1918-nji ýyldaky Buhara we Hywa döwletleriniň araçäklerini kartadan görkeziň.
3. Buhara we Hywa hanlygyndan daşary çäklerde nähili dolandyryş düzümi bardy? Bu çäkler nähili we kim tarapyndan dolandyrylypdyr?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet häkimiýeti Russiýa degişli bolan çet ülkeler, şol sanda, Türküstanda hem «sowet awtonomyýasy«ny ornatmaga berk girişýär. Bu işi ýerine ýetirmek üçin sowet Russiýasynyň paýtagty Moskwadan ençeme partiýa we sowet işgärleri Türküstan ülkesine iberilýär.

Türküstan Awtonomyýasynyň derbi-dagyn edilmegi we bu ýerdäki syýasy ýagdaý Moskwanyň ünsüni Türküstana gönükdirdi. Sowet hökümetiniň tabşyrmagy bilen bolşewik P. Kobozew Orta Aziýanyň adatdan daşary komissary edip Daşkende iberilýär.

1918-nji ýylyň 30-njy aprelinde «Russiýa Sowet federasiýasynyň (RSFSR) Türküstan Sowet Respublikasy hakyndaky Düzgünnama» kabul edilýär.

Türküstan Merkezi Ýerine ýetiriji Komiteti we Türküstan Halk Komissarlary Soweti düzülýär. Düzgünnamada Türküstanda döwlet gurluşynyň esaslary, onuň çägi, ýokary kanunçylyk we ýerine ýetiriji edaralary, ýerli edaralar düzülmegi, wezipeleri we olaryň RSFSR bilen özara gatnaşyklary kesgitläp berilýär.

Şu Düzgünnama görä, RSFSR-iň düzüminde Türküstanda awtonom respublika – Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy (Türküstan ASSR) düzülenligi yglan edilýär. Oňa Buhara emirligi we Hywa hanlygyndan daşary, Türküstan ülkesiniň geografik araçäklerindäki bütin çäk girýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Düzgünnamada: «Türküstan Respublikasy awtonom ýagdaýda dolandyrylyp, öz hereketlerini Russiýa Sowet Federasiýasynyň merkezi hökümeti bilen laýyklaşdyrýar», – diýlip bellenýär. Moskwa ýene bir edara – Türküstan komissiýasyny düzýär. Türküstan ASSR-däki jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni prosesler bilen bagly ähli möhüm meseleler diňe olaryň razylygy bilen çözülip başlanypdyr.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Türküstan ASSR nähili gurluşdy? Ol näme maksatda döredilipdi?
2. Moskwanyň Türküstan komissiýasyny düzmekden maksady näme bolan diýip oýlaýarsyňyz?Näme üçin?
3. Türküstan ASSR-daky jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni işler diňe Türküstan komissiýasynyň razylygy bilen çözülýän bolsa, döwlet özbaşdak bolarmy?
4. Bu mesele «Türküstanda ýaşap duran dürli millete degişli ilaty Rus rewolýusiýasynyň çagyryş eden halklaryň öz hukuklaryny özleri kesgitlemek barasyndaky» çagyryşyna nähili dogry gelýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

- 1918-20-nji ýyllar «harby kommunizm» diýip at aldy. Onuň mazmuny bütin senagat önümçiligi döwletiň elinde jemlenip, berk merkezleşdirmek esasynda dolandyrylypdyr;
- daýhanlar özüniň ýetişdiren önüminiň artykmajyny döwlete tabşyrypdyr (azyk razwýorstkasy, ýagny bölünişigi);
- döwlet bolsa azyk we senagat önümlerini paýlamagy öz eline alan; bazar ýok edilip pul dolanyşygy natura (önümler) bilen çalşyryldy;
- zähmete ýaramly ähli ilat mejbury zähmete çekildi (zähmet militarizasiýasy) we başgalar.

Türküstan ülkesinden Merkeze azyk önümlerini äkitmek barha güýjeýärdi. 1920-nji ýylda daşap äkidilýän çörek önümleri we başga azyk görnüşleriniň mukdary birnäçe esse köpelipdir.

Şol wagtda däne ýetişdirmäge ýöriteleşen Türküstanyň oba hojalygy üçin bu uly mukdardaky hasyl hasaplanypdyr. Halk açlykdan gyrylýan bir mahalda Türküstandaky azyk ätiýaçlyklaryndan bolşewikler özleriniň harby maksatlar üçin peýdalanypdyrlar.

«Harby kommunizm» syýasaty öz mazmunyna görä halka garşy gönükdirilen bolup, sosializm gurmak usuly hökmünde umuman ýaramsyzdy. Sowet häkimiýeti Türküstandaky ähli fabrik-zawodlary öz eýeleriniň elinden çekip alyp, ondan ilki bilen goranyşy niýetlenen önümleri öndürmekde peýdalanýar. «Harby kommunizm» syýasaty netijesinde telekeçilik bilen meşgullanyp gelen jemgyýetler dargadyp goýberilýär. Iri we orta senagat kärhanalary bilen bilelikde banklar, demir ýol transporty, çaphanalar döwletiň hasabyna geçirilýär.

Hususy mülk eýeleri mugthor diýip yglan edilip, raýatlyk hukuklaryndan mahrum edilýär. Bazar gatnaşyklary ýok edildi.1921-nji ýylyň baharyna gelip döwletiň ykdysady gatnaşyklarynda düýpli özgerişler emele gelýär.

NEP-iň (**Täze ykdysady syýasat**) esasy ykdysadyýet, halk hojalygyna ýolbaşçylyk etmegiň harby-kommunistik usullaryndan

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä taryhyndan alan bilimleriňiz esasynda aşakdaky soraglara jogap beriň:

1. «Harby kommunizm» syýsatynyň ähmiýeti nämeden ybaratdy?
2. Russiýanyň özünde bu syýasat nähili amala aşyryldy?
3. Näme üçin bolşewikler sowet häkimiýetiniň ilkinji döwründe (1918 – 1920) alyp baran syýasatyna «harby kommunizm» diýip at alypdyr?


Angren känindäki şahtýor



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýüzöwürmek, öndürijlere, ilki bilen daýhanlara ençeme azatlyklary bermekden ybaratdy.

Sowet häkimiýeti tarapyndan hususy eýeçiligi ýatyrmak maksadynda Orta Aziýada ýer-suw reformasy amala aşyrylýar.Ýer-suw reformasy baý-kulak hojalyklaryny ýok etmek we göç ilaty oturymly ýagdaýa geçirmek, uly ýer eýelerini ýok edip, ýerleri ýersizleriň we az ýerli daýhanlaryň, batraklaryň, kärendeçileriň zähmet normalary boýunça paýlamakdan ybaratdy.

Reformalaryň ilkinji netijesine görä ýer düzüş fonduna 1.722.626 desýatina ýer goşulýar. Emma sowet häkimiýeti tarapyndan ynha şu resurslardan ýerli ilata diňe 600.000 desýatina ýer ekin ekmek we ýaýlalar üçin bölüp berilýär.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä tarhyndan alan bilimleriňiz esasynda aşakdaky soraglara jogap beriň:

1. NEP haçan kabul edildi?
2. NEP maksatnamadan gözlenen maksat nämedi?
3. NEP Türküstan ülkesine nähili täsir etdi?

Orta Aziýada Sowet häkimiýeti tarapyndan hususy eýeçiligi ýatyrmak 1921-1922-nji ýyllardan başlanýar. Ilki Türküstan ASSR we Gazagystan ASSR-de Ýedisuw, Syrderýa, Fergana, Samarkant welaýatlarynda uly ýer eýeçiligi ýok edilýär. Bu özgertme prosesinde wakf ýerleri ýok edilip başlanýar.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Türküstanda sowet awtonomyýasyny düzmekden göz öňünde tutulan maksat nämedi?
2. Türküstan sowet awtonomyýasy many we mazmun taýdan näme üçin ýerli ilatyň düýp bähbitlerine jogap berip bilmeýärdi?
3. Türküstan Kompartiýasyny düzmek zerurlygy nähili sebäpler bilen baglydy?
4. Turkkomissiýanyň işi hakynda nämeler diýip bilýärsiňiz?
5. Täze ykdysady-syýasaty yglan etmekden esasy maksatlary bilýärsiňizmi?
6. Türküstanda geçirilen ýer-suw reformasynyň birinji basgançagynda nämelere esasy üns berilipdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKÜSTAN ASSR, BHSR WE HHSR-da SOWET HÄKIMIÝETINE GARŞY ÝARAGLY HEREKETLER

## BU GÜN DERSDE

- Garaşsyzlyk hereketiniň başlanmagy.
- Garaşsyzlyk tarapdarlarynyň maksatlary, hereketiň ýatyrylmagy.

## PIKIR EDIŇ

Türküstan awtonomyýasynyň ýatyrylmagy netijesinde ülkede sowet häkimiýetine garşy ýaragly göreş başlanýar. Milli-azatlyk hereketi üznüksiz 20 ýyla golaý, 1918–1935-nji ýyllara çenli dowam edýär.

Olara Uly Ergaş, Kiçi Ergaş, Madaminbek, Şermuhammetbek, Ibrahimbek, Fuzaýl Mahsum ýaly milli öňdebaryjylar baştutanlyk edipdirler.

Garaşsyzlyk hereketi kä güýjäp, peselip durupdyr. Hereketiň esasy maksady Türküstanyň garaşyzlygy üçin göreş bolýar.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstanda sowet häkimiýetine garşy göreş 1918-nji ýylyň fewral aýynyň ahyrlarynda başlanýar. Hereketiň baş taglymy Türküstanyň garaşsyzlygydy. Fergana jülgesindäki garaşsyzlyk hereketi 1919-njy ýylyň tomsunyň ahyry we güýzünde özüniň iň ýokary derejesine çykýar. Madaminbekiň ýolbaşçylygyndaky goşunyň sowet hökümetine garşy hüjümi Fergana jülgesini lerzana getirýär. 1919-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda Pamiriň Ergaştam awulynda bolan ýygnakda Madaminbek baştutanlygynda Fergana wagtlaýyn awtonom hökümeti düzülýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Garaşsyzlyk hereketiniň agzalarynyň duşuşygy.
1921-nji ýyl. Fergana



Hökümetiň düzümine 16 sany ýerli ilatyň wekilleri girizilipdi. Madaminbek hökümetiň başlygy bolmak bilen goşunyň Belent serkerdebaşy edip hem bellenýär.

1919-njy ýylyň güýzüniň ahyryna gelip Madaminbekiň gol astynda 30.000-e golaý ýigit gyzyl goşuna garşy garaşsyzlyk soweşlerini alyp barýarlar. Bu wagtda Şirmuhammetbekiň elinde 20.000, Uly Ergaş kurbaşyda 8.000 sany esger bolupdyr. Ynha şu üç sany leşgerbaşy jülgedäki söweşjeň hereketleri dolandyryp durýarlar. Fergana jülgesine bolşewikler tarapyndan goşmaça güýçleriň iberilmegi netijesinde 1920-nji ýylyň ýanwar aýynyň ortalaryna gelip söweşjeň başlangyç gyzyl goşunyň eline geçýär. Uly Ergaş kurbaşynyň goşuny ýeňlenden soň, Şirmuhammetbek esasy güýçlerini alyp Alaý jülgesine çekinýär.

Madaminbek wagtdan peýdalanmak üçin Fergana frontunyň goşunlarynyň serkerde-



*Книга предоставлена исключительно в образовательны
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

başyna ýaraşyk gepleşiklerini başlamagy teklip edýär. Netijede Madaminbek bilen 2-nji Türküstan okçy diwiziýasynyň başlygy N. Werýowkin-Roholskiýniň ortasynda 1920-nji ýylyň 6-njy martynda Skobelew şäherinde ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär.

Ýöne aradan köp geçmän, 1920-nji ýylyň maýynda sowet serkerdebaşy tarapyndan kurbaşylar oʻrdasyna iberilen Madaminbek näanyk ýagdaýda öldürilýär.Türküstandaky hereket 1920-nji ýylyň tomsunda we güýzünde özüniň täze basgançagyna geçýär. Fergana jülgesi we Samarkant welaýatyndaky watanperwerler bilen bir hatarda indi Buharada we Horezmde hem gyzyl goşuna garşy göreş başlanýar.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

BHSR Merkezi Ýerine ýetiriji Komitetiniň başlygy Osman Hoja, harby işler inspektory Abdulhamid Oripow hem-de Muhiddin Mahsum Hojaýew, Ali Riza Efendi, Suraýýa Efendi, Kulmuhamedow we başga milli ýolbaşçy işgärler öz wezipelerini terk edip, oppozisiýadaky ýaragly hereketiň hataryna geçmegi köp zatlary delillendirýär.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Buharada emirlik düzümi agdarylandan soň, 1920-nji ýylyň sentýabr aýynda Gündogar Buhara (Kölab, Kelif, Baljuwan welaýatlaryna) gelen öňki emir Alymhan uly güýç toplap, gyzyl goşuna garşy göreşe ýolbaşçylyk edýär. 1921-nji ýylyň mart aýynda birnäçe söweşlerde ýeňlişe sezewar bolan Alymhan Owganystan döwletine geçip gidýär.

Günbatar Buharada Mulla Abdulkahhar, Gündogar Buhara çäklerinde Ybrahymbek we Döwletmandbek ýaly kurbaşylar herekete ýolbaşçylyk edýärler.

Gysga möhletiň dowamynda Mulla Abdulkahhoryň ýolbaşçylygynda paýtagt Buharanyň etraplarynda leşger toplanýar we gyzyl goşuna garşy söweşjeň hereketler alnyp barylýar. Onuň gol astynda Buharanyň günbatar böleginde 20 sany kurbaşy birleşipdir. Mulla Abdulkahhor kurbaşy Gyzylgumda gyzyl esgerlere garşy bolan söweşleriň birinde 1924-nji ýylyň ahyrynda heläk bolýar.

Ybrahymbekiň gol astyndaky Gündogar Buhara çäklerinde täze Buhara hökümeti ýatyrlyp, onuň ýerine emirlik döwründäki dolandyryş usuly yglan edilýär. Türküstan frontunyň syýasy müdirligi tarapyndan Ybrahymbek bilen başga kurbaşy toparlarynyň arasynda dawa çykarmak üçin görkezmeler berilýär. Ybrahymbek kurbaşy köp ýyllaryň dowamynda Gündogar Buharada gyzyl armiýa garşy mertlerçe söweşýär.

Buharadaky garaşsyzlyk hereketiniň ýolbaşçylarynyň arasynda Türkiýeden gelen generallar – Anwar Paşa we Salim Paşa aýratyn tapawutlanýar. Anwar Paşa 1921-nji ýylyň güýzünde Mulla Nafis gurbaşy bilen duşuşyp, ýörite beýannama bilen çykýar hem-de türküstanlylaryň we buharalylaryň sowet režimi we gyzyl goşuna garşy göreşine goşulanlygyny yglan edýär. Anwar Paşanyň tagallalary bilen Gündogar Buharada birleşen bölümler döredildi we ol türk ofiserleri bilen pugtalandy, günbatara mahsus komandirlik usuly yglan edilýär. Anwar Poşşa 1922-nji ýylyň awgustynda Gündogar Buharanyň Baljuwonyň töweregindäki Obidara obasynda gyzyl esgerlere garşy bolan söweşde mertlerçe heläk bolýar.


Garaşsyzlyk hereketine gatnaşyjyjylar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Horezmde Jüneýithanyň ýolbaşçylygyndaky ýaragly toparlaryň hatarynda türkmenlerden we özbeklerden daşary gazaklar we garagalpaklar hem köpdi. Köne Ürgençde, Daşhowuzda, Maňňytda, Koşköpirde, Çimbaýda, Goňratda we Dörtkölde hereket eden onlarça serdarlaryň toparlary gyzyl esgerlere aýgytly zarba beripdir. Jüneýithan taryh sahypalarynda çylşyrymly we özdiýenli şahs hökmünde yz galdyrypdyr. Ol ilki Rus imperiýasyna we Hywa hanlygyna garşy göreşen bolsa, 1918-nji ýylyň ortalaryndan başlap gyzyl esgerlere garşy özbaşdaklyk üçin söweşe giripdir.

Jüneýithan 1924-nji ýylyň 17-nji iýunynda özüniň 20 sany ýoldaşy bilen Owganystandaky Hyrat şäherine gelýär. Çeşmelerde aýdylmagyna görä, ol bu ýerden durup öz goşunlarynyň hataryny doldurmaga taýýarlanypdyr. Aradan köp wagt geçmän, Jüneýithan HHSR çäklerine gaýdýar we özbaşdaklyk hereketine ýolbaşçylygy dowam edýär.

Hereketiň düýp esasyny sowet serkerdeliginiň wekilleri hem ykrar etmäge mejbur bolýarlar. Türküstan frontunyň serkerdebaşy M.Frunze: «Basmaçylyga garşy göreş bütinleý täze, başga aýratynlygy bolan, özboluşly duşman bilen göreş diýmekdir», diýip ýazypdy. Onuň gepine görä «ýok bolsun sowet häkimiýeti!» we «Garaşsyz bir musulman döwletini düzeris!» jümleleri hereketiň esasy taglymyny aňladýardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1921-nji ýylyň iýun–sentýabr aýlarynda jülgede 200-dan artyk kurbaşy toparlary hereket edipdir.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Garaşsyzlyk hereketiniň iň gowşak tarapy nämelerden ybarat diýip pikir edýärsiňiz?
2. Teksti okap pikir bildiriň.

«... Türküstanyň göwheri bolan Fergana iki ýyldan gowrak wagtdan bäri ganly uruş maýdany ýagdaýyndadyr... Bu ýerdäki sowet häkimiýeti ilkinji gurluş döwründe rus we ýerli işçi, daýhan köpçüligini özüne çekmegiň ýerine zähmetkeş halky özünden uzaklaşdyrmak üçin elinden gelen hereketi etdi...

Bu ýerde hereket eden gyzyl esger bölümleri, rewolýusiýany goran käbir başlyklar ýerli zähmetkeş halkyň düýp bähbitleri bilen işi bolmady, onuň arzyny diňlemedi. Basmaçylyk hereketi şu esasda emele geldi».

M. Frunze



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1924-nji ýylyň güýzünde Orta Aziýada milli-çäk serhediň geçirilmegi netijesinde ýaragly göreşiň birinji döwri gutarýar.

Onuň ikinji döwrii (1925 – 1935-ýyllar) bolsa ýene 10 ýyl dowam edip, özüniň harakteri we güýçleriň gatnaşygy taýdan öňki döwre garanda örän tapawutlanýardy.

Bu döwürde esasan Gündogar Buhara, Horezm oazisi we Fergana jülgesiniň käbir çäklerinde söweşler dowam etdi. 1935-nji ýyla gelip Türküstandaky garaşsyzlyk hereketi ýeňilýär. Diri galan göreşijileriň köpçüligi daşary döwletlere emigrant bolup gitmäge mejbur bolýar.

Garaşsyzlyk hereketiniň iň gowşak tarapy onuň Türküstan sebitinde ýeke-täk merkeze doly birleşip bilmänligi we harby taýýarlygyň ýeterli derejede däldigindedi.

Şonuň ýaly-da, özbaşdaklyk hereketine hiç bir baglanyşygy bolmadyk käbir jenaýatçy toparlar talaňçylyk we basmaçylyk bilen meşgullanyp, ençeme günäsiz adamlary öldürýär. Mundan gyzyl goşunyň komandirleri we boşewikler ussatlyk bilen peýdalandylar. Olar ýörite içalylaryň we dönükleriň kömeginde hereketiň içindäki agzybirligi dargadyp, käbir toparlaryň başlyklarynyň arasynda agzalalygy güýçlendirmäge hereket etdiler.

Sowet döwründe bu garaşsyzlyk hereketiniň wekilleri «basmaçylar» diýlip atlandyrylypdyr.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Nähili sebäpler Türküstanda sowet häkimiýetine garşy ýaragly hereketi getirip çykardy?
2. Ferganadaky hereket başlyklarynyň arasynda kimleriň atlaryny aýratyn tapawutlandyryp görkezen bolardyňyz?
3. Madaminbekiň şahsyny nähili bahalaýarsyňyz?
4. Samarkantdaky hereket başlyklarynyň arasynda kimleriň atlaryny aýratyn tapawutlandyryp görkezen bolardyňyz?
5. Jülge kurbaşylarynyň bir-birleri bilen ýeterli derejede birleşip bilmänliginiň sebäplerini nähili düşindirýärsiňiz?
6. Näme sebäpden BHSR hökümetiniň agzalarynyň käbirleri kurbaşylaryň tarapyna geçip gitdiler?
7. Buharada we Horezmde gyzyl goşuna garşy garaşsyzlyk hereketiniň başlanmagyna nämeler sebäp boldy?
8. Garaşsyzlyk hereketiniň ýeňilmegi bilen bagly faktorlary sanap beriň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ORTA AZIÝADA ÇÄK ÇEKME

## BU GÜN DERSDE

- Orta Aziýada milli çäk çekme.
- TASSR, BHSR we HHSR-laryň ýatyrylmagy.
- Öybegistan SSR-niň döredilmegi.

## PIKIR EDIŇ

7-nji synp «Özbegistanyň taryhy» dersliginden ülkämiziň haçandan başlap «Türküstan» ady bilen atlandyryp başlanandygyny ýadyňyza salyň! Ülkämiziň çäginiň beýle at almagy boýunça nähili faktorlar bar?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Orta Aziýada çäk çekme meselesi 1924-nji ýylyň başlaryndan amala aşyrlyp başlanýar. 1924-nji ýylyň fewral-iýun aýlarynda SSSR-däki merkezi organlar, Türküstan, Buhara, Horezm kommunistik partiýalary we RKP(b) MK Orta Aziýa býurosy milli serhet meseleleri boýunça güýçli iş alyp bardylar.

Türküstan we Buhara Kompartiýalary Merkezi Komitetleriniň ýanynda ýörite komissiýalar düzüldi.



Turar Riskulow

Turar Riskulowyň ýbaşçylygyndaky bir topar milli kommunistler 1920-nji ýylda turki halklar birleşip, olaryň taryhy kökleri, dinleri däp-dessurlary we medeniýeti ýakyndyr, ýeke-täk Türküstany aýratyn böleklere bölüp bolmaýar, diýen taglymy öňe sürdüler. Emma Merkez kommunistleri bu pikiri inkär edip, ony «panturkizm», «panislamizm», «buržuaz milletçiligi we saga dönükligi» diýip bahalady.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä taryhy dersligindäki maglumata esaslanyp, «panturkizm», «panislamizm», «buržuaz milletçiligi», «kommunist» ýaly düşünjelere düşündiriş beriň. Olaryň ülkämiziň taryhyna nähili baglanyşygy bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet häkimiýetiniň serhet çekmek syýasatyna ilki bilen Türküstan ASSR, BHSR we HHSR ýolbaşçylary garşy bolupdyrlar. 1924-nji ýylyň fewralynda Buhara Kompartiýasy serhet meselesi boýunça Faýzulla Hojaýew tarapyndan ýazylan tezisleri kabul edýär.

Onda RKP(b) MK Orta Aziýa býurosynyň bu ugurdaky pikirleriniň ýalňyşdygy tankyt edilipdi. 1920-nji ýylyň 10-njy martynda bolan Türküstan ASSR MIK we Türküstan Kompartiýasynyň birleşen maslahatynda Sultanbek Hojanow, Sanjar Asfandiýarow, N.Paskuskiý ýaly partiýa işgärleri Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Orta Aziýa federasiýasyny düzmek teklibi bilen çykýarlar.

Şonuň bilen birlikde S.Hojanow Türküstan ýeke-täk we bütin, onuň bitewiligini bozmak maksada laýyk däl, diýip nygtaýar.

Mundan daşary, 1923-nji ýylyň dekabrynda Fergana jülgesiniň wekilleri RSFSR-iň düzüminde Fergana awtonom welaýatyny döretmek baradaky teklip bilen çykypdylar. Gepleşikler barha güýjeýärdi.

HHSR ýolbaşçylarynda hem aýratyn pikirler bolupdyr. 1924-nji ýylyň 8-nji maýynda bir topar Horezmiň ýolbaşçylary RKP(b) MK-a «Horezmde milli meseleleri çözmek hakynda hat» goýberip, oňa Horezmi serhetlenmäge goşmazlygy haýyş edýärler. Olar özleriniň şu pikirlerini respublikanyň uzakda ýerleşenligi, ykdysady taýdan bölünip duranlygy bilen esaslandyrýarlar. Bu pikiri goldan Horezm Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň jogapkär sekretary Kalandar Odinaýew 1924-nji ýylyň iýulynda öz wezipesinden alyp taşlanýar we HHSR çäkleri milli serhet çekmä çekilýär.

Sultanbek Hojanow milli meselede «dönüklige» ýol bermekde aýplanan we 1937-nji ýylyň 16-njy iýunynda tussag edilen we atmaga höküm edilen (1938-nji ýyl 8-nji fewral). 1957-nji ýylda aklanypdyr.





Horezm halk sosialistik respublikasynyň gerbi we teňňesi

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. S.Hojanow Türküstan ýeke-täk we bütin, onuň bitewiligini bozmak maksada laýyk däl, diýip nygtanda nämäni göz öňünde tutupdyr?
2. Pikir ediň! Sowet häkimiýetine näme üçin milli serhet çekme gerekdi? Mundan gözlenen esasy maksat näme bolupdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1924-nji ýylyň 15-nji iýulynda RKP(b) MK Orta Aziýa býurosy täze döredilen milli respublikalar we oblastlaryň wagtlaýyn býurosyny döredýär. Özbekler býurosynyň düzümine Faýzulla Hojaýew, Rustam Islamow, Akmal Ikramow, Kari Ýoldaş Polatow, Muhtarjon Saidjanow, Kalugin agza hökmünde, Inoýatow kandidat hökmünde girizildi.

1924-nji ýylyň 12-nji iýunynda I. W. Staliniň teklibi bilen RKP(b) MK Syýasy býurosynyň «Orta Aziýa respublikalaryny milli-territorial araçäklemek hakynda» ýörite karari kabul edilýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. «Milli respublikalary düzmek zerurlygy baradaky taglymynyň başyny başlaýjylar öz pikirlerini Türküstandaky ýerli halklaryň durmuşynda deňsizlik barlygy we milli dawalaryň güýçlenip barýanlygy bilen esaslandyrýarlar».
   Ýokardaky pikiri düşündiriň. Aslynda näme nazarda tutulypdy? Jogaplaryňyzy garaşsyzlyk hereketleri bilen baglanyşdyryp düşündiriň.
2. Milli serhet çekme döwründe hojalyga degişli ykdysady faktorlaryň, bar bolan suw resurslary we suwaryş ulgamlarynyň umumylygynyň hasaba alynmazlygy nämelere sebäp boldy?
3. Suw resurslary diýende nämeler göz öňünde tutulýar?
4. Bu araçäkleme Özbegistanyň ykdysadyna nähili täsir edýär?

## PIKIR EDIŇ

1918–1924-nji ýyllarda bar bolan Türküstan ASSR, BHSR, HHSR-yň ýerli halklary asyrlaryň dowamynda durmuş derejesi we däp-dessurlary taýdan bir-birlerine örän ýakyn bolupdyr. Türküstandaky dürli döwletleriň her birinde özbekler, türkmenler, garagalpaklar, gazaklar, gyrgyzlar, täjikler ozaldan ýanaşyk ýaşapdyr. Bu taryhy dörän umumy hadysady. Türküstan sebitiniň halklary şu topragy, Turanzemini gadymdan özleriniň ýeke-täk Watany diýip bilipdirler.



Çäkleri gaýtadan bellemek we çäk çekme tarapdarlary dil tapawutlary, milli tapawutlara köpräk üns berip, hojalyga degişli ykdysady faktorlary, bar bolan suw resurslary we suwaryş ulgamlarynyň umumydygyny üns bermeýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Hywadaky medrese howlusyndaky ýygnak



## MAGLUMAT ÜÇIN

Türküstan ASSR syýasy ýolbaşçylarynyň arasyndaky ýewropalylar bilen ýerli halklaryň arasyndaky dawalar, käbir gazak we täjik kommunistleri hemde başgalaryň toparlanmagy öz-özünden Türküstan halklarynyň arasyndaky gatnaşyklara göçürilýär.

RKP(b) MK Baş sekretary I.W. Stalin, RKP(b) MK Orta Aziýa býurosynyň başlygy Ý.Rudzutak we başgalar Orta Aziýada milli dawalaryň bardygyny nygtamakdan ýadamadylar. Netijede, milli mesele Merkez tarapyndan emeli ýagdaýda çişirilip goýberilýär we bu ýagdaý täze dörediljek milli respublikalar we welaýatlaryň çäklerini düýpli gaýtadan bellemek üçin aýgytlaýjy esasy delil hökmünde öňe sürülýär.

1924-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Moskwada bolan Bütinsoýuz (SSSR) Merkezi Ýerine Ýetiriji Guramasynyň III sessiýasy Orta Aziýada milli respublikalary düzmek barada ýörite karar kabul edýär.

1924-nji ýylyň sentýabr-oktýabr aýlarynda Orta Aziýada geçirilen milli-ýerli serhetlenme Orta Aziýa respublikalarynyň, RSFSR we SSSR-iň ýokary organlary tarapyndan kanuny güýje girdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Orta Aziýanyň çägindäki Türküstan ASSR-i, Buhara we Horezm respublikalarynyň ornunda alty sany milli döwlet birleşmeleri döredildi:

- Özbegistan SSR-i;
- Türkmenistan SSR-i;
- Özbegistan SSR-niň düzüminde-Täjigistan ASSR (1929-njy ýyla çenli);
- RSFSR düzüminde Garagyrgyz (Gyrgyzystan) awtonom welaýaty;
- RSFSR düzüminde Gazagystan ASSR;
- Gazagystan ASSR düzüminde Garagalpak awtonom welaýaty.
- Soňra Garagalpagystan-ASSR-i, 1936-njy ýyldan ÖzSSR düzümine giren.






## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. HHSR wekilleri öz çäklerini milli-ýerli serhetlenmäge goşmak gerek däldigini nämeler bilen esaslandyrypdy?
2. Milli respublikalary düzmek zerurlygy taglymynyň başyny başlaýjylary öz pikirlerini nähili esaslandyrdylar?
3. Sowetleriň Orta Aziýada milli-ýerli çäk çekme geçirmekden esasy maksady nämedi?
4. XX asyryň 20-nji ýyllaryň ortalaryna gelip Orta Aziýanyň syýasy kartalarynda nähili özgerişler bolup geçdi?
5. Türküstan ASSR, Buhara we Horezm respublikalarynyň ornunda nähili respublika we welaýatlar döredildi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTAN SSR-niň DÖREDILMEGI



Orta Aziýany milli çäk çekme komissiýasy

## BU GÜN DERSDE

- Özbegistan SSR-niň düzülmegi, onuň çäkleri we ilaty.
- Özbegistan SSR-de administratiw-ýerli bölünişler.
- Özbegistan SSR-niň paýtagtlary.

## PIKIR EDIŇ

1. SSSR haçan döredilipdi? Onuň düzümindäki respublikalaryň hukuk derejesine nähili baha berýärsiňiz?
2. Haýsy normalar esasynda bu çäkler Özbegistan SSR-niň çägine girizilen diýip pikir edýärsiňiz?

Türküstan ASSR-de 9 uýezd, 133 etrap we 7 oba okrugy; Buhara respublikasynyň 9 welaýaty; Horezm respublikasynyň 23 etraby bolupdyr.

1924-nji ýylyň ahyrynda Orta Aziýa respublikalarynda jemi 8.131.062 adam ýaşan bolup, olaryň ýarysyna golaýy Özbegistanda ýaşapdyr. Gurultaýda respublikanyň ýokary organlary: Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň Merkezi Ýerine ýetiriji Komiteti (ÖzSSR MÝK) we Özbegistan SSR Halk Komissarlary Soweti (ÖzSSR HKS) düzülipdir.

## MAGLUMAT ÜÇIN

1925-nji ýylyň 13-17-nji fewral günleri Buharada bolup geçen Bütin özbek (Özbegistan SSR) Sowetleriniň I esaslandyryjy gurultaýynda «Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasyny döretmek hakynda Deklarasiýa» kabul edilýär.

Deklarasiýada täze düzülen Özbegistan SSR-njň düzümine Daşkent, Samarkant, Fergana, Kaşkaderýa Zerewşan (Buhara), Surhanderýa, Horezm welaýatlary we Täjigistan ASSR-nyň giryänligi aýratyn nygtalýar.

Gurultaýda Faýzulla Hojaýew Özbegistan SSR Halk Komissarlary Sowetiniň başlygy, «Koşçy» birleşmesiniň aktiwi Ýoldaş Ahunbabaýew Özbegistan SSR Merkezi Ýerine Ýetiriji Komitetiň başlygy wezipelerine saýlanýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Samarkant şäheri respublikanyň merkezinde ýerleşen bolup, bu ýagdaý täze döredilen Özbegistan SSR çäginiň ähli bölümlerinde sowet guramalarynyň işini gowulandyrmaga kömek berdi.

Ýerli häkimiýet organlary pugtalanyp, olaryň merkezi hökümet edaralary bilen gatnaşyklary güýçlenenden soň Özbegistanyň paýtagty 1930-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda respublikanyň iň möhüm ykdysady, syýasy we medeni merkezi bolan Daşkent şäherine göçürildi.

Özbegistan SSR dörän wagtda 1925-nji ýyl fewral – aprel dowamynda Buhara şäheri, 1925-nji ýylyň aprelinden 1930-njy ýylyň sentabryna çenli Samarkant şäheri Özbegistan SSR-niň paýtagty bolupdyr.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Özbegistan SSR hökümetiniň başlygy Faýzulla Hojaýew bir gijede paýtagty Samarkantdan Daşkente göçürip getiripdi.

## MAGLUMAT ÜÇIN

1925-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda ilkinji gezek administratiw-ýerli bölüniş geçirilip, 7 welaýat (Zerewşan, Samarkant, Daşkent, Fergana, Surhanderýa, Kaşkaderýa, Horezm) we aýratyn Konimeh etraby döredilýär. 1926-njy ýylyň 29-njy sentýabrynda 10 okrug (Horezm, Buhara, Orta Zerewşan, Samarkant, Daşkent, Hojant, Kokant, Andijan, Surhanderýa, Kaşgaderýa) we aýratyn Konimeh etraby düzülýär.

«Türküstan ülkesini dolandyrmak hakyndaky Düzgünnama» görä, Türküstan general-gubernatorlygy welaýatlara (oblast), etraplara (uýezd), jabhalary (uçastok), wolostlara we aksakgallyklara bölünipdir.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

«Türküstan ülkasini dolandyrmak hakyndaky Düzgünnama» görä, Türküstan general-gubernatorlygynda nähili ýerli birleşmeler bolupdyr we olar nähili atlandyrylypdyr?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

ÖzSSR düzülmeginiň öňüsyrasynda, 1925-nji ýylyň 6–12-nji fewralynda köne Buhara şäherinde bolup geçen Özbegistan Kommunistik partiýasynyň I esaslandyryjy gurultaýynda Özbegistan Kommunistik (bolşewikler) partiýasy guramaçylyk taýdan resmileşdirilýär. Özbegistan Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň jogapkär sekretarlary edip Wladimir Iwanow we Akmal Ikramowlar saýlanýar.

Sowet häkimiýeti ýyllarynda respublikanyň syýasy durmuşynda Özbegistan Kommunistik partiýasy esasy rol oýnapdyr. Özbegistanyň partiýa guramasy respublikanyň we özbek halkynyň bähbitlerini hasaba alman Moskwada işläp çykylan kararlary ýerine ýetiripdir.

Özbegistan Kompartiýasy aslynda Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň (KPSS) Özbegistan SSR-indäki filialy hasaplanypdyr.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Häzirki günde Özbegistanda näçe sany welaýat we etrap bar?
2. Bu günki günde ýurdumyzda nähili ýerli birlikler bar we olar nähili atlandyrylýar?
3. Özbegistan Kompartiýasyny düzmekden näme peýda bardy?
4. Özbegistan Respublikasy Russiýanyň ülkelerine nähili önümleri ýetişdirip berip başlapdyr? Bu haçana çenli dowam edipdir?





... в учительных ... UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1927-nji ýylyň 30-njy martynda ÖzSSR-iň birinji Konstitusiýasy kabul edilýär. Bütin Soýuzda bolşy ýaly Özbegistanda hem zähmetkeşleriň iň köpçülikleýin guramasy kärdeşler bileleşigi (profsoýuzlar) hem partiýa komitetlerine doly bakna bolupdyr. 1925-nji ýylyň 21-nji martynda Özbegistan profsoýuz guramalary esaslandyrylýar. Özbegistan profsoýuz guramalary respublika soweti (Uzsowprof) Bütinsoýuz Profsoýuz guramalarynyň Merkezi Soweti (WSSPS) ýolbaşçylygynda iş alyp barypdyr.

1925-nji ýylda Özbegistanyň leninçi kommunistik ýaşlar soýuzy (ÖzLKSM) döredilýär.

Özbegistandaky daýhanlary taglym taýdan birleşdirip duran guramalardan biri «Koşçy» soýuzy bolupdyr. Ol 1920–1933-nji ýyllarda iş alyp barypdyr.

1925-nji ýylda 200.000 adamy özüne birleşdiren bu soýuz hem ýuwaş-ýuwaş bolşewikleriň obadaky zorluk syýasatynyň esasy daýanjyna öwrülýär.

Ähli birleşmeler (guramalar, bileleşikler) sowet aňyýetini berkitmäge we ony ösdürmäge hyzmat edipdir.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä taryhyndan alan bilimleriňiz esasynda aşakdaky soraglara jogap beriň:

Bütinsoýuz leninçi kommunistik ýaşlar soýuzy (WLKSM) haçan döredildi we onuň asyl maksady nämedi?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1926-njy ýylyň 1 – 12-nji dekabrynda Özbegistan SSR düzüminde Täjigistan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy (Täjigistan ASSR) düzülenligi hakynda deklarasiýa kabul edilýär.

1929-njy ýylyň 16-njy oktýabrynda Täjigistan ASSR ýerine Täjigistan SSR döredilýär we ol Özbegistan SSR düzüminden çykdy. Merkeziň buýrugy bilen Özbegistan SSR-niň Hojant okrugy Täjigistan SSR-e berilýär.

1936-njy ýylyň 5-nji dekabrynda garagalpagystan ASSR çägi Özbegistan SSR düzümine girizilýär. Bu günki günde garagalpak halky Özbegistan Respublikasynyň düzümindäki suweren Garagalpagystan Respublikasynda ýaşap, döredijilik işleri bilen meşgullanýarlar.

WKP (b) – Bütinsoýuz kommunistler (bolşewikler) partiýasy. KPSS-iň (Sowet Soýuzynyň kommunistik partiýasy)1925–1952-nji ýyllardaky ady.



## BILÝÄRSIŇIZMI?

1926-njy ýylda Täjigistan ASSR çägi 135 620 km$^2$, ilaty 739 503 adam bolupdyr.

Garagalpagystan 1925–1932-nji ýyllarda Gazagystanyň, 1932–1936-njy ýyllarda RSFSR düzüminde boldy.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. «Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasyny döretmek hakyndaky Deklarasiýa» görä döredilen Özbegistan SSR haýsy çäklerden ybaratdy?
2. Özbegistan SSR-nin paýtagty näme sebäpden ilki Samarkanda göçürülip, ondan Daşkente gaýtadan göçürilipdi?
3. Özbegistan Kommunistik partiýasynyň esasy wezipeleri nämelerden ybarat bolupdyr?
4. Bütünsoýuz profsoýuzy we komsomol ýaşlar guramalary näme maksatda döredilipdi?
5. Milli-ýerli serhetlenmekden soň Orta Aziýa respublikalary kartasyndaky Özbegistan SSR çägini häzirki Özbegistanyň kartasy bilen deňeşdiriň. Birmeňzeş we tapawutly tarapyny iki sütünde deňeşdiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SOWET HÄKIMIÝETINIŇ AMALA AŞYRAN REFORMALARYNYŇ ESASY. INDUSTRIALIZASIÝALAMA SYÝASATY WE ONUŇ NETIJELERI

## BU GÜN DERSDE

- Kulaklaşdyrmak syýasaty.
- Kollektiwleşdirmek.
- Ýekebara daýhan hojalyklarynyň ýatyrylmagy.

## PIKIR EDIŇ

1. «Kulaklar» – «muştumzorlar» diýen sözi eşitdiňizmi?
2. Şuralar halka nämeleri wada beripdi aslynda olaryň hereketi nähilidi?
3. 1918-nji ýyla çenli ýere eýelik etmek görnüşi nähilidi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Orta Aziýada milli-ýerli çäk çekme geçirilenden soň 1925–1929-njy ýyllarda ýer-suw reformasynyň ikinji basgançagy amala aşyrylýar. Reformanyň ikinji basgançagy birinjisinden tapawutlylykda uly ýer eýelerini (resminamalarda «kulaklar» – «muştumzorlar» diýipdirler) düýbünden çäklendirmek we olary synp hökmünde ýok etmek meselesini goýdy.

«Agrar rewolýusiýa»nyň strategiýasy we taktikasy (1925-nji ýylyň noyabry) tassyklanýar. Bu basgançak «Suw we suwy nasionalizasiýa etmek hakyndaky» we «Ýer-suw reformasy hakyndaky» dekretleri bilen başlanýar.

Bu reforma Özbegistanda ýerlerdäki şertlere we taýýarlyk derejesine görä üç basgançakda geçirilýär.

| Basgyjy | Birinji basgançak | Ikinji basgançak | Üçünji basgançak |
|---|---|---|---|
| Çägi | Fergana, Daşkent, Samarkant welaýatlary | Zerewşan welaýaty (Buhara we Orta Zerewşan okruglary) | Kaşkaderýa, Surhanderýa, Horezm okruglary |
| Döwri | 1925-1926-njy ýyllar | 1927-nji ýyl | 1928–1929-njy ýyllar |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Ýer-suw reformasyny geçirmek hakyndaky dekrete esasan Daşkent we Samarkant welaýatlarynda 40-50 desýatina we ondan köpräk suwarylýan ýerleri döwlet ýer fonduna geçirilmegi we daýhanlara bölüp berilmegi göz öňünde tutulypdy. Ýer bilen birlikde ähli işçi haýwanlary (öküz, at we b.), daýhançylyk enjamlary hem ellerinden alynýar.

1925–1929-njy ýyllarda geçirilen reformalar netijesinde ähli welaýatlarda 5000-e golaý baý hojalyklar ýok edilýär, 23 000-den gowrak ortaça hojalyklaryň «artykmaç» ýerleri elinden alynýar. Her bir baý we ortaça hojalyk üçin 7–10 desýatina çenli bolan ýer onuň özüne galdyrylmagy mümkindi. Emma ortaça daýhan hojalyklary hakyky daýhanlar bolup, olar ýerden öndümli peýdalanypdyrlar we önümçiligi giňeltmäge hereket edipdirler.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Siz nähili pikir edýärsiňiz, näme üçin ýer-suw reformalary we «kulaklaşdyrmak» syýasaty 20-nji ýyllarda başlandy?

Özbegistanda baý hojalyklar aşakdaky iki taýpa bölüpipdir:
1) 40-50 desýatina we ondan artyk suwarylýan ýeri bar bolan baý hojalyklar;
2) 10–40 desýatina çenli ýeri bar gurply daýhan hojalyklary. Soňluk bilen gurply daýhan hojalyklary «kulaklar» diýlip atlandyrylýar.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Kollektiwleşdirmegiň mejbury depginde amala aşyrylmagy hem-de kolhozlaryň we sowhozlaryň döredilmegi, täze ykdysady syýasat sebäpli öz hojalygyny dikelden daýhanlaryň kulak edilmegi netijesinde 1930-njy ýylda «Kollektiwleşdirmek we kulak hojalyklaryny ýok etmek hakyndaky» karar kabul edilýär.

Kollektiwleşdirmek emeldarlary daýhanlaryň mejlislerinde kolhoza girmedikler suwdan mahrum edilýär, senagat harytlary bilen üpjün edilmeýär, olara köp mukdarda salgyt salynýar hem-de ýaşaýan ýerinden sürgün edilýär, diýip gorkuzýarlar. Netijede köp etraplarda kollektiwleşdirmek birnäçe hepdäniň içinde amala aşyrylýar. Özbegistanda ilkinji kolhozlar (jemagat hojalyklary) we sowhozlar (döwlet hojalyklary) döredilýär.

Respublikadaky daýhan hojalyklarynyň 75 göterimi umumylaşdyrylan sektora, ýagny kolhozlara we sowhozlara birleşdirilýär. Özbegistanda oba hojalygyny kollektiwleşdirmek 1932-nji ýylda tamamlanýar.

Ýekeara daýhan hojalyklarynyň bir bölegi kolhozlardan daşarda galyp, emma olara ykdysady taýdan täsir etmek has-da güýçlenýär.

Şeýle hojalyklara salynýan oba hojalyk salgytlary artdyrylýar, döwlete mejbury tabşyrylýan önümiň möçberi hem kolhozlara garanda 50 göterime köpeldilýär. 1939-njy ýyla gelip Özbegistanda ýekebara daýhan hojalyklary düýbünden ýok edilýär.

1929-njy ýylda sowet jemgyýetinde bazar gatnaşyklary gurşawy ýok edilýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1934–1937-nji ýyllarda Özbegistandan kulaklaşdyrmak syýasaty netijesinde ençeme baý daýhan hojalyklary kulak edildi. Sowet häkimiýeti ýyllarynda kulaklyga çekilip, sürgün edilenlerden diri galanlarynyň erkin raýatlygyny alyp, öz ýurduna gaýtmagy agyr geçip, ol takmynan 20 ýyldan köpräk wagty, ýagny 1934–1956-njy ýyllary öz içine alýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Sowet hökümeti baý hojalyk we gurply hojalygyň arasyndaky tapawudy nähili norma esasynda ýüze çykarypdyr?
2. Gurply hojalyklaryň nähili görnüşdäki maddy baýlyklary elinden alnypdy?
3. Ýer-suw reformasynyň soňy nämelere getirdi?
4. Öýe iş: ýer-suw reformasynyň geçirilişine degişli jedweli dolduryň.

| Basgançagy | Birinji basgançak | Ikinji basgançak | Üçünji basgançak |
|---|---|---|---|
| Çäkleri | | | |
| Döwri | | | |
| Hadysalary | | | |
| Özboluşlylygy | | | |
| Netijeleri | | | |

5. Ykbaly kulaklaşdyrmak syýasaty bilen bagly bolan ýakyn garyndaşyňyz (ata-babalaryňyz)durmusy bilen bagly esse ýazyň.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ýurtda oba hojalygyny zorluk bilen kollektiwleşdirmek prosesinde 1928-nji ýylda senagaty industrlaşdyrmak hem amala aşyrylýar. Özbegistan üçin senagat gurluşyny giň depginlerde çaltlandyrmak örän zerurdy. 1927-nji ýylda ÖzSSR halk hojalygynda oba hojalygynyň ülşi 62,6 %, senagatyň ülşi 37,4 %-i düzýärdi, şunuň bilen birlikde senagat önümçiliginiň 90 göterimi oba hojalyk çig malyny gaýtadan işlemäge esaslanandy.

Ykdysadyýet çig mal bilen bagly bolanlygy sebäpli respublikanyň senagaty diňe bir taraplaýyn ýöriteleşdirilen. Munuň üstüne industrlaşdyrmak syýasaty oba hojalygynyň hasabyndan amala aşyrylýar. Oba hojalyk önümleriniň satuw nyrhlary peseldilýär. Netijede daýhanlar garyplaşyp, döwletde azyk meselesi kynlaşýar.

Birinji bäş ýyllyk döwründe (1928-nji ýyl oktýabr – 1932-nji ýyl dekabr) Özbegistanda 289 sany täze senagat kärhanasy guruldy we işe düşürildi. Ýeňil senagatyň gönçülik, aýakgap işläp çykarmak, tikinçilik pudaklary we nah-mata işläp çykarmak depginleri barha artýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1928-nji ýylyň güýzüne çenli ýurduň halk hojalygy bir ýyllyk, bäş ýyllyk planlary girizilýär. Birinji bäş ýyllyk plany 1928-nji ýylyň oktýabrynda başlanyp, 1932-nji ýyl dekabrda möhletinden 9 aý öň tamamlanýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Pikir edip, netije çykaryň.

Ýerli milletlerden bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň ýerine Özbegistana, esasan, ýewropaly ilat göçürip getirildi. Olar paýtagt Daşkende, täze gurulýan şäherlere we welaýat merkezlerine ýerleşdirilip, olara köp hak berilýän iş, nobatsyz kwartira bilen üpjün edilipdir. Uniwersitet we institutlara ýeňillikli esasda okuwa kabul edilipdir.

Obalardan gelen özbek ýigit-gyzlary bolsa şäherde ýaşamaga jaý tapman, dürli kynçylyklar we ýetmezçilikler netijesinde esasan «gara işler» we dürli ugurda hyzmat etmäge mejbur bolýardylar.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Industrlaşdyrmak Özbegistanda ilki ýuwaşlyk bilen amala aşyryldy. Ynha şu döwürde Orta Aziýa respublikalarynda pagtaçylyk we maşyn gurluşyk senagatynyň ulusy bolan Daşkent oba hojalygy maşyn gurluşygy zawody gurulýar.

Daşkent dokmaçylyk kombinaty we Çyrçyk elektrohimiýa kombinatynyň gurluşy çalt depginler bilen alnyp barylýar. Elektrostansiýalaryň kuwwaty 482 mln kilowata ýetirilýär. XX asyryň 30-njy-ýyllarynda Çyrçyk-Bozsuw GES-ler kaskady gurulýar.

Özbegistanda senagat kärhanalarynyň tehniki derejesi örän pes, hünärmenler, tehnikler we döwrebap tehnikany bilýän bilimli işçiler örän azdy . Emma senagat kärhanalaryna bilimli ýolbaşçylar we tejribeli işçiler RSFSR-iň merkezi şäherlerinden getirilýän bolupdyr.

Çyrçyk-Bozsuw GES-ler kaskady





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







## MAGLUMAT ÜÇIN

Bu döwürde iň möhüm meselelerden biri kadrlar meselesidi. Çünki döwlet häkimiýeti we hojalyk dolandyryş organlarynda milli kadrlar örän az bolup, iş ýöretmek hem rus dilindedi.

Özbegistan SSR Halk Komissarlary Sowetiniň başlygy Faýzulla Hojaýew ýerli halkyň içinden kadrlar taýýarlamak we olary ýokary wezipelere bellemek üçin köp hereket edýär. Onuň başyny başlamagy bilen ÖzSSR MIK ýanynda 1925-nji ýylyň martynda Baban Mawlanbekowyň ýolbaşçylygynda «Döwlet apparatyny ýerlileşdirmek Merkezi komissiýasy» düzülýär. Akmal Ikramow, Rahim Inogamow we başgalar oňa agza bolýarlar. Merkezi komissiýanyň Samarkant, Zerewşan, Daşkent, Fergana we başga welaýatlarynda hem bölümleri döredilýär.

Ýerlileşdirmek komissiýasynyň ýolbaşçylarynyň üstüne Özbegistandaky okuw jaýlary, ylmy we medeni aň-bilim (halkyň bilimini we aňyny ösdürmek) guramalary, senagat kärhanalaryny ýerlileşdirmek meýilnamasyny işläp taýýarlamak ýüklenýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1925-nji ýylyň noýabrynda Samarkant şäherinde bolup geçen Özbegistan Kommunistik partiýasynyň II gurultaýynda «Partiýa, sowet, hojalyk, profsoýuz guramalary we kooperatiw guramalara ýerli ilaty çekmek» meselesine garalýar. Gurultaýda dolandyryş we ýolbaşçylyk işlerine işçi, daýhan we intelligentlerden ýerli kadrlary taýýarlamak zerurlygy aýdylýar.

1927-nji ýylda Özbegistan SSR MIK ýanyndaky «Döwlet apparatyny ýerlileşdirmek Merkezi komissiýasy»nyň ady «Döwlet apparatyny we senagatyny Özbekleşdirmek Merkezi komissiýasy» diýip üýtgedilýär.

Komissiýa öz işinde özbek ilaty köpräk bolan etraplarda ähli döwlet, jemgyýet, kooperatiw edaralary we guramalarynda iş ýöretmegi özbek dilinde alyp barmagy hökmandy.

1931-nji ýyl SSSR MIK-iň «ÖzSSR apparatyny özbekleşdirmek hakynda»ky karary kabul edilip, oňa görä Özbegistan döwlet apparatyny Özbekleşdirmek Merkezi komissiýasynyň işi togtadylýar. Merkez tarapyndan başga soýuzdaş respublikalarda bolşy ýaly Özbegistan SSR-de hem ýerlileşdirmek işi tamamlanyp, ol «buržuaz milletçiligi» diýip yglan edilýär.

Özbekleşdirmek syýasatyna berk gaýtawul berlip, ruslaşdyrmak prosesi özüniň täze basgançagyna çykýar.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1927-nji ýylyň 16-24-nji noýabryndaky gurultaýda kabul edilen kararda döwlet apparatyny millileşdirmek we özbekleşdirmek barada şeýle diýilýärdi:

«Özbekleşdirmek düşünjesi, aslyny alanda, Özbegistan respublikasynyň territoriýasyndaky döwlet apparaty we iş ýöretmegi özbekleşdirmegi göz öňünde tutýardy, emma az sanly milletlere öz ene dillerinde hyzmat etmegi asla inkär etmeýär, eýsem, tersine talap edýär. Az sanly milletler köpçülik ýaşaýan etraplarda sud organlarynda, mekdeplerinde öz işlerini olaryň ene dilinde alyp barmaly. Az sanly millet wekillerini döwleti dolandyrmak işlerine jemgyýetçilik durmuşyna çekmeli. Olardan kadrlar taýýarlamak meselesine hem uly üns bermeli».

## ÖWRENENLERIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. ÖzSSR halk hojalygynda oba hojalygynyň ülşüniň belent bolmagynyň sebäpleri nämede?
2. ÖzSSR-da industrlaşdyrmak döwründe amala aşyrylan işlerde esasan, haýsy ugurlara üns berildi?
3. «Kadrlary ýerlileşdirmek» diýende nämäni düşündiňiz?
4. Özbegistanda kadrlary ýerlileşdirmek syýasatyny öňe sürenler kimlerdi? Ýerlileşdirmek nähili tertipde alnyp baryldy?
5. Özbegistanda kadrlary ýerlileşdirmek syýasatyny netijeleri nähili boldy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANDA SOWET HÄKIMIÝETINIŇ ALYP BARAN MEDENI SYÝASATY

## BU GÜN DERSDE

- Bilim we ylym pudagyndaky işler
- Sowatsyzlyga garşy göreş
- Elipbiýiň üýtgedilmegi
- Aýal-gyzlary azatlyga çykarmak

## PIKIR EDIŇ

1. Jedit mekdepleriniň maksat-wezipeleri sowet aňyýetine laýyk gelýärmi?
2. Sowatsyzlyk diýende nämä düşinýärsiňiz?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Bolşewikler ähli ugurlar ýaly ruhy durmuşa hem öz täsirlerini geçirýärler. Olar ilkinji ýyllarda sowet mekdeplerini we tehnikumlary açmaga aýratyn üns berýärler. Jedit mekdepleri ýapylýar. Köne mekdepler we wakf mekdepleri hem ýatyrylýar.Türküstan döwlet uniwersiteti we Özbegistan döwlet uniwersitetinden soň respublikada ençeme institutlar açylýar. Emma uniwersitet we institutlardaky talyplaryň arasynda özbekler az sanlydy.

1932-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Özbegistanyň ylmy barlag edaralaryna ýolbaşçylyk edýän Özbegistan SSR Ylymlar komiteti düzülýär.





Daşkent we Samarkant Döwlet uniwersitetleri

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Özbegistan SSR Sowetleriniň V gurultaýynda 8 ýaşdan tä 15 ýaşa çenli bolan hemme çagalary mejbury ýedi ýyllyk tälime çekmek hem-de respublikanyň şäher we obalarynda täze mekdepleri gurmak maksatnamasyny işläp taýýarlamak teklibi girizilýär.

Ikinji bäş ýyllyk döwründe hemme umumy orta bilim berýän mekdeplerdäki okuwçylaryň sany çalt depginler bilen ösüp, 931 800 sany boldy, olaryň 725 müňe golaýy oba mekdeplerinde okaýardy. Respublikanyň mekdeplerinde okuw 18 dilde alnyp barlypdyr. Özbek dilinde okadylýan mekdepleriň sany on ýylyň içinde 10 esse artypdyr.

Aýal-gyzlaryň arasynda sowatsyzlygy ýok etmek boýunça köp ýerlerde ýörite sowat mekdepleri açyldy. 1937-nji ýylda 139 000 sany aýal-gyzlar okamagy we ýazmagy öwrenipdir.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Tälimiň 18 dilde alnyp barylmagynyň esasy sebäpleri nämedi?
2. Bu günki günde ýurdumyza tälim näçe dilde alnyp barylýar?

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Orta Aziýada ýokary bilimiň sallançagy, Türküstan döwlet uniwersiteti (häzirki Özbegistan Milli Uniwersiteti) birnäçe okuw mekdeplerine esas boldy, 1940-njy ýylda respublikada 30 sany ýokary, 100-e golaý ýörite orta okuw mekdepleri işledi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet häkimiýetiniň ilkinji on ýyllyklarynda Özbegistanda orfografiýa (ýazuw) 3 gezek üýtgedilýär. Bu ýagdaý ýerli ilaty sowatsyz etmäge, ony asyrlar dowam edip gelen gymmatlyklaryndan mahrum edip, sowet medeniýeti ruhunda terbiýelemäge hem-de ruslaşdyrmak syýasatyny amala aşyrmaga niýetlenendi.

1929-njy ýylyň maý aýynda Samarkantda geçen Özbegistan ýazyjylarynyň, dilçileriniň we öňdebaryjy intelligentleriniň konferensiýasynda özbek ýazuwyny arap grafikasyndan latyn grafikasyna geçirmek hakynda karar kabul edilýär, 1-nji dekabrda Özbegistanda arap elipbiýinden latyn ýazuwyna geçilýär.

Emma tiz arada ýazuwy kirillisa geçirmek barada täze karar kabul edilýär. 1940-njy ýylyň 8-nji maýynda bolan Özbegistan SSR Ýokary Sowetiniň III sessiýasynda latyn ýazuwyndan kirill (rus grafikasý) esasyndaky özbek ýazuwyna geçmek barada karar kabul edilýär. Özbegistan bilen bile Orta Aziýanyň başga respublikalary we Azerbaýjan hem rus grafikasyna geçirilýär.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä taryhy derslerinde alan bilimleriňize esaslanyp, kirill elipbiýiniň haçan, kimler tarapyndan esaslandyrylanlygyny ýadyňyza salyň. Bu ýazuw Russiýanyň çäklerine nähili girip gelipdir?

Yslam dini sebite girip gelenden soň, asyrlaryň dowamynda ýurdumyzda döredilen eserler arap elipbiýindäki köne özbek ýazuwynda ýazylypdy. Bolşewikler bolsa beýle edebiýatdan ýüz öwrüp, sowet edebiýatyny we proletar medeniýetini döretmäge çalyşýarlar.

**1921-nji ýyla çenli** – Arap elipbiýi (أ ب ت)
→ **1921–1929-njy ýyllar** – Reforma edilen arap elipbiýi (أ ب ت)
→ **1929–1940-njy ýyllar** – Latyn elipbiýi (ABC)
→ **1940-njy ýyldan soň** – Kirill elipbiýi (AБВ)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Sosial durmuşda garşylyklar höküm süren bu kynçylykly döwürde edebiýat we sungat millilik, adamkärçilik, halkçylyk ýaly prinsiplere wepalylygyny saklap galdy.

Özbek ýazyjy we şahyrlaryndan Fitrat, Çolpan, Abdulla Kadyry, Sadriddin Aýniý, Hamza we başgalar öz eserleri bilen milli gymmatlyklary saklamaga we goramaga hereket etdiler. Bu döwür edebiýat meýdanyna Gafur Gulam, Aýbek, Hamid Alymjan, Zulfiýa, Abdulla Kahhar, Osman Nasyr, Mirtemir, Aýdyn Sabirowa, Uýgun, Kamil Ýaşin, Gaýratiý, Sultan Jora, Emin Umary ýaly birnäçe talantly ýaş ýazyjylar, şahyrlar we dramaturglar goşuldylar.



**Çepden saga:** *1-nji hatar:* Gafur Gulam, Uýgun, Kamil Ýaşin, Aýbek, Zulfiýa. *2-nji hatar:* Askad Muhtar, Mirmuhsin, Hamid Gulam, Mamarasul Babaýew.

Bu döwür respublikadaky idöredijiler üçin dürli gözlegler, dünýägaraýyşlar taýdan bir-birlerinden tapawutlanýan ençeme ugurlaryň ýiti çaknyşyklary bilen dolan hem-de köp ýitgiler berlen we käbirler üçin pajygaly gutaran we şunuň bilen birlikde täze-täze talantlar dünýä gelen we pyntyklan döwür bolupdyr.



Abror Hidoýatow Otello obrazynda

## MAGLUMAT ÜÇIN

Özbek milli sazyny ösdürmekde özbek kompozitorlaryndan Tohtasin Jalilow, Ýunus Rajabiý, Muhtar Aşrafiý, Mutawakkil Burhanowlar uly zähmet çekdiler.

Ajaýyp režissýorlar we aktýorlar Mannon Uýgur, Abror Hidoýatow, Sara Eşantöräýewa, Razzak Hamraýew, Alym Hojaýew, Şükür Burhanow we başgalar sebäpli özbek teatr sungaty gülläp ösdi. Kamil Ýarmatow, Nabi Ganiýew, Rahim Pirmuhammedow ýaly kinematografiýa işgärleri ýetişip çykdy.

Tans sungatynda we aýdymçylykda Halima Nasirowa, Tamarahanim, Mukarrama Turgunbaýewa, Lutfihanym Sarymsakowa, Muhiddin Kary Ýakubow, Kamiljan Ataniýazow, Karim Zakirow we başgalar ýokary ussatlyk gazandylar.

Özbek saz we wokal sungatynyň ösmeginde 1936-njy ýylda Daşkentde açylan döwlet konserwatoriýasy möhüm rol oýnady.



...тельно в образовательных целях
...ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet häkimiýeti Gündogar aýallaryny «azatlyga» çykarmak, köne durmuş tärlerine hüjüm etmek, aýallaryň çaçwanyny we perenjesini taşlamak gün tertibine goýulýar.

«Hüjüm» kompaniýasy 1926-njy ýylyň sentýabrynda Orta Aziýa aýal-gyzlarynyň maslahatynda yglan edilip, ony 1927-nji ýylyň 8-nji martyndan başlamagy karar edilýär.

1927-nji ýylyň 8-nji martynda köpçülikleýin mitingler başlanýar. Olarda 100 000- den gowrak aýal-gyzlar perenjesini oda ýakýarlar. Emma bolşewikler partiýasynyň özbek aýal-gyzlary azatlyga çykarmagy tizleşdirmek syýasaty ýaman netijelere getirýär. «Hüjüm»e garşy bolan aýallara zulum edip başlaýarlar.

Gynansak-da, çägiň milli gymmatlyklary we özboluşlylygy hasaba alynmazlygy netijesinde «Hüjüm» hereketi iň şjeň geçirilen 1927–1928-nji ýyllarda Özbegistanda 2500-den gowrak öňdebaryjy aýal-gyzlar pajygaly heläk bolupdyrlar.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Sowet hökümeti «Hüjüm» kompaniýasyny geçirmekden aşakdaky maksatlary göz öňünde tutýardy:

**birinjiden,** özbek halkynyň taryhy bar bolan milli ahlak gündogara mahsus dessur we gymmatlyklaryny ýok etmek we ruhyýetimize urgy bermek;

**ikinjiden,** «aýal-gyzlary azat etmek» bahanasynda senagat kärhanalary, kolhoz we sowhozlarda arzan işleýän goşmaça işçi güýçleri hökmünde olardan peýdalanmakdy.



Perenjisini taşlan aýal-gyzlaryň duşuşygy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1930-njy ýylda respublikanyň hünärmentçilik kooperasiýasynyň 50-den gowrak artellerinde 5000 sanydan köpräk ýerli aýallar işleýärdi. Olaryň köpçüligi tikinçilik kärhanalarynda zähmet çekýärdiler.

Aýal-gyzlar iri senagat kärhanalaryna hem çekilip başlanýar. Bu ýagdaý aýallaryň saglygyna uly zyýan ýetirýärdi.

Bu döwürde özbek aýal-gyzlary ýolbaşçylyk wezipelerinde hem işlemek ukybyny görkezýärler. 1927-nji ýylda respublikadaky etrap guramalary agzalarynyň 20 göterimi, okrug guramalary agzalarynyň 17 göterimi aýallardy.

Jahan Obidowa ÖzSSR Merkezi Ýerine Ýetiriji Komitetiniň Prezidiumynyň başlygynyň orunbasary, Tajihan Şadiýewa bolsa Prezidium agzasy bolupdyr. Emma soňra bu 2 sany tanymal özbek aýallary sowet häkimiýeti tarapyndan gadagan edilipdir.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda aýallaryň arasyndan meşhur alymlar, şahyrlar, ýazyjylar, inženerler, lukmanlar, sungat işgärleri, mugallymlar ösüp çykyp başlaýar. Şol ýyllarda Halima Nasirowa, Tamarahanum, Sara Eşantöräýewa, Mukarrama Turgunbaýewa ýaly özbek gyzlarynyň talanty ýüze çykdy.



Jahan Obidowa
Ýoldaş Ahunbabaýew bilen

Mukarrama Turgunbaýewa



## ÖWRENENLERIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Sowetler Türküstan halk bilimini döretmäge, ösdürmäge nähili garaýyş bilen çemeleşdi?
2. Ülke halk bilimi ulgamynda bolup geçen ýalňyşlyklar we kemçilikler hakynda näme diýip bilersiňiz?
3. Respublikanyň ýokary bilim ulgamyny şekillendirmek nähili maksatlarda amala aşyryldy?
4. Özbegistanda «Hüjüm» hereketini geçirmekden näme maksat gözlenipdi?
5. 1920-nji ýyllarda respublikada geçirilen «Hüjüm» hereketi aýal-gyzlaryň durmuşyna nähili özgerişleri getirdi?
6. Perenjeden «azat» edilen aýal-gyzlar ilki haýsy ugurlara çekildi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SOWET HÄKIMIÝETINIŇ ÖZBEGISTANDAKY REPRESSIÝA SYÝASATY

## BU GÜN DERSDE

- SSSR-de totalitar düzümiň emele gelmegi we onuň düýp esasy.
- Özbegistanda ilkinji gadaganlaryň başlanmagy
- Hukuk we magaryf ulgamynda gadaganyň güýjemegi.
- 1937–1938-nji ýyllarda döwlet işgärleri, intelligentler, ulamalar we harbylaryň gadagan edilmegi.
- «Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumy hem-de «gadagan gurbanlary hatyrasy» muzeýi.

## PIKIR EDIŇ

1. «Gadaganlyk» diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Gadagannyň gurbanlary hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
3. «Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumy nirede ýerleşýär?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet režimi öz häkimiýetini pugtalandyryp alandan soň, onuň aýratynlyklary gitdigiçe açyk-aýdyň bolup başlaýar. Bu ýagdaý aýratyn hem milli respublikalardaky ýolbaşçylara bolan gatnaşykda has aýdyň ýüze çykýar.



Aşurali Zahiriý

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymy we 30-njy ýyllaryň başlarynda Özbegistan SSR-de *on sekizler topary* (Abdurahym Hajybaýew, Inamjan Hidiraliýew, Muhtarjan Saidjanow we b.), *inagamowçylyk* (ÖzSSR Magaryf halk komissary Rahim Inagamow we b.), *goşmaçylyk* (ÖzSSR Ýokary sudunyň başlygy Sadulla Kasimow we b.), *badriddinowçylyk* (ÖzSSR Ýokary sudunyň prokurory Şamsutdin Badriddinow we b.), *«milli soýuzlar» we «milli özbaşdakçylar»* (Minewwarkary Abduraşidhanow ýolbaşçylygyndaky 87 adam), *«narkompros» işi* (ÖzSSR Magaryf halk komissary Mannon Ramziý, onuň orunbasary Botu we b.), *«batyr gepçiler»* (Kokantda Aşurali Zahiriý ýolbaşçylygyndaky 19 adam we başga syýasy işler toslap tapylýar. Netijede özbek halkynyň ençeme kämil perzentleri gadagan edilýär.

Bu döwürde kommunistik partiýanyň hataryny «arassalamak» Kompaniýasynyň netijesinde Özbegistan Kompartiýasynyň agzalarynyň 25,6 göterimi partiýadan çykarylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Gadagana duçar bolan adamlar sürgün edilýär

## MAGLUMAT ÜÇIN

Milli ýolbaşçy işgärleri wezipesinden boşadyp, olary ilki «taglym» taýdan derbi-dagyn edýän sowet režimi XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyryna gelip sosial taýdan ýok etmäge girişýär.

Özbegistan SSR Ýokary sudunyň başlygy Sadulla Kasymow 1929-njy ýylyň mart aýynda wezipesinden boşadylyp, tussag edilýär. S.Kasymow we onuň 6 egindeşi «basmaçylar»y goldamakda, «antirewolýusion milletçi guramalar» agzalary bilen aragatnaşykda bolanlygy üçin günälenip, yslam dinini goramakda günäkär edilip, olara «kasymowçylyk» ýarlygy basylýar. Sud olary 10 ýyl möhlete sürgün edýär. Olaryň bar emlägi alnyp, döwletiň hasabyna geçirilýär.

Aradan köp wagt geçmän nobatdaky iş – badriddinowçylyk oýlap tapylýar. 1932-nji ýylyň 5-nji maý–15-nji iýunynda Özbegistan Ýokary sudunyň öňki prokurory Şamsutdin Badriddinow we onuň 5 egindeşiniň üstünden sud işi geçirilýär. Olar hem uzak möhletli sürgün jezasyna höküm edilýärler.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Sowet režimi milli ýolbaşçy işgärleri gadagan etmek bilen birlikde magaryf pudagyndaky intelligentleri-de ýanap başlaýar.

1929-njy ýylyň 5-nji noýabrynda Daşkentde magaryfçy Minewwerkary Abduraşidhanowyň ýolbaşçylygyndaky 38 sany adam tussag edilýär. Aradan köp wagt geçmän tussag edilenleriň sany 87 adama ýetýär. Olara «Milli Ittihod» we «Milli Azatlyk» guramalarynyň agzalary diýen günä goýulýar. Derňew işi soňluk bilen, Moskwa göçürilýär. Bu ýagdaý sowetleriň milli-ruh durmuşa sokulyp girýändiklerini delillendirýär.

1931-nji ýylyň 25-nji aprelinde Moskwada bolup geçen sud mejlisinde Minewwerkarynyň ýolbaşçylygyndaky milletiň 15 sany janköýeri bolan «Milli Azatlyk» agzalaryny atyp öldürmäge, galan 72 sany adam bolsa, uzak möhletli sürgün jezasyna höküm edilýär. Özbek halkynyň 15 sany perzendi Moskwanyň golaýynda atyp taşlanýar. Zyndandan hem Daşkende hiç kim gaýdyp gelmedi diýen ýaly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Tussag edilen ençeme ýurtdaşlarymyz köpçülikleýin görnüşde 1938-nji ýylyň 4-nji oktýabrda öldürilýär.

HHSR harby işler inspektory, aýratyn Özbek atly esgerler polkunyň komandiri we komissary, 19-njy dagly atly Özbek diwiziýasynyň komandiri wezipelerinde işlän Mirkamil Mirşarapow sowet režimi tarapyndan Maýkopda 1937-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda tussag edilýär.

Ol Özbek diwiziýasyny millileşdirmek we bu diwiziýanyň kömeginde Özbegistany SSSR-iň düzüminden bölüp almak we özbaşdak döwleti gurmaga hereket etmekde günälenýär. Ilkinji Özbek diwiziýasy dargadyp goýberildi hem-de M. Mirşarapowyň ýolbaşçylygynda 18 özbek harby komandirleri we esgerleri 1938-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda atyp taşlanýar.



Özbek diwiziýasynyň komandiri Mirkamil Mirşarapow

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Halkyň intelligent gatlagyny gyrgyn etmekden esasy gözlenýän maksat näme bolupdyr?
2. Näme üçin bolşewikler dürli töhmetleri oýlap tapypdyrlar?
3. «Milli ýolbaşçy işgärlerii wezipelerinden aýryp, olary ilki «taglym» taýdan derbi-dagyn edýän sowet režimi XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyryna gelip fiziki taýdan ýok etmäge girişdi», – diýende siz nämäni düşündiňiz?

XX asyr özbek medeniýetiniň 3 sany görnükli ýyldyzlary – Fitrat, Çolpan we Abdulla Kadyry bir günde – 1938-nji ýylyň 4-nji oktýabrnda Daşkent şäheriniň daşynda atyp taşlanýar.

## PIKIR EDIŇ

1937–1938-nji ýyllarda oýlap tapylan ýalan günäler boýunça Özbegistanda 41000 sanydan köpräk adam tussag edilip, olardan 37000 sanydan gowragy jezalandyrylýar, 6920 sany adam bolsa atuw jezasyna höküm edilýär.

Diňe döwlet we jemgyýet işgärleri, ýazyjy, şahyr we alymlardan 5758 sany adam tussag edilip, olardan 4811 sanysy atyp taşlanýar. Bu maglumatlar respublikamyzyň möçberinde gyzyl terroryň nähili giň gerimde rehimsiz görnüşde amala aşyrylanlygynyň aýdyň subudy hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Şehitleriň hatyrasy» ýadygärlik toplumy

## MAGLUMAT ÜÇIN

O‘zbegistan Respublikasy garaşsyzlygy gazanandan soň gadagan edilenleriň köpçüligi hukuk taýdan aklandy. Olaryň parlak atlary dikeldildi.

Zalym sowet režimi döwründe Bozsuw kanalynyň boýunda milletiň janköýerleriniň köpçüligi atyp taşlanan ýerde olaryň hatyrasyna bagyşlap ýadygärlik oturdyldy.

2000-nji ýylyň 12-nji maýynda Daşkent şäheriniň Ýunusabat etrabyndaky Bozsuw kanalynyň boýunda «Şehitleriň hatyrasy» ýadygärlik toplumy açyldy.



## BILÝÄRSIŇIZMI?

Özbegistan SSR-de bu döwürde köp medreseler, metjitler we hanakahlar bozup taşlanýar. Bozulman galan medreseler we metjitler hojalyk ammarlaryna öwrülýär, gyzyl esger garnizonlary üçin menzilgähler edilip gaýtadan enjamlaşdyrylýar, daşardan gelenler üçin ýaşaýyş jaýy hökmünde berilýär we dürli maksatlarda peýdalanylýar. Medeni-ruhy mirasymyz bolan golýazma eserler we başga kitaplaryň uly bölegi ýok edilýär.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. «On sekizler topary» we «kasymowçylyk» ýaly syýasy işleri oýlap tapmak we olaryň işine syýasy urgy bermekden gözlenýän esasy maksat nämedi?
2. Näme sebäpden XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyna gelip, respublika ýolbaşçylary gadagan edildi olara nähili «günä» goýuldy?
3. Öňdebaryjy özbek intelligentlerini gadagan etmek näme üçin gerek boldy?
4. Totalitar gurluş başlyklarynyň ynsan hukuklary we azatlyklary meselesindäki dönükligini ikiýüzliligini siz nähili düşündirýärsiňiz?
5. Siziň ýaşaýan şäheriňizde we etrabyňyzda gadagan edilenlerden kimleri bilýärsiňiz, olar hakynda aýdyp beriň.
6. Gadagana duçar bolan syýasy işgärleriň we şahyrlaryň atlaryny aýratyn sütünlerde analiz ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTAN IKINJI JAHAN URŞY ÝYLLARYNDA

## BU GÜN DERSDE

- II jahan urşunda Özbegistanyň gatnaşmagy
- Uruş ýyllarynda Özbegistanyň senagat pudagynda emele gelen özgerişler.
- Özbek halkynyň bagrygiňligi.

## PIKIR EDIŇ

1. II Jahan urşy haçan başlandy?
2. Onda haýsy döwletler gatnaşypdy?
3. «Germaniýa bilen Sowet Soýuzynyň arasynda özara hüjüm etmezlik hakynda»ky şertnama näme baradady? Oňa haýsy döwletler gol çekipdi?



## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä taryhyndan alan bilimleriňiz esasynda aşakdaky soraglara jogap beriň..

1. Gitler «Barbarossa» planyny haçan tassyklady we aradan näçe wagt geçenden soň SSSR-iň çäklerine çozup girdi?
2. «Üçler soýuzy» haçan we haýsy döwletleriň arasynda düzülipdir? Bu soýuzyň urşa nähili baglanyşygy bolupdyr?

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1939-njy ýylyň güýzünde Estoniýa Latwiýa we Litwa bilen düzülen özara kömek bermek hakyndaky şertnamalar esasynda SSSR bu döwletlere harby bazalaryny ýerleşdiripdi. 1940-njy ýylyň ýazynda SSSR Baltikboýy döwletlerine goşmaça Gyzyl Armiýa goşunlaryny girizip, sowet respublikalaryny döretdi. Rumyniýa SSSR-e Bessarabiýa we Demirgazyk Bukowinany bermäge mejbur bolýar.

Ikinji jahan urşy 1939-njy ýylyň 1-nji sentýabryndan 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabryna çenli dowam etdi. Onda 1,7 milliard adam gatnaşdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PIKIR EDIŇ

SSSR 1939-njy ýylyň 14-nji dekabrynda agressor döwlet hökmünde Milletler ligasyndan çykarylýar, sowet-Fin urşundaky ýitgiler möçberi Germaniýada sowet Gyzyl Armiýasy güýçsüz, diýen pikiriň şekillenmegine getirýär.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Özbegistanlylar ýapon militarisleri bilen bolan söweşlerde şonuň ýaly-da, sowet-fin urşunda gatnaşdy. Hususan-da, soňluk bilen artilleriýa general-leýtenanty bolan Faýzulla Narhojaýew Hasan kölüniň boýundaky harby hereketlerde, soňra Sowet Soýuzynyň Gahrymany bolan Emiraly Saidbekow Sowet-Fin urşunda gatnaşypdy.





Faýzulla Narhojaýew

Ikinji jahan urşy ýyllarynda Özbegistandan 1 million 951 müňe golaý adam mobilizlenýär. Bu bolsa, her üç özbegistanlydan biri söweşe barandygyny görkezýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## MAGLUMAT ÜÇIN

1941-nji ýylyň 22-nji iýun güni gitlerçiler Germaniýasynyň SSSR-e hüjüm etmegi Sowet Soýuzy diýlen çäkde birleşdirilen halklar üçin agyr synaglardan ybarat uruş başlandy.

23-nji iýun güni Daşkentde köp müň adamly miting bolup geçýär. Dürli kärhanalaryň hem-de edaralaryň işçileri we hyzmatçylary, mugallymlar, talyplar faşistlere garşy göreşmäge, frontda we frontuň arkasynda duşmanyň üstünden ýeňiş gazanmaga taýýardyklaryny bildirýärler.

Uruş ähli ýurduň hojalygyny, onuň durmuşyny düýpli üýtgedip goýberdi. 1941-nji ýylyň 30-njy iýunynda Döwlet goranyş komitetiniň düzülmegi bilen ýurtdaky ähli häkimiýet onuň eline geçýär. Döwlet goranyş komitetiniň kararlary uruş döwrüniň kanunlarynyň güýjüne eýedi.



Urşuň ilkinji günlerinde kabul edilen görkezmelerde, kararlarda front arkasyny goranyş bähbitlerine boýun egdirmek we ähli işleri harbylaşdyrmak, duşmanyň eýelän ýerlerinde partizanlyk toparlaryny döretmek zerurlygy aýdylýar.

Front we front boljak ýerlerden Özbegistana 1 million 500 müň adam, şol sanda, 200 müňden gowrak ýetim çagalar, zawod we fabrikler hem-de olaryň emläkleri ewakuasiýa edilýär. Entek kärhanalar iş başlamadyk şertinde ewakuasiýa edilenleri pul, geýim we azyk önümleri bilen üpjün etmäge üns berilýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Zawodyň göçürlip getirilişi

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Ewakuasiýa boýunça Maslahat nähili wezipäni ara alyp maslahatlaşypdyr?

Berk erk we edermenlik nusgasyny amalda görkezip, öz janyny eziz Watanymyzyň her taraplaýyn gülläp ösmegi, bu günki parahat we asuda günler üçin janyny pida eden ata-babalaryň mukaddes hatyrasyny ýatlap, haýyrly işlerini dowam etdirmek, hatarymyzda ýören ýaşululalar hormat etmek — adamkärçiligiň iň ýokary ölçegi we bize parahatçylyk, amanlyk gerek, diýip ýaşaýan bagrygiň we asylly halkymyza mahsus ozaly gymmatlykdyr.

Şawkat MIRZIÝOÝEW

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ýetim çagalara gamhorlyk etmek– umumhalk hereketine öwrülýär. Müňlerçe özbegistanlylar çagalary öz maşgalalaryna alýarlar. Daşkentli Şaahmet Şamahmudow we onuň ömür ýoldaşy Bahri Akramowa dürli millete degişli 14 sany çagany öz terbiýesine aldylar. Uruşdan agyr ýaradar bolup gaýdan ketdekorganly Hamid Samadow 13 sany, ömür ýoldaşyny fronta iberen samarkantly Fatima Kasymowa 10 sany çagany garamagyna aldy.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## BILÝÄRSIŇIZMI?

Özbegistanda frontda ýaradar bolan söweşijileri bejermek boýunça harby gospitallar emele geldi. Bu ýyllarda 120-den gowrak ewakuasiýa gospitaly işäp durdy. Gospitallarda bejerilenleriň köpçüligi söweş meýdanyna gaýtdylar.

Daşkentdäki harby gospital







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Özbegistanyň ilaty uruş ýyllarynda goranma fonduna 649,9 mln. rubl pul, 3 mlrd. 669 mln. 817 müň rubl obligasiýalar, 22 mln. 374 müň rubl mukdardaky gymmat bahaly enjamlar, 55 kg-dan gowrak gymmat bahaly metalllary tabşyrdy.

Aýallar nesilden-nesle miras bolup geçip gelýän şaý-seplerini hem berdi. Bu serişdeleriň bir bölegine bronly otlular, samolýotlar, tanklar ýasap, fronta iberildi.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Özbegistan öz ilatyny ewakuasiýa edilenleri azyk önümleri bilen üpjün etdi, bu önümleri fronta gabawda galan we azat edilen şäherlere we etraplara iberdi. Şeýle hem, söweş meýdanlaryna ýarag, geýim, däri-derman we başga zerur önümleri yzygiderli ýetirip berildi.

Fronta umumyhalk kömegi goranma fonduny döretmekde hem ýüze çykdy. Uruş ýyllary Özbegistanyň halky fronta öz delegasiýalaryny esgerlere sowgatlar bilen iberdi. 1941-nji ýylyň dekabrynda Daşkentden Moskwa azyk önümleri ýüklenen eşelon iberildi. Ýolda bombalanmagyna garamazdan eşelon Günbatar fronta ýetip bardy. Bu hakda meşhur «Kyrk birinji ýylyň almasy» atly kino işlenen.

Delegasiýanyň bir toparyna Ýokary Sowet Prezidiumynyň başlygy Ýoldaş Ahunbabaýew, ikinji toparyna tanymal halk täliminiň işgäri, şol wagtda frontda söweşip ýören üç oglanyň atasy Hasan Islamow ýolbaşçylyk etdi.

Özbegistan halkynyň delegasiýasy. 1941-nji ýyl





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kolhozçylar Sowet armiýasynyň esgerlerine şahsy serişdeleriniň hasabyna gurlan tanklary gowşurýar, 1942-nji ýyl







Işçi aýallar söweşijiler üçin ibermeleri taýýarlaýarlar. Daşkent, 1941-nji ýyl

## PIKIR EDIŇ

Faşizme garşy göreşde frontuň arkasynda mertlerçe zähmet çeken, ewakuasiýa edilenlere mähir beren köp milletli Özbegistan halkynyň, sada şonuň bilen birlikde giň göwünli we tutanýerli ynsanlarynyň agzybirligi möhüm faktorlardan biri boldy.

Halkyň güýjüni we mümkünçiliklerini jebsleşdirmekde şol wagtda respublika ýolbaşçylyk eden Osman Ýusupowyň hyzmaty uly bolupdyr. Osman Ýusupowy «döwletiň içindäki marşal» diýýärdiler.

Urşuň ilkinji günlerinden jemgyýetde zarpçylar hereketi ösýär. Gününe iki normany işleýän işçiler üç we ondan artyk norma alyp başlaýarlar. Günlük planlar 350–470 göterime çenli ýerine ýetirilýärdi.

«Frontçasyna işlemek» arkasyndaky millionlarça watandaşlarymyzyň zähmeti duşmany derbi-dagyn edip, ýeňiş gazanmakda zerur bolan ýarag we önümler bilen üpjün etmekde aýgytlaýjy ähmiýete eýe boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Özbegistan 1941–1945-nji



## Samolýotlar



## Awiamotorlar

## Minalar we snarýadlar





## Radio lampoçkalar



## Göçme aşhanalar

Özbegistanyň halky söweş meýdanlaryna köp mukdarda gural-ýarag, azyk, egin-eşik, däri-derman we başga zerur önümleri ýetirip berdi.

Respublikadaky 300-e golaý kärhanada harby önümler öndürilýärdi. Şu döwürde front çäklerinden Özbegistana 151 sany zawod göçürip getirildi we örän gysga pursatda işe düşürildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ýyllaryň dowamynda





## Awiabombalar

## Granatalar



Özbegistanyň ilaty döwlete 4 million-dan tonnadan gowrak pagta, 1 mln 283 müň tonna däne, 200 müň tonna golaý tüwi, 108 müň tonna kartoşka, 374 müň tonna Miwe-gök önüm, 36 müň tonna kakadylan miwe, 57 müň tonna-dan artyk üzüm, 1,5 mln tonna-dan artyk et, 5 mln 300 müňe golaý deri önümlerini iberdi.

## Sanitar otlulary



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





## MAGLUMAT ÜÇIN

Urşuň ilkinji günlerinden, senagaty harby önüm öndürmäge laýyklap gaýtadan işe düşürmek çäreleri görülýär. Netijede, 1941-nji ýylyň dekabryna gelip, respublikadaky 230 sany kärhana goranyş önümlerini berip başlaýar.

Fronta mobilizleme şertinde işçi güýjüniň ýetmezçiligi barha artýardy. Urşa gidenleriň ýerini garrylar, aýallar we ýetginjekler eýeleýärdiler. Ýaşlardan işçileri taýýarlamakda fabrik-zawoddaky okuw we hünär mekdepleriniň orny uly bolýar. Soňluk bilen, uruşdan gaýdan maýyplar hem olar bilen bir hatarda zähmet çekýärler.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. Özbek halkynyň goranyş fonduna goşan goşandyny nähili bahalaýarsyňyz?
2. Urşuň başlanmagy bilen ýurduň içersindäki ýagdaýda nähili özgerişler bolup geçdi?
3. QR kodlarda berlen maglumatlar bilen tanşyp çykyň. Magumatlardan infografika taýýarlaň.
4. Erkin Wahidowyň «Nida», Ötkir Haşimowyň «Urşuň soňky gurbany», Ölmes Umarbekowyň «Kyýamat karz», Seýit Ahmediň «Ufk (gözýetim)» eserlerinden birini okaň. Uruş hakynda nähili maglumatlara eýe bolduňyz? Pikiriňizi esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PIKIR EDIŇ

Uruş sebäpli oba hojalygyndaky ýitgiler Özbegistan ýaly front arkasyndaky çäkler tarapyndan dolduryldy. Urşuň ilkinji ýyllarynda pagta üçin bölünýän ýer meýdanlary gysgaldylyp, onuň ýerine galla, gök-önüm we bakja ekinlerini ýetişdirmek ýola goýulýar. Oba hojalygynda peýdalanylýan maşynlaryň we atlaryň bir bölegi armiýa üçin iberilýär, ýangyç we mineral dökün üpjünçiligi barha kemelýär. Netijede el zähmetine zerurlyk artýar.

Oba hojalyk önümlerini ýetişdirmekligi köpeltmek meselesini çözmek üçin 10 sany iri we birnäçe kiçi irrigasiýa desgalary peýdalanmaga tabşyrylýar, respublikada suwarylýan ýer meýdanlary 345,7 müň gektara giňeldilýär.

Täze irrigasiýa desgalary şaly meýdanlaryny giňeltmäge hem mümkinçilik döretdi.

Uruş ýyllary iş wagty ýaşy ulular üçin 11 sagada çenli, 16 ýaşa çenli bolan ýetginjeklere 10 sagada çenli bellenýär. Oba ýerlerinde 12 ýaşdan başlap zähmet minimumy girizilýär.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Samarkant, Fergana, Daşkent, 1943-nji ýyldan Kaşkaderýa welaýatlarynda Özbegistan üçin täze ekin – gant şugundyry üçin hasyldar ýerler bölüp berilýär. Gant şugundyryny gaýtadan işleýän Zirebulak, Krasnogwardeýsk, Kokant we Ýangiýol gant zawodlary gurulýar. 1945-nji ýylda 1,6 mln sentnerden artyk şugundyr döwlete tabşyryldy we bu bütin SSSR-de öndürilýän gandyň çärýek bölegini düzýärdi. Mundan daşary, günebakar, zygyr, mekgejöwen, künji ýaly azyk önümlerini, kenep ýetişdirme hem ýola goýulýar.



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daşkende göçürlip getirilýän zawodlar



Aýallar zähmet syrlaryny öwrenýärler





## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Uruş ýyllarynda özbek halkynyň göçürlip getirilen halklara eden mähribanlyklary nämelerde ýüze çykýar?
2. Uruş ýyllarynda Özbegistenda oba hojalygynda nähili özgerişler bolupdy?
3. Öýe iş. Aşakdaky jedweli dolduryň:

| Goranyş fondy | Senagat | Oba hojalygy | Göçürip getirmek |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANLYLARYŇ FRONTDAKY EDERMENLIKLERI WE GAHRYMANÇYLYKLARY

## BU GÜN DERSDE

- Özbegistanlylaryň mertligi.
- Özbegistanly general Sabyr Rahimow.
- Hatyra meýdany, «Şan-şöhrat» döwlet muzeýi bolan dabaraly «Ýeňiş bagy» ýadygärlik toplumynyň gurulmagy.

## PIKIR EDIŇ

1. Özbegistan Respublikasynda 9-njy maý nähili gün hökmünde bellenýär?
2. Näme üçin şu gün «Hatyra we hormatlama güni» diýip atlandyrylan?
3. Halkymyzyň frontdaky mertligi hakynda nähili eserleri okadyňyz ýa-da gördüňiz?

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Meýletinler, çagyryş ýaşyndakylar hem başga frontlara mobilizlenýär. Aslynda uruş başlanan wagtda, esgerler sanynyň ýiti artmagy şertinde geýim we ýarag ýetişmeýärdi, olar taýýarlanmazdan söweş meýdanlaryna iberilýärdi. Bu bolsa, uruşda uly adam ýitgilerine sebäp bolýar. Frontuň arkasyndaky çäreler, harby okuw sapaklary, lend-liz arkaly alnan goranyş önümleri şerti birneme gowulandyrmaga mümkinçilik berýärdi.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Harby gullukda bolan müňlerçe özbegistanlylar dürli çäkleri goramaga gatnaşýarlar. Hususan-da, Brest galasyny goramakda Awezmat Niýazmatow heläk bolýar.

1941-nji ýylyň tomsunda Samarkantda motorlaşdyrylan diwiziýa Ýelnýanyň golaýynda söweşe girýär. Atyjylyk diwiziýa hökmünde düzülip, Moskwanyň töweregindäki söweşlerde gatnaşýar. Onuň esasy bölümi oktýabr aýynda Wýazma şäheriniň töweregi̇nde gabawda galyp heläk bolýar.

Özbegistanda 9 sany aýratyn atyjylyk brigadasy, 5 sany kawaleriýa diwiziýasy döredilýär. Brigadalaryň we diwiziýalaryň düzümi ýerli millet wekillerine degişli 40 ýaşdan uly bolmadyk sagdyn we güýçli oglanlar bilen doldurylýar.

1942-nji ýylda we 1943-nji ýylyň başlarynda 90-njy we 94-nji aýratyn atyjylyk brigadalary Moskwany goramak we Stalingrad söweşlerinde gatnaşýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Sabyr Ýunusow



Ikram Jalilow



Koçkor Turdiýew

## MAGLUMAT ÜÇIN

Moskwanyň bosagalaryny goran 316-njy atyjylyk diwiziýasynyň düzüminde Daşkent pyýada esgerler okuw mekdebiniň kursantlary hem bardy.

Özbegistanlylardan 1753 adam «Moskwa goramak üçin» medaly bilen sylaglandy. Olaryň arasynda Sabyr Ýunusow, Ikram Jalilow we başgalar bardy.

Özbegistanly esgerler Leningrad, Kiýew, Odessa, Sewastopol we başga şäherleri goramakda hem mertlik nusgasyny görkezýärler. Meselem, 1941-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda Harkow welaýatyndaky Trudolýubowka obasy üçin söweşde 47-nji atyjylyk diwiziýasynyň atyjyysy Koçkor Turdiýew duşmana garşy hüjüm etmekde mertlik görkezdi. 1942-nji ýylyň 27-nji martynda oňa SSSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň permany bilen özbeklerden birinji bolup Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesi berilýär.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Zebo Ganiýewa Moskwa üçin söweşlerde şepagat uýasy, minomýotçy we pulemýotçy hökmünde gatnaşdy. Soňra gysga wagtda ol snaýperligi öwrenýär we Leningrad söweşlerinden birinde agyr ýaradar bolýar. Muňa çenli Z. Ganiýewa 129 faşisti ýok edipdi.



Zebo Ganiýewa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



General-maýor Sabir Rahimow polkownik Rudenko we general adýutanty L. Ýusupow bilen hereket planyny düzýärler

## MAGLUMAT ÜÇIN

Stalingrad söweşi Ikinji jahan urşunda düýpli öwrülişigi başlap berdi. Kawkaz üçin söweşlerde Sabyr Rahimowyň komandirligindäki 395-nji atyjylyk diwiziýasy özüni görkezýär we oňa 1943-nji ýylyň 19-njy martynda general-maýor derejesi berilýär. Stalingrad söweşlerinde Sabyrjan Ahunjanow, Abdulla Aýupow ýaly müňlerçe özbegistanlylar gatnaşdy. Olaryň arasynda Stalingraddaky Pawlowyň öýüni goran Kamol Turgunow hem bardy. Jemi 2738 sany özbegistanly «Stalingrady gorany üçin» medaly bilen sylaglandy. Kawkaz üçin söweşleriň soňky basgançagynda Samig Abdullaýew duşmanyň zarbalarynyň astynda 3 müňe golaý minalaryny zyýansyzlandyrdy hem-de görkezen edermenligi üçin Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesine sezewar boldy.



Abdulla Aýupow



Kamol Turgunow



Sabyrjan Ahunjanow



Samig Abdullaýew

## BILÝÄSIŇIZMI?

Don derýasynyň sag kenaryndaky Kleskiý obasynyň golaýyndaky depelerden biri üçin söweşde Mihail Kabribowyň baştutanlygyndaky 11 adam 300 sany duşmany ýok etmegi başarýar. Bu ýere «Gündogarly on bir gahryman depesi» ady berlen. Olardan 8 sanysy özbegistanlydy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Kursk söweşinde Ahmadjan Şukurow, Waldemar Şalandin, Kaýumjan Karimow ýaly müňlerçe özbegistanlylar gatnaşdy. Düýpli öwrülişik antigitler koalisiýasyny pugtalandyrdy hem-de Beýik Britaniýa we ABŞ ahyrynda öz goşunlaryny Fransiýa girizmek arkaly ýewropada ikinji fronty açmagy karar edýär.

Özbegistanlylar Dnepr derýasyny kesip geçmekdäki söweşlerde öňdäki hatarlarda boldular. Bois Ergaşew, Kudrat Suýunow ýaly ençeme özbegistanlylar Sowet Soýuzynyň Gahrymany boldular. Sowet Soýuzynyň Gahrymany Abdulla Kurbanowyň razwedkadan duşman güýçleriniň ýerleşişi hakynda möhüm maglumatlary getirmegi aýgytlaýjy söweşjeň operasiýanyň başlanmagyna hyzmat etdi.

1944-nji ýylyň tomsunda Belorussiýany faşistlerden azat etmekde Şadi Şaimow (wepat bolandan soň Sowet Soýuzynyň Gahrymany ady berildi), Esan Jawböriýew ýaly müňlerçe özbegistanlylar gahrymançylyk görkezdi. Partizanlaryň arasynda hem Ganitaý Taşniýazow, Lukman Orakow ýaly özbegistanlylar köpçüligi düzýärdi. Razwedkaçy partizan Mamadali Tapiwaldiýew bolsa Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesine sezewar boldy.



Bois Ergaşew



Kudrat Suýunow



Abdulla Kurbanow



Mamadali Tapiwaldiýew



Esan Jawböriýew

## MAGLUMAT ÜÇIN

1944-nji ýylda Sowet Soýuzy öz çäklerini doly azat etdi, sowet goşunlary Güdogar Ýewropa girýär. 6-njy iýunda ikinji front açylýar. Özbegistanlylar Polşa, Rumyniýa, Bolgariýa, Ýugoslawiýa, Çehoslowakiýa, Wengriýa, Awstriýa döwletlerini azat etmekde gatnaşdy. Ýesir düşüp, gaçmaga miýesser bolan özbegistanlylar hem Garşylyk görkezmek hereketinde aktiw gatnaşdylar.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Italiýadaky Garşylyk görkezmek hereketi gatnaşyjysy Ahmadjan Mamajanowa gahryman derejesindäki «Watançy» şahadatnamasy berildi. Fransiýadaky hereket gatnaşyjylary Haşim Ismailow, Tajibaý Ziýoýew ordenler bilen sylaglandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1945-nji ýylyň 25-nji martynda Polşanyň Dansig (häzirki Gdansk) şäheri üçin bolan söweşde general maýor S.Rahimow agyr ýaradar boldy we ertesine wepat bolýar. Oňa 1965-nji ýylda Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesi berilýär. Şonuň ýaly-da, Polşany azat etmekde Ahmadjan Kurbanow, Emirali Saidbekow hem gahrymanlarça wepat boldy.

1945-nji ýylyň 16-njy aprelinde başlanan Berlin operasiýasynda özbegistanlylar mertlik nusgasyny görkezdi. Oder derýasyndan Batyr Babaýew birinjilerden bolup ýüzüp geçdi. 1945-nji ýylyň 23-nji aprelinde Berlin asmanynda gözegçi-uçyjy Plis Nurpeýsow heläk boldy.

Berlin operasiýasy 8-nji maý güni Germaniýanyň sözsüz boýun egmegi bilen gutardy. Şol gün Faşistler Germaniýasynyň kapitulýasiýasy hakyndaky Akta gol çekildi. Bu Akt hem-de dolanan Ýeňiş baýdagynyň Berlinden Moskwa 9-njy maýyň daňynda alyp gelen uçujylaryň hatarynda özbek ýigidi Abdusamat Taýmetow hem bardy. 9-njy maý SSSR-de «Ýeňiş baýramy» diýip yglan edilýär.



Ahmadjan Kurbanow



Emirali Saidbekow



Batyr Babaýew



Plis Nurpeýsow

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1945-njy ýylyň 23-nji aprel güni Tajiali Babaýew Berlindäki Silez wokzalyna birinji bolup girdi we baýdak dikmegi gazandy.

30-njy aprelde Gitler Germaniýasynyň esasy simwoly bolan Reýhstagyň gümmezine birinji bolup baýdak ornadan 150-nji atyjylyk diwiziýanyň düzüminde özbeklerden Karimjan Isakow, Gulam Sultanow bardy.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Özbek uçujylaryndan Abdusattar Eşankulow Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesine sezawar boldy. Frontuň dürli ýerlerinde Mukaddam Aşrapowa, aga-ini Ishak we Habibulla Kamilowlar ýaly ençeme harby lukmanlar müňlerçe esgerleriň janyny saklap galmakda gahrymanlyk görkezdi. Şepagat uýasy (medsestra) Rihsihan Möminowa bolsa Halkara Gyzyl Haç Guramasynyň Florens Naýtingeýl medalyna sezawar boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ikinjii jahan urşunda Germaniýanyň Soýuzdaşy bolan Ýaponiýa garşy uruş 1945-nji ýylyň 9-njy awgustyna geçýän gije sowet goşunlarynyň uzak Gündogardaky hüjümi bilen başlanýar. Söweşlerde Mongol armiýasynyň goşunlary hem gatnaşýar. Gysga möhletde Demirgazyk-gündogar Hytaý we Demirgazyk Koreýanyň çäkleri azat edilýär, sowet goşunlary Günorta Sahalin we Kuril adalaryny eýeleýär.

Kwantun armiýasyny derbi-dagyn etmekde Odil Ýakubow, Pidamat Rismatow, Usman Daniýarow, Fathulla Polatow we başga özbegistanly esgerler gatnaşýar.

Ikinji jahan urşy ýyllarynda **200 müňden gowrak özbegistanly esger we ofiserler** söweşjeň orden we medallar bilen sylaglandy. Olardan **301 sanysy Sowet Soýuzynyň Gahrymany** derejesine, **70 sanysy üçünji derejedäki «Slawa» ordenine** sezewar boldy.



## PIKIR EDIŇ

Mundan daşary, XX asyryň 30-njy ýyllarynda başga çäklere gulak edilen özbekler hem urşa çekildi. Gadagan edilenleriň perzentleri, zyndanda bolanlaryň arzalaryna görä jerime batalýonlaryna iberilip başlanýar. Zyndandan jerime batalýonyna iberilenlerden Inoýat Nawrozbaýew soňra Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesine sezewar boldy.



Inoýat Nawrozbaýew

Ençeme özbegistanlylar ýaradar bolup, harby söweşe gatnaşyp bilmeýän wagtynda hem zähmet frontunda göreşi dowam etdirdiler.


НАГРАДНОЙ ЛИСТ



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Şu kararymyzyň esasynda Özbegistan halkynyň söweş meýdanlarynda we frontuň arkasynda görkezen deňi-taýsyz edermenligini we mertligini taryh sahypalaryna möhürlemek, ýaş nesilimizi Watana söýgi we wepalylyk ruhunda terbiýelemek maksady jemlenen».

Şawkat Mirziýoýeiň «Ýeňiş bagy»ny açyş dabarasyndaky nutkundan

## PIKIR EDIŇ

Uruşda 538 müňden gowrak özbegistanlylar heläk boldy, 158 müňden artygy bolsa biderek ýogaldy. Bu fronta iberilen her üç özbegistanlylaryň biriniň gaýtmandygyny delillendirýär...

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Teksti okaň «deňi-taýsyz edermenlik we mertlik» sözlerine mysallar getiriň.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Beýik Ýeňşiň şanly 75 ýyllygynda Özbegistan halkynyň faşizmiň üstünden gazanan ýeňşine bagyşlap birinji gezek kitap-albom çap edildi.

2020-nji ýylda «Şan-şöhrat» döwlet muzeýi bolan dabaraly «Ýeňiş bagy» ýadygärlik toplumy guruldy.

Bu bagda şol günki geçirilen dabarada Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew söze çykyp, halkymyzyň ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňşe goşan goşandyna degişli täze taryhy maglumatlary yglan etdi.

1995-nji ýylda uruşdan gaýtmadyk ildeşlerimiz hakynda maglumatlar ýazylan 34 tomluk (soňra goşmaça ýene iki tom çap edilen) Hatyra kitaby hem-de uruş ýyllaryndaky Özbegistana bagyşlanan umumy tom neşir edildi.

Olaryň atlary 1999-njy ýylda Daşkent şäherinde gurlan Hatyra meýdanynyň eýwanlarynyň tekjelerinde ornadylan demir kitaplara möhürlendi. Garagalpagystan Respublikasy, welaýatlar we tüman merkezlerinde hem Hatyra meýdany guruldy.

1999-njy ýyldan başlap Ýeňiş baýramy «Hatyra we hormatlama güni» hökmünde bellenip başlandy.

Özbegistanda halkymyzyň görkezen edermenligi we çydamlylygyny hasaba almak bilen her ýyl uruş gatnaşyjylaryna 9-njy maýyň öňýanynda bir gezeklik pul sylagy berilýär.






Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Çydamlylyk senasy» ýadygärligi enelere bagyşlanan heýkel

## PIKIR EDIŇ

Ýeňşe bäş perzendini bagryna gaýtadan basyp bilmedik Zulfiýa aýa Zakirowa ýaly enelerimiz çydamlylygy, sabyr kanagatynyň öwezine gazanyldy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň belleýşi ýaly, Ýeňiş bagynyň merkezinde «Çydamlylyk senasy» diýip atlandyrylan beýik ýadygärlik ähli Özbegistan enelerine goýlan heýkel bolup, ene Watan simwoly bolup göge galdy.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Bagyň içinde ýesirligiň agyr azaplaryna seretmezden Watanyna wepaly, gadyr-gymmatyna wepaly bolan mert oglanlaryň hatyrasyna bagyşlanan Amersfort konslagerindäki 101 sany ýesir düşen özbek oglanynyň installýasiýasy gurlan.

Hakykatdan-da, uruş ýyllarynda baba-mamalarymyzyň edermenligini we çydamlylygyny ebediýleşdirmek boýunça amala aşyrylýan işleriň esasynda gahryman halkymyza mynasyp hormat görkezmek ýaly beýik arzuw öz beýanyny tapypdyr.

## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Urşuň ilkinji günlerinde, Moskwa üçin faşist basybalyjylara garşy söweşlerde özbegistanly söweşijileriň görkezen edermenligi barada aýdyp beriň.
2. Uruşda düýpli öwrülişik etmekde özbegistanly söweşijiler nähili goşant goşdular?
3. Sabir Rahimowyň edermenligini bilýärsiňizmi?
4. «Hatyra we Hormatlama güni» öň nähili atlandyrylýardy? Şu gün barada nnämeleri bilýärsiňiz?
5. Amersfort konslagerindäki 101 sany özbek ýesirleriniň çydamlylygynyň esasynda nähili gymmatlyk jemlenen?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Goşmaça okamak üçin

# GWARDIÝAÇY GENERAL-MAÝOR SABYR RAHIMOWYŇ JAÝLANYŞY

**BILÝÄRSIŇIZMI?**

«Ýeňiş bagynda» özbegistanly esgerleriň öçmez hatyrasyna bagyşlanyp, «Mangu jasorat (Baky edermenlik)» monumenti guruldy. Onuň baş gahrymany uruş ýyllarynda diňe bir Özbegistanda däl, eýsem Orta Aziýa halklaryndan çykan ýeke-täk general Sabyr Rahymow hasaplanýar.

Daşkent. 27-nji maý Daşkent zähmetkeşleri özbek halkynyň wepaly ogly, watanymyzyň azatlygy we garaşsyzlygy üçin duşmana garşy göreşde gahrymanlarça wepat bolan gwardyýaçy general-maýor Sabyr Rahimow bilen soňky gezek hoşlaşdylar.

Birinji özbek generaly Rahimowyň küli salnan gap Özbegistan Ýokary Sowetiniň zalyna goýuldy. Iki günüň içinde generalyň küli salnan gabyň ýanynda on müňlerçe zähmetkeşler boldular.

Matam mitinginde Özbegistan Halk Komissarlary Sowetiniň başlygy Abdurahmanow, Orta Aziýa harby okrugynyň goşunlarynyň komandiri general-maýor Lipatow we respublikanyň at gazanan mugallymy Hasan ata Islamowlar söze çykdylar.

Özbegistan KP (b) Merkezi Komitetiniň sekretary ýoldaş U.Ýusupowyň sözünden soň general Rahimowyň küli salnan gap dört burçly bitewi mermer daşyň içine goýuldy.

Özbegistanyň zähmetkeşleri özleriniň wepaly oglunyň hatyrasyny ebedi saklar. Birinji özbek generaly Sabyr Rahimowa Daşkentde heýkel dikilýär.

(«Gyzyl esger hakykaty» gazeti, 1945-nji ýylyň 30-nji maýy, 35-nji san).




«Ýeňiş bagy»ndaky «Baky edermenlik» monumenti



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANYŇ YLMY WE MEDENIÝETI ÝEŇIŞ ÜÇIN HYZMATDA

## BU GÜN DERSDE

- Özbegistanyň ylmy, edebiýat we sungat işgärleriniň faşizme garşy göreşe goşan goşantlary
- Ikinji jahan urşy ýyllarynda dini gatnaşyklar

## PIKIR EDIŇ

1. Ikinji jahan urşy ýyllarynda rus, belorus, ukrain we başga ewakuasiýa edilen edebiýat wekilleriniň döredijiligi nähili geçdi?
2. Ikinji jahan urşy ýyllarynda haýsy akyldaryň 500 ýyllygy bellenilip geçildi?


Abdulla Kahhar


Hamid Alymjan


Gafur Gulam


Mirtemir

## MAGLUMAT ÜÇIN

Urşuň ilkinji günlerinden Özbegistanyň ýazyjylary, kompozitorlary, rejissýorlary we suratçylary öz eserleri bilen halkyň ýeňşe bolan ynamyny artdyrmaga hereket etdiler.

Aýbegiň «Ýowa ölüm!» we Hamid Alamjanyň «Eliňe ýarag al!» goşgulary adamlary watan goragyna ündeýän çagyryş bolup ýaňlandy.

Gafur Gulam, Maksud Şaýhzada, Abdulla Kahhar, Mirtemir, Emin Umariý, Aýdyn, Zulfiýa, Mirmuhsin, Hamid Gulam, Turab Tolanyň söweşjeň ruhundaky eserleri hem metbugat sahypalarynda yzygiderli çap edip baryldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Front bolup duran ýerlerden ewakuasiýa edilen Alekseý Tolstoý, Korneý Çukowskiý, Anna Ahmatowa, Ýanka Kupala, Ýakub Kolas, Swetlana Somowa ýaly rus, ukrain, belorus ýazyjy we şahyrlary bilen edebi hyzmatdaşlyk işleri alnyp barylýar.

Şol sanda, «Biz ýeňiş gazanarys!» almanahy we «Özbegistanyň şahyrlary fronta» antologiýasy çap edilýär.

1944-nji ýylda özbek romançylygynyň görnükli wekillerinden biri bolan akademik şahyr Aýbegiň «Nawoýy» romany çap edilýär.

Aýbek «Front boýunça» proza söweşnamasyny ýazýar, Özbegistanyň halk suratkeşi Aral Tansykbaýew «Uruş ýollarynda» atly eserler tolumyny döredýär.


Korneý Çukowskiý


Ýanka Kupala

## MAGLUMAT ÜÇIN

Frontda gurnalan özbek dilindäki gazetlerde Jalalhan Azizhanow, Mirzakalon Ismailiý, Adham Rahmat, Nazarmat, Meli Jora, Ibrahim Rahim ýaly birnäçe ýazyjy we şahyrlar iş alyp bardylar.

Şuhrat, Şaraf Raşidow, Wali ýaly edebiýat wekilleri söweşlerde duşmana garşy göreşdiler.

Obidjan Abdurahmanow, Sultan Jora, Burhan Tursunow ýaly ençeme ýazyjy we şahyrlar söweş meýdanyndan gaýtmadylar.

1944-nji ýylda Kemerowodaky lagerde 30-njy ýyllarda gadagan edilen meşhur özbek şahyry Usman Nasyr aradan çykýar.


Usman Nasyr

Uruş Alyşir Nowaýynyň doglan gününiň 500 ýyllygy bellenilýän ýylda başlandy. Şuňa seretmezden 1941-nji ýylyň dekabrynda tussagda galan Leningrad şäherinde ýerleşýän Ermitaž muzeýinde ylmy ýygnak geçirildi.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

QR kodda berlen Gafur Gulamyň «Sen ýetim däldiň» goşgusyny üns berip diňläň. Onda gozgalan taglym bilen geçilen temalardaky maglumatlary umumylaşdyryp tanyşdyrma taýýarlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Muhtar Aşrafi 1942-nji ýylda döreden faşizme garşy göreşde öz beýanyny tapan «Gahrymançylyk simfoniýasy» üçin döwlet baýragyna sezewar boldy. Kompozitor sylag puluny samolýot we tank kolonnalaryny gurmak fonduna berdi.





«Gahrymançylyk simfoniýasy» 1945-nji ýylyň sentýabrynda ABŞ-da ýerine ýetirildi we bir ýylyň içinde Amerikanyň radiouzdyjy kompaniýasy eser ýazylan plastinkany köpçülikleýin nusgada çykardy.



## MAGLUMAT ÜÇIN

Uruş ýyllarynda Özbegistanyň sungat işgärleri 30-dan gowrak konsert brigadalarynyň düzüminde frontdaky esgerlere 35 müňden gowrak we Orta Aziýa Harby okrugy gospitallarynda, harby bölümlerde 20 müň sany konsert berdiler.

Front brigadalaynyň içinde Tamarahanum, Halima Nasyrowa, Sara Eşantöräýewa, Mukarrama Turgunbaýewa, Muhiddin Kary Ýakubow, Abror Hidoýatow, Alym Hojaýew, Gawhar Rahimowa, Karim Zakirow ýaly sungat işgärleri bardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1941-nji ýylyň noýabryna çenli Özbegistana Ukrainadan, Belorussiýadan we Russiýadan 22 sany ylmy barlag instituty, 16 sany ýokary okuw jaýy, 2 kitaphana ewakuasiýa edildi.

## MAGLUMAT ÜÇIN

1943-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Özbegistan SSR Ylymlar akademiýasy döredildi. Onda tanymal özbek matematik alymy Taşmuhammet Kary-Niýaziý (1897–1970) akademiýanyň birinji prezidenti edip saýlandy. Akademiýanyň hünärmenleri tarapyndan Farhad GES-niň taslamasy işläp taýýarlandy.

1945-nji ýyla gelip, Ylymlar akademiýasy ylmy merkeze öwrüldi, onuň düzüminde 20 ylmy barlag instituty, 2 sany laboratoriýa we 1 sany tejribe stansiýasy bardy.



Taşmuhammet Kari-Niýaziý



Özbegistan SSR Ylymlar akademiýasynyň jaýy



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ikinji jahan urşy ýyllarynda Germaniýa we onuň soýuzdaşlaryna garşy «Antifaşist döwletler soýuzyny» düzen wagtynda günbatar döwletleri Sowet hökümetniň öňüne birnäçe demokratik talaplary goýdular. Diňe şu talaplar ýerine ýetirilse Sowet hökümeti bilen harby syýasy soýuz düzmäge razy boljakdygyny mälim edýärler. Olardan biri dindarlara we dine garşy syýasaty düýpden özgertmek talabydy.

Günbatar döwletleriň talaby we ilatyň urşa mobilizasiýa zerurlygy hökümetiň din we dini guramalara bolan syýasaty wagtlaýyn bolsa-da özgertmäge mejbur etdi. Ýurtda kommunistler aňyýetiniň ornaşdyrylan bolmagyna seretmezden, ilatyň esasy bölegini dindarlar düzýärdi. Dini syýasaty üýtgetmezden, olary Germaniýa garşy göreşe çekmek mümkin däldi. Şu faktorlar sebäpli kommunistler hökümeti üçin dini mesele wajyp bolýar we dini syýasat wagtlaýynça özgerdilýär.

Din we dini edaralara bolan syýasytyň wagtlaýyn özgerdilmegi aşakdakylarda ýüze çykdy:

1. Dindarlary yzarlamak we dine garşy iş alyp barmak wagtlaýyn bes edilýär. Käbir ruhanylar zyndandan boşadylýar. Dine garşy iş alyp barýan «Söweşjeň hudaýsyzlar soýuzy» ýatyrylýar we «Bezbožnik» («Hudaýsyz») žurnaly ýapylýar;

2. Döwletiň gözegçiligi bilen dini guramalar gaýtadan döredilýär we olaryň işi giňeldilýär.

1943-nji ýylda içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Rus prawoslaw buthana işleri wekilligi, 1944-nji ýylda ähli dinler üçin jogapkär «Din işleri boýunça wekillik» döredilýär. Bütin Russiýada buthana we ybadathanalar Sinoda (prawoslaw buthanasyny dolandyryş organy) gaýtaryldy.



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

1943-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Daşkent şäherinde musulman wekilleriniň gurultaýy bolup geçýär. Onda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň dini müdirliginiň esaslandyrylmagy esasy mesele edip goýulýar. Prezidium esaslandyryjy komitetini düzüp, Işan Babahanyň ýolbaşçylygynda «Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň dini müdirligi» döredilişi barada karar kabul etdi. Işan Babahan 1943-nji ýylda Orta Aziýa we Gazagystan musulmanlarynyň dini müdirliginiň muftisi edip saýlanýar.

Uruşdaky şertler üýtgäp sowetler häkimiýetiniň saklanyp galjagy anyk bolansoň, hökümet ýene dine görä syýasatyny üýtgedýär. 1944-nji ýylyň sentýabrynda kommunistler partiýasy merkezi komiteti ýene dine garşy uruş yglan edýär.



Işan Babahan

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1944-nji ýylda Işan Babahan ibn Abdulmajidhanyň ýolbaşçylygynda wekiller birinji gezek Saud Arabystanyna haj saparyna ýol aldylar. Sapar dowamynda olar Eýranda, Yrakda, Liwanda we Müsürde hem bolup ilkinji gezek daşary ýurtdaky dindarlar bilen gepleşik edip, şahsy aragatnaşyklary ýola goýmak mümkinçiligine eýe boldular. 1945 we 1946-njy ýyllarda hem ýene başga toparlar haj saparlaryny amala aşyrdylar. Şunuň bilen ýene belli bir möhlete çenli sowet musulmanlarynyň haj saparyna barmagy togtap galdy.

## ÖWRENENLERIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Özbegistan Ylymlar akademiýasynyň döredilmegi hakynda aýdyp beriň.
2. Özbegistana Günbatardan nähili ylmy edaralar göçürip getirildi?
3. Ýokary tälim pudagynda ýagdaý nähilidi?
4. Uruş ýyllarynda döredijilik eden ýazyjy we şahyrlardan kimleri bilýärsiňiz? Sol ýyllarda nähili eserler döredildi?
5. Öýe iş. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| Özbek ýazyjylary | Göçüp gelen ýazyjylar | Özbek alymlary | Göçüp gelen alymlar |
|---|---|---|---|
| | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANYŇ HALK HOJALYGYNYŇ URUŞDAN SOŇKY ÝYLLARDAKY ÖSÜŞI

## BU GÜN DERSDE

- Özbegistanyň halk hojalygynyň parahatçylykly ösüş ýoluna geçmegi.
- Uruşdan soňky repressiýa syýasaty.

## PIKIR EDIŇ

1. Kolhozlaşdyrmak syýasatyndan gözlenen esasy maksat nämedi?
2. 1933-39-njy ýyllardaky repressiýa syýasatynda esasan kimler yzarlanypdy?



## MAGLUMAT ÜÇIN

Ikinji jahan urşy ýyllarynda ilatynyň 10 göterimine golaýyny ýitiren (heläk bolan ýa-da dereksiz ýiten), ykdysadynyň 60 göterimini uruş harajatlaryna gönükdiren Özbegistan Respublikasy entek özüne gelmänkä, indi pagta «fronty»nda zähmet çekmäge dogry geldi.

Moskwanyň pagtaçylygy ösdürmek boýunça Özbegistanyň öňüne örän belent plan goýmagy netijesinde 1949-njy we 1950-nji ýyllarda plan tabşyryklary ýerine ýetirilmeýär.

Dördünji bäş ýyllykda (1948–1952-nji ýyl) pagtaçylyga bölünen ýer meýdany 148 müň gektar köpeldi, respublikanyň tebigy we ynsan mümkinçiliklerini rehimsiz işletmek netijesinde pagtanyň jemi hasyly şol döwürde has artýar. Kolhozçylaryň şahsy ýer mülkleriniň we öý hojalyklarynyň hasabyndan pagta ekilýän meýdanlar ýiti giňeldilýär.

1950-nji ýylda sowet syýasy ýolbaşçylary tarapyndan kolhozlary ulaltmak we olary hünärmenler bilen üpjün etmek syýasaty başlanýar. Bu syýasat diňe ykdysady däl, eýsem syýasy maksatlary hem göz öňünde tutupdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kolhozlaryň partiýa guramalarynda olar birleşdirilenden soň düýpli özgerişler bolup geçdi. Bar bolan ownuk kolhozlaryň ornuna iri kolhozlar düzülýär. Sowet hökümeti ýerlerdäki partiýa edaralary arkaly kolhozlaryň işiniň üstünden berk gözegçilik ornaşdyrýar. Bu Özbegistanda kolhoz gurluşynyň syýasatlaşdyrylmagyny aňladýardy.



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. 1949-njy we 1950-nji ýyllarda Moskwanyň pagtaçylygy ösdürmek boýunça Özbegistanyň öňünde goýlan plan ýerine ýetirilmedi? Sebäplerini görkeziň.
2. Sowet hökümetiniň ýerlerdäki partiýa edaralary arkaly kolhozlaryň işiniň üstünden berk gözegçilik ornaşdyrmakdan maksady nämedi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Uruşdan soňky ýyllarda Özbegistanda çig mal ýetişdirmek pudagy güýçli depginler bilen ösdi. Nebit, kömir gazyp almak, elektr-energiýa, mineral dökünler, polat öndürmek güýçli depginlerde ösdürmek ykdysadyýetiň çig mala gönükdirilendigini has-da berkitdi.

Bu döwürde sowetiň düzüminiň repressiýa syýasaty dowam edip, bu hadysa ylym we medeniýetiň görnükli wekillerine garşy geçirilen kampaniýalarda öz beýanyny tapdy. Merkeziň görkezmesi boýunça, respublikanyň syýasy ýolbaşçylary ylym, edebiýat we sungatyň käbir wekillerini «feodal geçmişi ideallaşdyrmakda we ondaky käbir işgärleriň özbek halkynyň taryhyndaky roluna «marksistik däl» çemeleşmek arkaly baha berendikleri üçin günälenipdi.

Özbegistan SSR kommunistik partiýasynyň merkezi komitetiniň 1952-nji ýylyň fewralyndaky X plenumynyň kararlarynda birnäçe özbek alymlary we medeniýet işgärleriniň döredijilikleri berk tankyt edilip, halk döredijilik eserlerine pes baha berilýär. «Alpamyş» halk dessanyny bolsa düýbünden rehimsizlikde günäledi. Birneme soňrak «feodal geçmişiň ideallaşdyranlyklary» üçin Aýbek, Maksud Şaýhzada, Şukrulla, Hamid Suleýmanow we başgalar gadagan edilýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Dünýä taryhyndan alan bilimleriňize esaslanyp aşakdaky soraglara jogap beriň?

1. Näme üçin respublikalarda çöregiň bahasy gymmatlady?
2. Şu ýyllarda oba hojalyk pudagynda nähili syýasat alnyp baryldy?
3. Şükrullanyň «Kepensiz gömlenler» eserinde 50-nji ýyllarda sowet gadagan syýasaty görkezilen.

1960-njy ýyllaryň başynda şäherlerde, hatda çörek hem ýetişmeýärdi. 1962-nji ýylyň 1-nji iýunyndan hökümet wagtlaýyn etiň we ýagyň bahasyny artdyrmaga mejbur bolýar. Bu adamlaryň, ilki bilen, işçileriň arasynda närrazylygy getirip çykarýar. 1963-nji ýyldan başlap hökümet daşardan galla satyn alyp başlaýar.






## MAGLUMAT ÜÇIN

Bu döwürde Özbegistanda dürli senagat kärhanalary gurlupdy. Mürzeçöl, Surhan-Şirabat we Karşy çölüniň özleşdirilmegi netijesinde ekin meýdanlary giňeldilýär.

Sowet Soýuzyny dolandyrmaga kim gelmegine seretmezden, ondaky sosial-syýasy, ykdysady durmuş esaslary soňky ýyllarda üýtgemedi. 1970-nji ýyllarda «SSSR-de ösen sosialistik jemgyýet» gurlanlygy yglan edilen bolsa-da, amalda Sowet häkimiýetiniň gol astynda ýaşaýan halklaryň ýaşaýyş derejesi dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniňkiden örän yzda galdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1970–1980-nji ýyllaryň ortalaryndaky döwür Özbegistan daýhançylygy üçin örän agyr geçdi. Pagta meýdanlarynyň giňelmegi Özbegustanyň ekologiýasynyň bozulmagyna sebäp boldy.

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan suwarylýan ekin meýdanlarynyň giňeldilmegi netijesinde deňze Amyderýadan we Syrderýadan guýulýan suwuň möçberi ýyldan-ýyla kemeldi. Netijede Aral deňziniň suwy güýçli depginler bilen peselip, ol gurap başlady. Deňiz suwunyň şorlanmagy güýçlenip, balyk we başga suw jandarlary kemelip gitdi. Aral deňziniň guramagy Merkezi Aziýa sebitine hem-de goňşy döwletleriň ekologiýasyna misli görülmedik derejede ýaman täsir etdi.



Mürzeçölüň özleşdirilişi



## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. «Özbegistanyň ykdysadyýetiniň bir taraplaýyn ösdürilmegi» diýende nämäni düşündiňiz?
2. Senagat kärhanalary nähili maksatlarda gaýtadan enjamlaşdyryldy?
3. Hünärmentçiligiň ösmegine nämeler päsgel berdi? Siziň pikiriňize görä ýekebara tertipdäki hünärmentçiligiň gadagan edilmegine näme sebäp bolan bolmagy mümkin?

## BILÝÄRSIŇIZMI?

1959-njy ýylyň 15-nji martynda Özbegistan Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary wezipesine Şaraf Raşidow (1917–1983) saýlanýar. Ol bu wezipede ömrüniň ahyryna çenli üstünlikli işledi.

Şaraf Raşidow tanymal döwlet, syýasat we jemgyýet işgäri hem-de meşhur ýazyjy bolupdyr. 1917-nji ýylyň 8-nji noýabrynda Jyzzahda doglupdyr. Ol 1950–1959-njy ýyllarda Özbegistan SSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy hökmünde özünden gowy täsir galdyrdy. Ol talantly guramaçy we ussat ýolbaşçydy. Ş.Raşidowyň ýolbaşçylygynda Özbegistan ykdysadyýetini we medeniýetini ösdürmekde örän uly üstünlikler gazanyldy. Pagtaçylygy ösdürmek, täze ýerleri özleşdirmek, 1966-njy ýyldaky ýer titremeden soň Daşkent şäherini gaýtadan dikeltmek işine ol bar güýç-kuwwatyny we gaýratyny sarplady. Daşkent metropolitenini gurmak onuň başlangyjy bilen başlandy. Metropoliteniň birinji liniýasy (9 sany duralga) 1977-nji ýylyň noýabrynda işe düşürildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1977-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda kabul edilen SSSR-iň täze Konstitusiýasy milli respublikalaryň hukugyny resmi çäklendirýär we Merkeze giň ygtyýarlyklary berýär. 1978-nji ýylda ÖzSSR hem öz konstitusiýasyny kabul edýär. Konstitusiýada bellenen düzgünler diňe kagyzda bolup, amalda şol döwurdäki hökümdar partiýanyň kararlary amala aşyrylýardy, ähli guramalar üçin esasy ýolbaşçylyk kommunistler partiýasynyň elindedi.

Özbegistanda hem bütin Soýuzda bolşy ýaly respublika Ýokary Soweti hiç bir meseläni partiýa komitetlerinden rugsat alman çözüp bilmeýärdi.

Komsomol we başga guramalarynyň görkezmelerini ýerine ýetirmäge mejbur bolupdyrlar. Buýruklary ýerine ýetirmedik başlyklar öz wezipelerinden boşadylýardy. Sowet häkimiýeti döwründe partiýa nomenklaturasy (partiýa organlary bilen ylalaşyp bellenilýän wezipeler) diýip atlandyrylan tertip-düzgün bolupdyr.

Bu düzgüne görä, jogapkär wezipelere diňe partiýa agzalary, ýagny kommunistler bellenipdir. Şunuň bilen birlikde dürli derejedäki Sowetler, komsomol hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň başlyklary kommunistik partiýanyň ýolbaşçylary (Merkezi Komitet, welaýat, şäher we etrap partiýa komitetleri) düzümine giripdir. Şeýlelikde partiýa organlary bu guramalar bilen goşulyp, olary özlerine boýun egdiripdir.

## DÖREDIJILIKLI IŞ

Ekologik meseleleriň gelip çykyşy hakynda prezentasiýa taýýarlaň. Prezentasiýada aşakdakylara üns beriň:

- pagta meýdanlarynyň giňelmegi we onuň netijeleri.
- ekologiýanyň bozulmagyna täsir eden faktorlar.
- Aral meselesiniň gelip çykmagyna Özbegistanyň ýolbaşçylarynyň gatnaşygy.
- BMG-nyň 72-nji sessiýasynda Aral bilen bagly meseleleriň göterilmegi we halkara guramalaryň gatnaşygy.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

XX asyryň 60–80-nji ýyllarynda Özbegistanda ýerli ilatdan daşary dürli sebitlerden göçüp gelen ruslar, tatarlar, ukrainler, koreýsler we başga halklar – umumy hasapda 127 millet we halkyýet ýaşapdyr. 1970–1980-nji ýyllarda respublikada ruslaşdyrmak syýasaty ýene-de güýçlenýär. Bu syýasat özbek edebi diliniň ösmegine erbet täsir etdi. Emma şol döwürde bu «ýeke-täk Sowet halkyny şekillendirmekdäki kanyny hadysa» hökmünde kabul edildi.

Özbegistanda döwrebap metallurgiýa senagatynyň esaslandyrylmagy onuň industrial keşbini üýtgedip goýberdi. Ençeme täze şäherler we posýoloklar (şäherçeler) guruldy. Aýratyn hem, soýuza boýun egýän we «ýapyk şäher» diýip atlandyrylan Nowaýy, Zerewşan we Üçkuduk ýaly şäherlere başga sebitlerden işçi güýji çaltlyk bilen getirildi. Ýapyk şäherler ýerli hakimiýete boýun egmändir. Bu ýerlerde gizlin kärhanalar ýerleşen bolup, olar diňe Merkeze hasabat berýärdi.



1956-njy ýylda Buhara welaýatynda Gazli nebit-gaz käni tapyldy.
Dünýädäki iň iri gaz känlerinden biri hasaplanýan bu käniň umumy gory 500 mlrd kubometr gaz bolupdyr.

XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda Gyzylgum sährasynyň merkezi etraplarynyň senagat taýdan özleşdirilmegi altyn we uran gazyp alýan senagatyň peýda bolmagyna getirdi.

1958-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Nowaýy dag-metallurgiýa kombinatynyň esasynyň goýulmagy bilen Nowaýy şäheri esaslandyryldy.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Dag-metallurgiýa senagatyna ýurduň daşarsyndan kadrlar we işçi güýjüni getirmekden gözlenen maksat nämedi?
2. Näme üçin Nowaýy, Zerewşan we Üçkuduk ýaly şäherler «ýapyk şäherler» diýip aýdylypdyr?
3. Sowet jemgyýetiniň syýasy ulgamyna haýsy guramalar giripdir? Olaryň işindäki nähili meselelerde päsgelçilikler bolupdyr?
4. 1978-nji ýyldaky Konstitusiýanyň Özbegistanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna täsiri nähili boldy?
5. Jemgyýetçilik guramalarynyň hukuklarynyň çäklendirilmegi nähili netijelere getirdi?
6. Oýlanyp, netije çykaryň we pikiriňizi bildiriň.
   Özbegistanyň ýerasty baýlyklaryndan gymmat bahaly resurslary gazyp alan Soýuz kärhanalary alnan peýdanyň bary-ýogy 1 göterimini ýerli býujete geçiripdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTAN 1980–1990-NJY ÝYLLARDA

## BU GÜN DERSDE

- Pagta ýekehäkimligi we sosial meseleleriň barha güýçlenmegi.
- «Pagta işi» we onuň respublikadaky jemgyýetçilik ýagdaý täsiri.

## PIKIR EDIŇ

Dünýä taryhyndan alan bilimleriňiz esasynda aşakdaky soraglara jogap beriň:

1. 1980-nji ýyllara gelip SSSR döwletiniň ykdysady ösüşinde nähili meseleler ýüze çykdy? Bu meseleleriň Özbegistana täsiri boldumy? Näme üçin?
2. Ykdysady meseleler nähili syýasy meselelere sebäp boldy?

## MAGLUMAT ÜÇIN

1980-nji ýyllara gelip sowet imperiýasy gurmakçy bolan «sosialistik» düzümiň garypdygy ýüze çykýar. Ýöne ýeke-täk syýasy hökümdar we barha agyrlaşýan ýagdaýy üçin jogapkär güýç – kommunistler bu hakykaty ykrar etmekleri mümkin däldi. Şu sebäpli Ýu. Andropow bar bolan ähli meselelerde we ýitgilerde «günäkäri» tapmak we olary «sowet halky»na görkezjek bolýar. Beýle «günäkärler» derrew Moskwada, Krasnodar welaýatynda we Özbegistan SSR-de «tapyldy». Ýagny ençeme şahslara wezpesinden öz peýdalanmak, döwlet emlägini özleşdirmek, uly mukdarda para almak aýplary goýuldy.





## DÖREDIJILIKLI IŞ

Sowet hökümetiniň, ilki bilen, durmuş-ykdysady we soňluk bilen syýasy esasyna «owgan urşy»nyň täsiri bolupmy? Näme üçin? Pikiriňizi esaslandyryň?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## BILÝÄRSIŇIZMI?

«Internasional kömek» etmek bahanasy bilen parahat Owganystany çozup girmek örän gymmata düşdi: ol ýerde hemişe saklanan ýüz müň sany harbyny azyk, geýim-gejim, gural-ýarag we başga zerurlyklar bilen üpjün etmek üçin on ýylda 100.000.000.000 rubldan artyk serişde sarplanypdy. Iň pajygalysy, bu adamkärçiliksiz uruşda 14.500 adamdan artyk sowet harbysy, şol sanda, 1515 sany özbegistanly heläk boldy, 100.000-den artyk adam agyr ýaralandy ýa-da öýüne maýyp bolup gaýtdy.

## MAGLUMAT ÜÇIN

1984-nji ýylyň 23-nji iyunynda Özbegistan Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň XVI plenumynyň kararlary bilen Merkez tarapyndan Özbegistanda «pagta işi» diýilýän syýasy gadaganlar başlanýar.

SSSR Baş prokurorynyň ýanynda aýratyn möhüm işler boýunça yörite sülçüler topary düzülip, olaryň ilkinji topary 1983-nji ýylyň başlarynda Özbegistana iberlipdi. Ynha şeýle mahsus derňew toparlarynyň esasylaryndan biri T. Gdlýanyň we N. Iwanowyň ýolbaşçylygynda 1983-nji ýylyň aprelinde düzülipdi. Olar soňra Merkezleşen respublika gelen «desantçylara» daýanyp, Özbegistanda nobatdaky gadagany amala aşyrýarlar.

1985–1990-njy ýyllarda Özbegistanda «pagta işi» diýen töhmet boýunça jemi 40 000 adam derňew edildi, olaryň köpçüligi derňew izolýatorlarynda prokuroryň sanksiýasysyz oturdy, 5 000 sany adam toslama töhmetler bilen jenaýat jogapkärçiligine çekildi. Derňewde ynsan hukuklary aýagasty edilip tussaglara ruhy taýdan basym geçirildi. Olaryň maşgala agzalary we ýakynlary hem tussag edildi. Kadrlary çalşyrmak syýasaty gynançly görnüşe geçdi.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÖREDIJILIKLI IŞ

1. 1980-nji ýyllardaky gadagan syýasaty ondan öňki döwürde bolan gadagandan nämesi bilen tapawutlanýar?
2. QR kodda berlen teksti 145-nji sahypadan 165-nji sahypa çenli okaň we şol döwürdäki hadysalara pikiriňizi bildiriň.

## BILÝÄRSIŇIZMI?

Moskwanyň asyl maksadyna düşünen Ş. Raşidow nobatdaky «syýasy täzelemeler» tygyny elinden geldigiçe peseltmäge hereket eden bolsa-da, ony bütinleý ýok etmäge güýji ýetmedigi tebigy. Onuň üstesine, oňa we özbek milletine geçirilip başlan her taraplaýyn agyr we üznüksiz basym öz täsirini etdi – 1983-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda ol ýürek keseliniň güýjemegi sebäpli aradan çykdy.

## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet režiminiň «pagta işi»niň netijesinde Özbegistanda müňlerçe adamlar nähak jezalandyryldy. Halk hojalygy pudaklarynda goşup ýazmak, parahorluk we korrupsiýa bilen bagly bolan jenaýatlar SSSR-iň ähli çäklerinde diýen ýaly bolup geçen bolsa-da «tejribe meýdany» hökmünde Özbegistan saýlandy hem-de jenaýat işleri bilen baglanyşykly adamlardan daşary ençeme adamlar günäsiz jeza çekildi. Kommunistik partiýanyň repressiýa syýasaty bu bilen çäklenmän pagta işini özbekler işine öwürmäge çalyşýarlar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## BILÝÄRSIŇIZMI?

1970–1980-nji ýyllaryň dowamynda döwlet býujetinden serişde bermek 11 göterimden 8 göterime çenli gysgaldy, okuw binalarynyň ýetmezçiligi has duýuldy.

1987-nji ýylda respublikada umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5596 sanysynda (72,1%) okamak iki smenada alnyp barlyp, 1989-njy ýylda Daşkent şäherinde 30 sany, Garagapagystan Respublikasynda 25 sany mekdep hatda üç smenada işlemäge dogry gelen bolsa, respublikanyň çäginde bolsa jemi 150 müň okuwçy üç smenada okamaga mejbur boldy.

Sowet döwleti we hökümdar partiýa ruslaşdyrmak syýasatyny orta mekdepler arkaly hem dowam etdirip, rus medeniýetini, taryhyny we edebiýatyny mekdeplerde has-da çuňňur okatmaga ünsüni çekdi. Meselem, özbek dilinde bilim alýan mekdepleriň her bir synpyna rus dili edebiýatyny öwrenmek üçin 3390 sagat berlen bolsa rus dilinde okadylýan mekdepler üçin özbek dilini we edebiýatyny öwrenmäge 560 sagat ýa-da 6 esse diýen ýaly kem sagat berildi.



Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ruslaşdyrmak syýasaty bilen bir wagtda ýaşlara ateistik terbiýe bermek hem güýçlendirilýär. Mukaddes yslam dinini «ol bozgunçy taglymlardan ybarat», diýip subut etmäge hereket etdiler. Ähli ýokary pedagogika okuw jaýlary we bilim ojaklarynda dürli ateistik gurnaklar, klublar döredilýär.

1980-nji ýyllara gelip, «Sowet soýuzy» diýip at alan uly imperiýanyň ýykyljagy şübhesiz bolandan soň, hökümet ýene-de dindarlara hüjüm edip başlaýar. Bu gezek göreşiň tygy esasan döwlet edaralarynda we jogapkär wezipelerde işleýän partiýa agzalaryna gönükdirildi. Olar ata-enesi ýa-da ýakyn garyndaşy aradan çyksa, jynaza namazyna baranlygy üçin hem yzarlandy. 1986-njy ýylda SSKP XXVII gurultaýynyň «Ateistik terbiýe we ony kämilleşdirmek çäreleri hakynda»ky kararynyň ýerine ýetirilmegi boýunça «Ýaşlar we ateistik terbiýe», «Leniniň işi ateistik terbiýede», «Din tiryekdir», «Ylmy kommunizm kommunistik terbiýaniň aýrylmaz bölegi» ýaly leksiýalar we söhbetler guraldy.

«Din tiryekdir» diýen taglymlar ýene gaýta dikeldilýär. Dini kitaplar şol sanda, arap ýazuwyna esaslanan ähli görnüşdäki kitaplar «reaksion» diýip yglan edildi. Öýünden arap ýazuwyndaky kitap çykan hem-de namaz okap, oraza tutýanlary yzarlamak dowam etdirildi.

Dine garşy göreş perdesi astynda halkymyzyň gadymy däp-dessurlary, gymmatlyklary aýagasty edildi. Müň ýyllaryň dowamynda bellenip gelýän «Nowruz» dini baýram hökmünde düýbünden gadagan edildi.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Ýurduň syýasy durmuşynda 1982–1985-nji ýyllarda bolup geçen özgerişlerden Özbegistan hem çetde galmady.

SSKP MK Aprel (1985-nji ý.) plenumy Sowet jemgyýetiniň durmuşynyň ähli ugurlaryny reforma etmek ýoluny yglan etdi. Täzeden gurmagyň esasy düzüm bölekleri diýip sosial durmuşy demokratlaşdyrmak we düýpli ykdysady reforma geçirmek bellendi.

Täzeden gurmagyň birinji basgançagy (1985–1986-njy ýyllar) administratiw guramaçylyk çäreleriniň täze usullarda alyp barylmagy bilen düşündirilýär. Bu basgançakda ylmy-tehnikanyň ösüşiniň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak esasynda jemgyýetde düýpli ykdysady ösüşi we onuň esasynda ynsan faktoryny işjeňleşdirmek niýetlenipdi.

Täzeden gurmagyň ikinji basgançagy (1987–1989-njy ýyllar) jemgyýetiň ähli ugurlaryny kompleks görnüşde reforma etmek gün tertibinde goýuldy. Aýratyn hem, 1987-nji ýylyň ýanwar we 1988-nji ýylyň iýunynda bu wezipeler has-da konkretleşdirildi we onuň esasy maksady Sowet jemgyýetini doly demokratlaşdyrmakdan ybaratdygy nygtaldy.

Täzeden gurlmagyň aç-açanlyk, demokratiýa we pikirleriň dürlüliginiň belli bir derejede güýçlenmegine mümkinçilik döretdi. Emma döwletde düýpli demakratik özgerişleri amala aşyrmak, başlanan reformalary ahyryna ýetirmek mümkin bolmady.



## BILÝÄRSIŇIZMI?

Ýurtda bolan täzeden gurmak jemgyýetiň sosial we syýasy gurluşynda birnäçe özgerişleri getirip çykardy. SSKP-niň sowet jemgyýetindäki ýolbaşçylygyna we öňdebaryjylygyna zyýan ýetdi, saýlaw ulgamyny üýtgetmek hakynda kanun kabul edildi.

Täzeden gurmak ahyr soňunda syýasy taýdan gury söze öwrülip, düýpli demokratik özgerişleri amala aşyrmaga we başlanan reformalary ahyryna ýetirmäge mümkinçilik bermän şowsuzlyga duçar boldy. M. S. Gorbaçýowyň taglymy esasynda täzeden gurmagy amala aşyrmak mümkin däldi. Çünki sosializm çägindäki eýeçilik gatnaşyklary, sosial ugurdaky syýasat, milli we dini syýasat, ýeke partiýa ýolbaşçylygy we hökümdar dolandyryş usuly hiç wagt demokratiýa we aç-açanlyk bilen ylalaşmaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Merkez jylawyny elden bermezlik üçin ähli mümkinçilikleri işe salýan bir şertde 1989-njy ýylyň maý-iýun aýlarynda Kuwasaýda ýaşlaryň arasynda bolan tertipsizlik jülgede milletlerara çaknyşygy (mesheti türkler bilen ýerli ýaşlaryň arasynda) getirip çykardy. Ol Fergana jülgesine we Daşkent welaýatyna ýaýrap, howply görnüşe geçdi.

1989-njy ýylyň 7-8-nji iýunynda Kokant şäherinde ýerli ilat gatnaşan parahat çykyş harby bölümiň esgerleri tarapyndan oka tutulmagy netijesinde 50-den gowrak gatnaşyjylar gurban boldy. Resmi maglumatlara görä, 1989-njy ýylyň 3–12-nji iýunynda Fergana welaýatynda bolan milletlerara çaknyşyklar we çykyşa gatnaşyjylaryň harbylar tarapyndan oka tutulmagy netijesinde 103 sany adam gurban boldy, 1011 sany adam ýaralandy we 757 öýe ot berlip weýran edildi.

Fergana pajygalaryndan soň Özbegistanyň täze syýasy ýolbaşçylary bu meselede prinsipial pozisiýany eýeledi.



## ÖWRENENIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. Teksti okaň. Tekst esasynda koloniýa döwründe dine görä bolan syýasata baha beriň.

«1984-nji ýylda Özbegistan Kommunistik partiýasynyň merkezi komitetiniň XVI plenumynda partiýa agzalary öz garyndaşlarynyň jaýlama dessurlarynda, jynazalarynda gatnaşmagy «syýasy tarapdan zyýanly, sosial tarapdan howply», diýip bahalandy.

2. Emele gelen kynçylyklar bilim ulgamyna nähili täsir etdi?
3. T. Gdlýan we N. Iwanowyň ýolbaşçylygynda 1983-nji ýylyň aprelinde düzülen ýörite sülçüler toparynyň maksaty nämedi?
4. «Täzeden gurmak» syýasaty diýende nämäni düşünýärsiňiz?
5. Fergana pajygalarynyň başga çäklere hem ýaýramagyna nämeler sebäp boldy?
6. Fergana pajygasy näme sebäpden boldy, onuň netijelerini bilýärsiňizmi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Goşmaça okamak üçin

# ŞARAF RAŞIDOW



1941-nji ýylda başlanan uruş kepleriň hatarynda Ş. Raşidowyň hem durmuş planlaryny üýtgedip goýberdi. Şol ýylyň noýabrynda Frunze (häzirki Bişkek) piýadalar harby okuw mekdebini tizleşdirilen maksatnama esasynda tamamlandan soň kiçi politruk (Sowet Armiýasynda şahsy düzümiň syýasy taýýarlygy bilen meşgullanýan komandir) Ş. Raşidow Kalinin frontuna iberildi. Ş. Raşidowa ýakyn bolan adamlaryň aýtmagyna görä, ol özüniň uruş döwründäki durmuşy hakynda gürrüň bermegi islemeýärdi.



… 1966-njy ýylyň 26-njy apreli daňdan sagat 5-den 23 minut geçende Daşkentde Rihter şkalasy boýunça 8–9 ball güýjenmeli ýer titremesi bolup geçdi. Ol 10–12 minut dowam etdi. Bu 10 km kw meýdandaky binalaryň weýran bolmagyna getirdi. Ýer titremesi gorizontal däl-de, eýsem wertikal halda bolanlygy üçin weýrançylyklar birneme az boldy. 8 adam gurban boldy, ýüzlerçe adamlar ýaralandy. 2 mln kw metrden gowrak ýaşaýyş jaýlary, 236 sany administratiw binalar, 700-e golaý söwda we jemgyýetçilik iýmiti obýektleri, 26 sany kommunal kärhana, 181 sany okuw jaýlary 36 sany medeniýet edaralary, 185 sany lukmançylyk we 245 sany senagat kärhanalarynyň binalary bozuldy. 78 müň maşgala ýa-da 300 müň adam başpenasyz galdy. Bütin ýylyň dowamynda 7 balla çenli bolan ýer titremeleri gaýtalanyp, adamlary hemişe ynjalyksyzlandyryp durdy. Ýer titremäniň ertesi güni Daşkente SSKP Merkezi Komitetiniň birinji sekretary L. Brežnew we SSSR Ministrler Sowetiniň başlygy A. Kosygin ýetip geldi. Ş. Raşidow paýtagtdaky ýagdaý boýunça habar berenden soň, hünärmenleriň gatnaşmagynda Daşkentde gaýtadan dikeltmek boýunça karar kabul edildi.

Ş. Ergaşewiň
«Erk islär göwün» kitabyndan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANDA JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY IŞEŇŇIRLIK WE GARAŞSYZLYGA TARAP HEREKETIŇ GÜÝÇLENMEGI

## BU GÜN DERSDE

- Özbek diline döwlet dili derejesiniň berilmegi.
- Özbegistan SSR syýasý ýolbaşçylygyndaky täze özgerişler.
- Garaşsyzlyk Deklarasiýasy we onuň ähmiýeti.
- Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi.

## PIKIR EDIŇ

- Dünýä taryhy bilen baglanyşdyryň.

1990-njy ýyllara gelip, dünýäniň syýasy kartasynda nähili özgerişler bolup geçdi? Munuň sebäbi nämedi?

## MAGLUMAT ÜÇIN

Sowet Soýuzynyň ýolbaşçylary, aýratyn hem, ýörite hyzmatlar milli respublikalary, şol sanda, Özbegistany gol astynda saklap durmak üçin bar güýçleri işe salýarlar. Meselem, Ferganada, Kokantda, Kuwasaýda, Gülüstanda, Parkentde, Bökede milletlara dawalar çykarmak arkaly adamlary ünsden sowmak, olary basyp ýatyrmak arkaly milli-azatlyk hereketini söndürmäge berk bil baglaýarlar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAGLUMAT ÜÇIN

Bu örän agyr we howply döwürde 1989-njy ýylyň 23-nji iýunynda Özbegistan SSR ýolbaşçylygyna Islam Karimowyň gelmegi döwlet garaşsyzlygyny dikeltmekde respublikadaky öňdebaryjy we erkin pikirli dolandyryjylary hem birleşdirmäge mümkinçilik döretdi. Sebäbi, partiýa, ýerine ýetiriji we wekillik edaralary harbylaşdyrylan düzümlerde Özbegistany azat görmek, özbaşdak ösüş ýoluna üzül-kesil geçmek garaýşy bilen joş urýan şahslar kem däldi.

Garaşsyzlyga tarap maksada laýyk hereket öz netijesini berip başlady. 1990-njy ýylyň 24-nji martynda Özbegistan SSR Ýokary Soweti Islam Karimowy Özbegistan SSR-niň prezidenti edip saýlaýar.

Şu ýylyň 20-nji iýunynda Garaşsyzlyk Deklarasiýasy kabul edildi. Bu taryhy resmina-manyň kabul edilmegi döwlet garaşsyzlygymyzy dikeltmäge tarap ädilen kyn ädim boldy.

1989-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda respublikanyň Ýokary Sowetiniň XI sessiýasy «Özbegistan SSR-niň döwlat dili hakynda»ky Kanuny kabul edip, özbek diline döwlet dili statusyny berdi.






Şular ýaly ýiti we öňdebaryjy özgerişler başga respublikalarda hem ýüze çykyp başlan şertinde Moskwadaky imperiyaparaz güýçler 1991-nji ýylyň 19-njy awgustynda döwlet agdarylyşygyny guramak arkaly SSSR-i saklap galmaga synanyşdylar. Ýöne bu hereket üç günden geçmän, şowsuzlyga duçar boldy. Özbegistanda garaşsyzlyga tarap hereketler has-da güýjedi.

Özbegistan SSR Prezidentiniň 25-nji awgustdaky permany bilen respublikanyň içeri işler ministrligi we döwlet howpsuzlygy komiteti Özbegistan SSR-niň kanuny garamagyna alyndy, SSSR Içeri işler ministrliginiň içerki goşunlary gönüden-göni Özbegisten SSR-i Prezidentine boýun egdirildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ahyrynda, özbek halkynyň näce-näçe nesilleriniň arzuw edip garaşan güni geldi. 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Özbegistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň on ikinji çagyryş nobatdan daşary 6-njy sessiýasynda Özbegistan Respublikasynyň Döwlet garaşsyzlygy hakynda Ýokary Geňeşiniň beýannamasy we Özbegistan Respublikasynyň «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet garaşsyzlygynyň esaslary hakynda» Kanuny kabul edildi.

Şeýlelikde, 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda özbek halky bir asyrdan gowrak baknalyk döwründen soň öz milli döwletliligini dikeltmek bagtyna eýe boldy. Dünýäniň syýasy kartasynda örän gadymy döwletlilik däplerine eýe bolan Özbegistan Respublikasy peýda boldy.

Bu seýrek waka iň bolmanda 3.500 ýyllyk geçmişe eýe bolan özbek halkynyň we döwletliliginiň taryhyna altyn sahypalar bolup ýazyldy.

Garaşsyzlyk halkymyzyň XX asyrda gazanan iň beýik üstünligi, ata-babalarymyzyň döken ganynyň netijesi hasaplanýar.





## ÖWRENENLERIMIZDEN NETIJE ÇYKARÝARYS

1. 1989-njy ýylyň 23-nji iýunyndan Özbegistanyň Soýuzdaky ornunda nähili özgerişler boldy?
2. Özbaşdaklyk Deklarasiýasy nähili hukuk ähmiýete eýe resminama bolupdyr?
3. «Özbegistan respublikasynyň Döwlet garaşyzlygynyň esaslary hakynda» Kanuny nähili maksatlary özünde jemledi?
4. QR kodda berlen deklarasiýany okaň. Onuň mazmunyny aýdyp beriň. Garaşsyz Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilýänçä bu resminamanyň nähili derejä eýe bolandygyny ara alyp maslahatlaşyň. Pikiriňizi 3-nji soragda berlen kanun bilen esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Adalgalaryň düşündirişi

**Awtonomyýa** *(grekçe – kanun)* – kābir çägiň kanun bilen çäklenen döwlet häkimiýetini özbaşdak amala aşyrmak hukugy.

**Biý sudlary** – taýpa urp-adatlaryna daýanyp çemeleşýän sud.

**Bolşewik** *(rusça bolşoý, bolşe - uly; köp)* – Russiýa sosial-demokratik işçiler partiýasynyň 1903-nji ýylda II sýezdinde partiýa agzalarynyň köpçüligi esasynda dörän topary bolşewikler, azlygy bolsa minşewiklere bölündidi.

**«Basmaçylyk»** – Türküstanda 1918—1925-nji ýyllarda giň halk köpçüligi wekilleriniň basybalyjy gyzyl armiýa garşy alyp baran ýaragly hereketine sowet hökümeti döwründe berlen at.

**Býuro** *(fr. diwanhana, edara)* – Kābir edarada, guramada ýolbaşçylyk işini alyp barmak maksadynda saýlanýan ýa-da esaslandyrylýan kollegial organ.

**Çaçwon** – Atyň guýrugynyň gylyndan dokalan, perenji astyndan ýüze tutulýan tor perde.

**Deklarasiýa** — hökümetiň, kābir guramanyň möhüm bir resminamany, kanuny, wakany köpçülige ýetirýän beýanaty

**Delegat** *(latynça – iberen)* – kābir gurama, jemagat tarapyndan ygtyýarly edip saýlap ýa-da belläp iberilen wekil.

**Desýatina** *(rusça desýat – on)* – Metrik sistema kabul edilýänçe Russiýada ulanylan, 1,09 gektara deň ýer meýdany ölçegi.

**Duma** *(rusça – oýlamak, pikirlenmek)* – Rus imperiýasynyň kanun çykaryjy häkimiýeti, şäher dumasy – şäheriň özüni özi dolandyryş organy.

**Eserler** – S (es) – sosial, R (er) – rewolýusion, ýagny, sosial rewolýusionerleriň adyndan alna bolup, olar sowetleriň içinde daýhanlaryň bähbidini goraýan topar bolupdyr.

**Ewakuasiýa** *(lat. - boşatmak, azat etmek)* – adamlary, guramany, kärhanalary, çeper we başga gymmatlyklary uruş, tebigy apat ýalylaryň howpundan saklamak maksadynda bir ýerden başga ýere göçürmek.

**Federasiýa** *(latynça – bileleşik bolup berkitmek)* – döwletleriň öz syýasy garaşsyzlygyny belli bir çäkde çäklendirmek ýoly bilen ýeke-täk bileleşige birleşmegi.

**Firka** *(arap. – topar, partiýa)* – maksadynyň, taglymynyň, dünýägaraýşynyň ýakynlygy taýdan birleşen adamlar topary.

**Front** – uruş başlanmagy bilen ýaragly güýçler döredýän operatiw-strategik birleşme, şonuň ýaly-da, harby hereketler meýdanynda goşunlaryň öň bölümleriniň ýaýylmagy we duşman bilen çaknyşyk çyzygy.

**Gimnaziýa** – kābir ylymlara ýöriiteleşdirilen we olar boýunça çuňňur bilim berýän okuw edarasy.

**Isprawnik** – uýezd polisiýasynyň başlygy.

**Jedit** *(arapça)* – «täze» diýen manyny aňladýar.

**Jewaçy** *(jeea, jiba – gural-ýarag)* – gural-ýarag (jiba – gorag ýaraglary) ýasaýan hünärment ýa-da guralhana başlygy.

**Kadetler** – «konstitutsion demokratlar» birleşmesiniň baş harplaryndan alnan. Russiýada 1905-nji ýylda dörän, konstitusion-demokratik partiýa diýlip atlandyrylýan partiýanyň agzalary.

**Kasanaçilik** – öýde hakyna tutma işleýän hünärmentçilik.

**Kollektiwleşdirme** – maýda-maýda daýhan hojalyklaryndan köpçülikleýin iri kollektiw hojalyklary (kolhozlary) guramak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Konsentrasion lager** *(lat.* – käbir zadyň toplanmagy) – bir ýere toplamak, ýygmak. Konsentrasion lager bu syýasy tussaglar saklanýan ýörite lager.

**Konserwatiw** *(latynça)* – köne düzüm tarapdarlary, özgertmelere we özgerişlere garşy çykýanlar.

**Manifest** *(latynça)* – hökümetiň möhüm waka mynasybetli halka eden ýazma ýüzlenmesi, kanun güýjüne deň resminama.

**Magaryf** *(arapça)* – adamlaryň bilimini we aňyny artdyrmaga gönükdirilen tälim-terbiýe.

**Metbugat** *(arapça – çap edilýän eserler, neşirler)* – gazet, žurnal we kitaplar toplumy.

**Monokultura** – çalşyryp ekmägi berjaý etmek bilen ekin meýdanynda diňe birmeňzeş ekini üznüksiz ýetişdirmek.

**Mutaassib** *(arapça – gaty janypkeş)* – dine örän berilen, onuň kadalaryny köre-körlük bilen berjaý ediji.

**Muwakkat** – wagtlaýyn, belli bir möhlete düzülen hökümet.

**Muhalifat** *(arap. – ters, garşylyky)* – garşylykly pikirde bolan, garşy çykýan, oppozisioner.

**Nasionalizasiýa** *(iňl. – millet, halk)* – käbir şahsyň ýa-da birleşmeleriň hususy emlägi bolan ýer, önümçilik kärhanalary, transport we başgalary döwletiň ygtyýaryna almak.

**Perenji** – köpçülik musulman aýallar keseki erkeklere açyk görünmezlik üçin kellä ýapyp gezilýän, biçimi giň we uzyn don şeklindäki, ýalan ýeňli ýapynja (ýüz çaçwon bilen ýapylýar)

**Polisiýa** *(nemesçe – diwan)* – jemgyýetçilik howpsuzlygyny saklaýan gurama.

**Protektorat** *(latynça – howandar)* – kolonial ýurduň tabynlygynyň bir şekli. Beýle ýurduň içki syýasatynda birneme özbaşdak bolsa-da, daşary syýasaty kolonizator döwletiň erkine geçýär. Ikinji tarapdan, köp kolonizator döwletlar ykdysady garyp döwletlere «howandarlyk» görnüşinde eýelik eden.

**Pud** – 16,38 kg-a deň agyrlyk ölçeg birligi.

**Kurbaşy** – Orta asyrlarda Orta Aziýa hanlyklarynyň gural-ýarag ammarynyň (kur) jogapkär hem-de gural-ýarag, dürli ýaraglar we top ýasaýan kärhanalarynyň (kurhana) başlygy bolup, Türküstan ülkesinde Oktýabr agdarylyşygyna çenli bolan döwürde ýerli polisiýa başlygy hem-de soňluk bilen, Türküstanda sowet režimine garşy garaşsyzlyk hereketiniň ýolbaşçylarynyň derejesine öwrülen.

**Kazy sudlary** – şerigat kadalary esasynda iş salyşýan sud.

**«Goşçy»** – Goş goşýan adam, daýhan. «Goşçy» daýhanlary taglym taýdan birleşdirip durýan bileleşik bolanlygy üçin şeýle atlandyrylan.

**«Kulaklar»** *(rus. kulaçestwo – muştumzor)* – zulumkär sowet režiminiň gurply we orta hal daýhanlary oba buržuaziýasy hökmünde ýatyrmak syýasatydyr.

**Radikal** *(latynça – düýpgöter)* – ýiti we berk çäreler tarapdary.

**Referendum** *(lat. – habar berilmegi zerur bolan zat)* – döwlet ähmiýetine eýe bolan möhüm meseleler boýunça geçirilýän we käte kanunlar kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýän umumyhalk soragy, ses bermek ýoly bilen halkyň pikirini anyklamak.

**Töre** – ýokary gatlaga degişli adam. Hywa hanlygynda hanyň garyndaşlary we ýakynlaryna berilýän dereje.

**Tuzem** – ýerli halk, ýerli ilatyň kolonizatorlar tarapyndan atlandyrylyşy.

**Uçastok pristawy** – ilatly punktyň gözegçisi.

**Uýezd** – etraplara deň administratiw-çäk ownik bölümi.

**Wassal** – bir döwletiň başga bir döwlete boýun egmek tertibi.

**Wise-prezident** *(lat. vice — ornuna)* – «orunbasar», «kömekçi» diýen manylary aňladýan birinji düzüm bölegi. Wise-prezident – prezidentiň orunbasary.

**Wolost** – uýezdiň düzümine giren birnäçe oba ýa-da awullardan ybarat çäk taýdan ownuk bölüm.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Mazmuny

Giriş ........ 3
Rus imperiýasynyň çozuşynyň öňüsyrasynda Buhara emirligi, Kokant we Hywa hanlyklaryndaky jemgyýetçilik–syýasy we ykdysady ýagdaý ........ 6
Rus imperiýasynyň Orta Aziýa ýörüşi we Türküstan general-gubernatorlygynyň döredilmegi ........ 19
Buhara emirliginiň we Hywa hanlygynyň Rus imperiýasynyň wassalyna öwrülmegi ........ 26
Türküstan ülkesinde syýasy-administratiw dolandyryş ulgamy ........ 33
Türküstanda Rus imperiýasyna garşy milli-azatlyk hereketi ........ 39
Birinji jahan urşunyň başlanmagy we onuň Türküstana täsiri ........ 46
Türküstanda 1916-njy ýyldaky gozgalaňyň başlanmagy ........ 49
XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň başlarynda Buhara emirligi ........ 53
XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň başlarynda Hywa hanlygy ........ 58
XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň başlarynda garagalpaklar we olaryň medeniýeti ........ 62
Türküstanda jeditçilik hereketi ........ 66
Jeditçilik hereketiniň görnükli wekilleri we olaryň işi ........ 71
Türküstanda ylym-bilim we medeniýet ........ 80
Türküstan ülkesi 1917-nji ýylyň fewral-oktýabr aralagynda ........ 90
Ýaş Buharalylaryň işi we Buhara emirliginiň ýatyrylmagy ........ 93
Hywa hanlygynyň ýatyrylmagy ........ 99
Türküstan awtonomyýasy ........ 102
Türküstan ülkesinde sowet häkimiýetiniň dolandyryş ulgamynyň ornaşdyrylmagy ........ 105
Türküstan ASSR, BHSR we HHSR-da sowet häkimiýetine garşy ýaragly hereketler ........ 109
Orta Aziýada çäk çekme ........ 116
Özbegistan SSR-niň döremegi ........ 121
Sowet häkimiýeti amala aşyran reformalarynyň esasy. Industrializasiýlama syýasaty we onuň netijeleri ........ 126
Özbegistanda sowet häkimiýetiniň alyp baran medeni syýasaty ........ 133
Sowet häkimiýetiniň Özbegistandaky repressiýa syýasaty ........ 139
Özbegistan Ikinji jahan urşy ýyllarynda ........ 143
Özbegistan 1941–1945-nji ýyllaryň dowamynda ........ 151
Özbegistanlylaryň frontdaky edermenlikleri we gahrymançylyklary ........ 155
Gwardiýaçy general-maýor Sabyr Rahimowyň jaýlanyşy ........ 163
Özbegistanyň ylmy we medeniýeti ýeňiş üçin hyzmatda ........ 164
Özbegistanyň halk hojalygynyň uruşdan soňky ýyllardaky ösüşi ........ 170
Özbegistan 1980–1990-njy ýyllarda ........ 177
Şaraf Raşidow ........ 184
Özbegistanda jemgyýetçilik-syýasy işeňňirlik we garaşsyzlyga tarap hereketiň güýçlenmegi ........ 185
Adalgalaryň düşündirişi ........ 187



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**O‘quv nashri**

Tilabayev Sayipjon Bakijanovich, Kenjayev Dilshod Mutalibovich,
Mustafayeva Nodira Abdullayevna, Zamonov Akbar Turg‘inovich,
Rahimjonov Durbek Abidjanovich, Ismatova Nargiza Kamaritdinovna,
Po‘latova Sevara Akmalovna, Abdullayev Jamshid Djamilovich,
Irzayev Bahrom Shaymamatovich, Sagdullayev Kozimxon
Qahramonovich, Qudratova Nilufar Shuhrat qizi

# O‘ZBEKISTON TARIXI
## (XIX ASRDAN – XX ASR OXRIGACHA)

(Turkman tilida)

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining
10-sinf darsligi

Terjime eden K. Hallyýew
Redaktor Ş. Abdullaýewa
Tehniki redaktor M. Olimbekowa
Suratçy J. Azimow
Korrektor A. Alymjanowa
Sahypalaýjy J. Azimow

Çap etmäge 2022-nji ýylyň 00=-nji awgustynda rugsat edildi.
Möçberi $60 \times 84^{1}/_{8}$.
«Arial» garniturasy, ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Şertli çap listi 22,32. Neşiriýat çap listi 24,0.
0000 nusgada çap edildi. Buýurma №



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendä berilýän dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Ýagşy | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| Kanagatlanarly | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| Kanagatlanarsyz | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE